**Türkmenistanyň Bilim Ministrligi**

**Magtymguly adyndaky Türkmen döwlet uniwersiteti**

**J.Nepesowa**

# MAŞGALA WE NIKA GATNAŞYKLARYNYŇ PSIHOLOGIÝASY

**Ýokary okuw mekdepleri üçin okuw gollanmasy**

*Türkmenistanyň Bilim ministrligi tarapyndan hödürlenildi*

**Aşgabat - 2010**

**Nepesowa J.**
**Maşgala we nika gatnaşyklarynyň psihologiýasy.** Ýokary okuw mekdepleri üçin okuw gollanmasy.– A.: Türkmen döwlet neşirýat gullugy, 2010. 100 sah.

# GIRIŞ

Maşgala gatnaşyklarynyñ psihologiýasy” dersi talyplara nika-maşgala gatnaşyklarynyñ ösüşiniñ kanunalaýyklyklary baradaky bilimleriñ kemala gelmegine itergi berýän, şeýle hem maşgalanyñ we maşgala içindäki gatnaşyklaryñ ösüşiniñ häzirki zaman konsepsiýalarynyñ tejribe usullaryny öwredýär.

Şeýle-de “Milli galkynyş syýasaty” esasynda ýurdumyzda ösüp gelýän ýaş nesli durmuşa taýýarlamakda maşgala gurmagyñ medeniýetini döwrebap we milli ruhda öwrenmäge uly ýardam edýär.

Maşgala agzalarynyñ, ýagny ata-enäniñ we çagalarynyñ özara-gatnaşyklarynyñ psihologiýasy barada düşünjeleri öwretmekde we terbiýelemekde ähmiýetli ders hasaplanýar.

Maşgalada aragatnaşyk meseleleri: är-aýal gatnaşyklary, nika-maşgala gatnaşyklarynda birek-birege gabat gelmeklik, häzirki zaman psihologiýasynda maşgala gatnaşyklarynyñ meseleleriniñ goýluşy we ony öwrenmegiñ ýollary barada maglumat berilýär. Maşgalada döreýän dürli psihologik dartgynlyklaryñ, bökdençlikleriñ düýp sebäplerini anyklamak we olara seljerme bermekden ybaratdyr. Häzirki döwürde hem ýaşlary terbiýelemekde, olary maşgala durmuşyna taýynlamakda ata-babalarymyzdan gelýän däp-dessurlarymyza eýerilýär. Ýöne her döwür, her zamana öz aýratynlyklary bilen tapawutlanýar. Eger-de öňki döwürlerde diňe içki ýa-da kiçi gurşaw serişdelerine (millet derejesinde) daýanylan bolsa, häzirki döwürde ösüp gelýän ýaş nesle sözüň doly manysyndaky giň gurşaw (dasary ýurtlar, dasary ýurt habar beriş serişdeleri) täsir edýär. Şonuň üçin hem ýaşlaryň maşgala gatnaşyklaryna düşünişi, maşgala durmuşyna taýýarlygy täze bir öwüşgine eýe bolýar. Beýle diýdigimiz biziň ýaşlarymyzyň ata-babalarymyzdan gaýdýan ahlak ýörelgelerimizden daşlaşýar diýdigimiz däl-de, olaryň şeýle ýörelgäni döwrebap zerurlyklar bilen doldurýar diýdigimizdir.

Şeýle-de bolsa, ýaşlaryň maşgala durmuşyna taýýarlyk meselesi hemme döwürlerde-de wajyplygyny ýitirenok. Sebäbi maşgala durmuşyna taýýarlyk gelejekde dowamly we agzybir maşgalanyň esasyny goýup bilýär. Maşgala durmyşyna taýýarlyk - munuň özi maşgala durmuşyna psihologik, sosiologik, ahlak-gymmatlyk nukdaýlardan taýýarlykdyr.

## I bap. Maşgalanyñ esasy filosofiki meseleleri.

Maşgalanyñ esasy filosofiki meseleleri onuñ gurluşy, agzalarynyñ özara gatnaşygy bilen bagly bolup, häzirki dürli medeniýetiñ aralaşdyrylyp ösýän döwründe ýüze çykýan dürli-dürli maşgala gatnaşyklary we olaryñ aýratynlyklary bilen baglanyşykly bolup durýar. Maşgalanyñ ýagdaýyna kesgitli jemgyýetçilik statusy, maşgalanyñ ykdysady üpjünçiligi, maşgala agzalarynyñ biri-birini goldamaklaryna täsir edýär. Meseläniñ ilki başlangyjyna är-aýalyñ biri-birine bolan söýgüsi, emosional goldawy, ruhy aragatnaşygy ata-eneler, çagalar bilen mylaýym, hemme taraplaýyn goldaw beriji, özara düşünilýän ýagdaýlary öñe sürýärler. Är-aýalyñ gatnaşygynda ýüze çykýan ýagdaýlara köp çagalylyk, çaga bolmazlyk, garyndaşlyk nikasy we ş.m. bolup biler. Maşgala psihologiýasynyñ öñünde şol meseleleri oñyn çözmeklik zerur bolup durýar.

## Nikanyň hil taýdan netijeli bolmagyna täsir edýän ýagdaýlar.

Adam özüne ýanýoldaş saýlap alanda göz öňünde tutulmaly ýagdaýlar şu aşakdakylardan ybaratdyr:

Saýlap-seçmek nusgasy-bu nusga beýlekilerden köp basgançakdan durýandygy bilen tapawutlanýar. Ilki adamda seni özüne çekýän güýç kesgitlenilýär. Onda dünýä halklarynyň haýsy jynsyna degişlidigi, onuň maşgalasynyň gelip çykyşy (iştimagy), haýsy gatlaga we dine degişliligi aýdyňlaşdyrylýar. Soňra durmuşa-ýaşaýyşa bolan garaýyşlary, onuň bu

meselelerde göz öňünde tutýan ýagdaýlarynyň birek-biregiňkä gabat gelmegi. Maşgala gurmak üçin zerur zatlaryň biri birek-birek bilen başlangyç zerurlygyň bolmagydyr.

Maşgala gurmakda ýakyn garyndaş bolmazlyk şerti bolsa hemmelere düşnüklidir. Ol gelejekki nesliň sagdyn bolmagy üçin saklanýar. Ýakyn garyndaşlary bilen nikada duran adamlaryň köpüsinde önelgesizlik ýa-da ýarawsyz çagalaryň dünýä inýändigi sebäpli, nikada şu şert hem hökmany şertleriň biri hökmünde saklanýar.

Muhammet pygamber hem öz hadyslarynda: "Nikalanmak meniň sünnetimdir ", "Her kim meni ýagşy görse, meniň sünnetimi ýerine ýetirsin" diýip wesýet edipdir. Maşgala gurlanda nika gyýmak üçin ýörite kazy ýa-da mollany çagyrypdyrlar. Nika gyýýan kazy üçin ýigidiň we gyzyň razylygyny diňe dil üstünden almak ýeterlik bolupdyr. Nika gyýylanyndan soňra nikadan geçen aýalyň hem erkegiň öz borçlary bardyr. Gelin gaýynlaryny sylamaga, olara yhlas bilen hyzmat etmäge, eger-de onuň ýanýoldaşy sapara giden bolsa, tä adamsy dolanyp gelýänçä, özüni-de, öýüni-de, adamsynyň mallaryny-da ýagşy saklamaga, şeýle hem haramdan, edepsizlikden, şerraýlykdan daşda bolmaga borçly edilipdir. Şeýle hem adamsyndan birugsat onuň malyny sadaka bermezlige borçlanypdyr.

Bähbitleriň gabat gelmek nusgasy - ýaş ýigitde we gyzda küýselýän häsiýetleriň bolmagy. Bu meselede näçe köp meňzeşlik bolsa, şonça-da onuň netijesi ýokary bolýar.

Birek-biregiň üstüni ýetirmek nusgasy - gyzyklanmalaryň, pikirleriň, başarnyklaryň, häsiýetleriň gabat gelmegidir.

Häzirki zaman psihologiýasynda maşgala gurmagyň 3 sany motiwi tapawutlandyrylýar:

1. Maşgala gurmaga bolan ymtylyş - esasy hereketlendiriji güýç maşgala gurmak meselesidir. Esasanam ol

beýlekileriň “wagt boldy” diýen pikiriniň täsirinde bolup geçýär. Şol wagt durmuş gurjak adamyň taýýar bolsa gowy, eger ýok bolsa onuň gözlegine çykmaly bolýar.

2. Maşgala gurmakda belli bir görnüşe ýykgyn etmek - öňki döwürlerde bu meselede ilkinji hatarlarda artistler, diplomatlar durýan bolsa, ýetginjeklerde köpçülikde uly abraýdan peýdalanýan adamyň, wezipeli adamlaryň gyzyna öýlenmeklige ýykgyn edilýär.
3. Takyk adama durmuşa çykmak nusgasy - bu ýerde adamyň üstünlikli we kemçilikli taraplary içgin seljerilýär, netijä gelinýär. Eger ondan gowy, görmegeý adam duşaýanda-da çözgüt üýtgewsizligine galýar. Adam bu ýerde duýgylaryna erk etmegi başarmalydyr.

**K.Ýungyň we A.Dubrowiçiň nikalaşmaga täsir edýän motiwleri öwrenişleri.**

K.G.Ýung özüniň “Nika psihologik gatnaşyklar hökmünde” diýen makalasynda nikalaşmaga täsir edýän motiwleri şeýle teswirleýär: maşgala gurmak meselesinde ýaşlar öz hereketlerini aňasty motiwleriň esasynda amal edýärler. Oňa özboluşly täsir edýän zatlaryň biri-de ata-enäniň göreldesidir. Ata-eneler bilen gatnaşyklar maşgala hökmünde kimi saýlap almalydygyny kesgitlemäge ýardam edýär. Ol hemişe atasyna ýa-da enesine meňzeş häsiýetli adamy saýlap almaga çalyşýar.

A.B.Dubrowiç nika täsir edýän motiwleri toparlara bölýär we şu aşakdaky görnüşde teswirleýär:

1.Özara sylaşykly hereketleri ýerine ýetirmek, ýagny ýaşlar biri-biri bilen romantik oýunlary oýnaýarlar;

2.Gyzyklanmalaryň umumylygy, umumy meşhurlanmalaryň içki dünýäleriniň deňdigi barada nädogry pikiri döredýär;

3.Öz-özüňi söýüjiligiň nähikligi;

4.Kemçiligiň gapany;

5.Intim şowlulygy;

6.Birek-biregiñ elýeterliligi, nikadan öňki gatnaşyklarda birek-birege çekijiligi bilen tapawutlanýar;
7.Rehimlilik (nebis agyrmaklyk), durmuş sahnasynda päk adamyň roluny oýnamaga mümkinçilik berýär;
8.Dogruçyllyk, haçan-da nika öz golaýdakylaryň pikirinden höwes döretmeklige düşünilýär;
9.Bähbitlilik, şular ýaly nikalylygyň netijesinde ol adam öz maliýe we maddy taýdan doly üpjünçilik meselesini çözýär;
10. “Ar almaklyk”, haçan-da gatnaşyk edýän adamlaryň arasyna tow düşende;
11.Ýekelikden gorkmak, ýagny ýeke galmaklykdan halas bolmaklyk.

Umuman alanyňda maşgala gurmak meselesini psihologik nazaryýetden derňänimizde 3 sany motiwyň barlygyny ýüze çykarmak mümkin:

- duýgy-ahlak motiwi;
- öz niýetleriňi amala aşyrmak;
- borç we hukuklylyk motiwi;

Bularyň ählisiniň esasynda söýgi durýandyr.

## II bap. Maşgalanyñ we nikanyñ sosial-durmuş mazmuny.

**Nika we maşgala barada düşünje.** Nika we maşgala gatnaşyklarynyñ psihologiýasy umumy psihologiyanyñ bir şahasy bolup, maşgalada är-aýalyñ, çagalaryñ we ata-eneleriň özara gatnaşyklarynyñ psihologik kanunalaýyklyklaryny, maşgalanyñ psihologik düzüjilerini öwrenýär.

Maşgala - bu sosial ulgam bolup kiçi sosial toparyñ we sosial institutlaryñ sypatlaryny özünde jemleýär. Sosial institut hökmünde jemgyýetçilik kadalaryñ, sanksiaýlaryñ we är-aýalyñ, ata-eneleriň, çagalaryñ arasyndaky özara gatnaşygy alyp barýan özüñi alyp barşyñ nusgalarynyñ jemi boýunça

häsiýetlenýär. Maşgala kiçi topar hökmünde nika esaslanan hökmünde hem garalyp geçilýär. Kiçi topar hökmünde onuñ agzalarynyñ hojalykdaky özara baglanyşygy birek-birege kömek bermek we ahlak jogapkärçiligi öz içine alýar. Maşgalanyñ şahsy hyzmatlary sosial institut hökmünde jemgyýetçilik islegleriñ häsiýetini şeýle hem indiwidual islegleriñ häsiýetini şöhlelendirýär.

**Nika çenli döwrüň özboluşly aýratynlygy.** Dünýäde ýaşaýan janli-jandarlaryň içinde adam bir tarapdan seretseň iň akylly, ugurtapyjy, ýaşamaga ukyply hasaplansa-da, ol sözüň doly manysynda beýle däl. Öňa göz ýetirmek üçin biz maşgalanyň çägini giňeldip göreliň. Adamlarda-da haýwanlarda bolşy ýaly garşydaş jynsynyň göwnüni awlamak döwri, jübütleşmek, maşgala ojagyny gurmak, çagalary terbiýelemek we olary özbaşdak durmuşa taýýarlamak meselesi çözülýär.

Adamyň durmuş gurmagynyň düýpli tapawutly taraplarynyň biri - ol hem maşgala gurlanda garyndaşlyk gatnaşyklarynyň ileri tutulmagydyr. Adaty tebigatyň durmuşyna göz aýlap göreliň. Aýy öz “gyzyna” öýlenjek “ýigidi” gözlemeýär. Adamlarda bolsa maşgala gurmak iki adamyň birleşmesi bolman, iki sany özboluşly maşgalanyň birleşmesi bolmak bilen ýaş çatynjalara özboluşly täsirini ýetirýärler.

Haýwanlarda garşydaş jyns saýlanylyp alnanda 2 sany ýagdaý göz öňünde tutulýar:

1.Wagtlaýyn zerurlyk. Şol döwürde haýwanlarda jübütleşmäge bolan ymtylyş ýokary derejede bolýar.

2.Ýere eýelik etmek. Geljekki nesliň kemala gelmegi üçin zerur bolan şertleri döretmek degişlidir.

Eger-de haýwanlar şu meseleleri öz wagtynda çözüp bilmeseler, onda (haýsy jynsa degişlidigine garamazdan) olar goragsyz galmak bilen diňe tebigatyň “guly” bolup galýarlar.

Adamlaryň göwün awlamak döwri 2 ýagdaýda gabat gelýär:

1.Wagtyň täsiri. Adamyň maşgala gurmak, garşydaş jynsy bilen aragatnaşyga ymtylyş döwri näçe uzak bolsa şonça-da indiwidiň jemgyýetçilik we fiziologik ösüşi peselýär.
2.Töwekgellik etmek. Bu ýerde saýlap-seçmeklige aýratyn üns çekilip, kim bilen aragatnaşyk saklamaklyk takyk kesgitlenmeýär.

Adamlar maşgala guranda birnäçe sebäpleri göz öňünde tutýar:
1.Maşgaladan gitmek. Şeýlelikde özbaşdak ýaşamak, maşgala bolup ýaşamaklyga ymtylyş.
2.Birek-biregi halas etmek. Söýüşýänler öz söýgüsiniň hatyrasyna durmuş gurýarlar.
3.Çaga edinmek. Dünýädäki ähli janly-jandarlar ýaly adam hem özünden soň nesil galdyrmak, olary talabalaýyk terbiýelemek we özbaşdak durmuşa ugrukdyrmak meselesini çözýär.

Ýokarda agzalan sebäplere garamazdan, durmuş gurmak meselesi 2 taraplaýyn häsiýetlendirilýär:

- öýlenjek ýigit öz maşgalasynda “çaga” bolup galýar;
- ikinji bir tarapdan ýaş çatynja bolýar.

Her bir ata-ene öz çagasyny özbaşdak durmuş gurmak meselesine töwerekleýin taýýarlan wagtynda maşgala talabalaýyk gurulyp biliner. Eger şeýle edilmese ol hemişe “çagalygyna” galar we olar hiç wagt “gowy”, “ýaramaz” diýen bahalara mynasyp bolmazlar, her bir ýetişen ýaş ýigidiň öz maşgalasy bolmaly diýen talaplara laýyk gelmeýär. Käbir halklarda ýaş ýigit üçin gelinligi olaryň ata-eneleri kesgitleýär. Şeýle ýagdaýda esasy kesgitleýji ýagdaý ata-enä degişli bolmak bilen, durmuşy kim bilen gurmaly, kim bilen ýaşaşmaly diýen soraga birtaraply jogap berilýär. Häzirki döwürde ösen şäherlerde-de ýaş çatynjalar durmuş gurmak meselesinde ata-enelerine bagly bolup durýarlar. Kä ýagdaýda gelinligi “tutuş maşgala” bolup kesgitleýärler.

**Nikanyň hil taýdan berk bolmagyna täsir edýän ýagdaýlar.** Maşgala psihologiýasynyň talaplaryna göz aýlasak, maşgalany gurmazdan öňki döwre has aýratyn üns berilýär. Oňa adamyň dünýä inen gününden tä durmuş gurýan döwrüne çenli bolan wagt degişlidir. Durmuş gurmazdan öňürti tanyşlyk we durmuş gurmazdan öňki göwnüni awlamak meselesi durýar. Tanyşlyk nämeden başlanýar. Hasaplamalara görä ol şu aşakdaky çaklamalardan ybaratdyr:

1. Ýaşlaryň 18 % dynç alyş ýerlerinde birek-birek bilen tanyşýarlar.
2. Olaryň 14% okaýan ýerlerinde.
3. 17 % bile işleýän ýerlerinde.
4. 18 %- dynç alyş çärelerinde.
5. 7 %- bir ýerde ýaşaýarlar.
6. 8%- bolsa tötänlikde köçede tanyşýarlar.
7. 2 %- bolsa bir jaýda ýaşanlardyr.

Sanlaryň görkezişi ýaly tanyşmaklyk ýaş ýigidiň iş ýerinde, dynç alýan ýerinde bolup geçmek bilen, onuň "nikaplanan" ýerinde bolup geçýär. Hiç kim öz kemçiligini açasy gelmeýär. Oňa mysal edip durmuş gurmak bilen baglanyşykly bildirişleriň mazmuny degişlidir.

Aýal ýa-da erkekligine garamazdan nikanyň üstünligini kesgitleýän ýagdaýlara şu aşakdakylar degişlidir:

1. Oňat geljege ynam we duýgynyň yitiligi;
2. Yhlas etmek, jan çekmek.
3. Öz pikiriňde galmak.
4. Ak ýürekden ynanmak.
5. Pul bilen işlemegi başarmak.

Erkeklere degişlilikde:

1. Özüňe jogapkärçiligi almagy başarmak.
2. Ýaşaýyşdan lezzet almany başarmak.
3. Özüňe berk ynanmak.
4. Özara gatnaşykda deňagramlylygy saklamak.

5. Ahli zada ünsli çemeleşmek.

Aýallarda:

1.Duýgy taýdan goldaw bermek.
2. Beýlekilere berlen kömekden özboluşly lezzet almak.
3.Berilýän maslahatlara parasatly çemeleşmek.
4. Ýaryşmak meselesine özboluşly garaýyş.
5. Artykmaç hyýallara ýol bermezlik.

## III bap. Garaşsyzlyk eýýamynda türkmen maşgalasynyñ psihologik aýratynlyklary.

Her halkyñ maşgala durmuşy bilen baglanyşykly őzboluşly aýratynlygy bar. Şol sanda tűrkmen halkyna hem mahsus bolan milli aýratynlyklar bar. Ine, şolaryñ hatarynda halkymyzda hőkmany hasaplanylýan adatlaryñ talaplaryñ biri-de kämillige ýeten her bir sagdyn, başy boş erkek kişiniñ nikadan geçip őýlenmegi we gyz maşgalanyñ durmuşa çykmagynyñ hőkmanylygydyr. Şu talabyñ ikinji bőlűmine laýyklykda nikadan geçip őýlenen adamyñ we durmuşa çykýan zenan maşgalanyñ goşlaryny birikdirip, är-aýal hőkműnde őzbaşdak maşgala gurmagy olaryñ hossarlary űçin borç hasaplanylýar. Nika tűrkmenlerde mukaddes hasaplanylýar. Nikanyñ dőrt sany şertini amal eden adam nikadan geçip, maşgala bolup ýaşamaga hukuk gazanýar. Nikanyñ hőkmany şertleri: oglan bilen gyzyñ razylygy, oglan bilen gyzyñ ata-eneleriniñ razylygy, iki tarapyñ hem (oglan bilen gyzyñ) jemgyýetdäki orun barabarlygy, hem-de nikadan geçýän taraplaryñ ýakyn garyndaşlykda bolmazlygy. Şu ýokardaky şertleri ýerine ýetirip nika gyýdyrýan adamlar sőzűñ doly manysynda maşgala hasaplanylypdyr.

Häzirki zaman psihologiýasynda maşgala gatnaşyklarynyñ meseleleri aýratyn orun eýeleýär. XXI asyrda maşgalanyñ durnuklylygy űçin ony nädip saklamaly diýen meseleler has aýdyñlygy bilen ýűze çykýar. Maşgala

gatnaşyklarynyñ meseleleri adamyñ şahsy we durmuş ideologiýasyny durmuşa geçirmek mysalynda ýüze çykýar.

S.L.Rubinşteýn bu barada şeýle ýazýar: "Başga adama, adamlara bolan gatnaşyk adamyñ durmuşynyñ özeni bolup durýar. Adamyñ "ýüregi" onuñ başga adamlara bolan adamçylyk gatnaşyklaryndan dokalandyr. Onuñ nämeden durýandygyny, adamyñ beýleki adamlar bilen nähili gatnaşykda bolup bilýänligi bilen kesgitlenilýändir" [ 5 sah 27-28 ].

Maşgala gatnaşyklary barada alymlar gadym eýýämlerden bäri pikirlenip gelipdirler: Platon "Döwlet", "Kanunlar", "Meýlis", Aristotel "Syýasat", Ksenofokiý "Öý gurmak", Plutarh "Är-aýala sargyt", F.Engels "Maşgalanyñ hususy eýeçiliginiñ we döwletiñ emele gelmegi", M.Monten "Tejribeler", I.Kant "Ahlaklylygyñ metafizikasy", G.Gegel "Diniñ filosofiýasy", A.Şopengaur "Ŷaşaýyş parasatlylygynyñ aforizmleri".

Häzirki döwürde maşgalany öwrenmeklik köp ugurlarda alnyp barylýar: psihoanaliz, interaksionizm, psihosintez, durmuş psihologiýasy we ş.m. Mundan başga-da aşakdaky awtorlaryñ psihologiki, sosiologiki, antropologiki, filosofiki, biologiki we medeniýeti öwreniş nukdaý nazarlary tarapyndan öwrenilýär.

Ony öwrenijiler: L.A.Faýnberg, Ŷu.I. Semenow, M.Mid., E.Bern, E.From, D.D.Frezer, D.Akkerman, K.G. Ŷung, A.Adler, I.S.Kon, M.S.Maskowskiý, W.W.Družinin, A.A.Kronik, A.I.Antonow we beýlekiler.

Maşgala gatnaşyklaryny doly öwrenmeklik olary şolara täsir edýän dürli şertleriñ we faktorlaryñ kontekstinde seretmekligi göz öñünde tutýar. M. Fukonyñ belläp geçişi ýaly: " Maşgalada ýaşamaklyk görnüşi boýunça iki hili (dualno) gerekligi (manysy) boýunça uniwersal, güýji we intensiwligi boýunça özboluşlydyr. Maşgala gatnaşyklarynyñ iki hililigi (dualnost) bir tarapdan jyns dimorfizmi, beýleki tarapdan bolsa nikanyñ maksatlarynyñ ikiligi bilen şertlenendir (nesli dowam

etdirmek we agzybir durmuşda ýaşamak maksatlary). Maşgalanyñ we nikanyñ uniwersallygy tebigata laýyk ýaşamak isleýän, şol bir wagtyñ őzűnde-de adamzat űçin peýdaly durmuşda ýaşamak isleýän adamyñ borçlary bilen baglydyr".

Maşgala-nika gatnaşyklarynyñ őzboluşlylygy bolsa olaryñ emosional we garyndaşlyk potensialynda őz ornuny tapýar. A.A.Kronik we L.Ŷa.Gozmanow şeýle belleýärler: "Şahsyýetara gatnaşyklarynyň giňişliginiň esasy koordinatlary-statusrol aýratynlyklary, psihologiki aralyk, gatnaşyklaryň walentligi, maşgala emele getirmegiň erkin ýa-da mejbury ýollarydyr". Maşgala gatnaşyklarynyň seljermesine obýektiw we subýektiw kynçylyklarynyň bir topary bilen gatnaşýandyr. Maşgala gatnaşyklaryny öwrenmekligiň kynçylyklary şu aşakdakylar bilen baglydyr:

a) maşgala gatnaşyklaryna päsgel bermeýän usulyýet (metodiki) serişdeleri döretdirmek we ornaşdyrmak;

b) barlag geçirýänleriň özara gatnaşyklaryna olaryň barlaga gatnaşýanlygynyň tipi;

ç) barlag geçirýäniň maşgala durmuşyna täsiriniň häsiýetnamasy.

Muňa garamazdan häzirki wagta çenli maşgala gatnaşyklaryny ýokary derejeli takyklyk bilen öwrenmäge mümkinçilik berýän söz üsti (werbal) hem-de söz üsti däl (werbal däl) usullaryň (metodlaryň) köp görnüşi işlenilip düzülen.

Adamzat jemgyýetiniň belli bir ösen derejesinde nika ýüze çykyp, soň ol maşgalanyň döremeginiň esasyna öwrülipdir. Şol mahalda jemgyýetiň maddy ýagdaýyny ýokarlandyrýan öndüriji güýçler bolsa jynslar arasyndaky nika we maşgala gatnaşyklarynyň üýtgemegine alyp barypdyr.

Türkmen maşgalalarynda nikanyň mukaddes görülýändigini nazarda tutup, olaryň şertleri dogrusynda has giňişleýin durup geçeliň.

Durmuş gurmazdan ozal ogul bilen gyzyň jemgyýetdäki orun barabarlygy diýlende halk döredijiliginde bir ýigidiň suw perisine duşan pursadyna ýüzlenmek bolýar: “Ýigit aýdylyşy ýaly edýär. Seretse, suw periniň aýdyşy ýaly, gapdalda ullakan jadyly aýna duranmyş. Ýigit aýnanyň öňüne baryp, özüni kemsiz synlaýar, soňra perdeden aňryk geçýär. Ýigidiň gözleri gamaşyp gidýär. Bezenen, owadan köşgüň içinde iň beýik tagtda bir peri oturanmyş, oňa ýigidiň nazary kaklyşanda edil ýyldyrym uran ýaly süňňi-süýekleri saňňyldaýarmyş, onuň sagynda pesräk tagtda bir peri gyz oturanmyş, durşuna göwher, dür-lagyl, altyn-kümüş şaý-sepleriň içinde zordan görünýärmiş. Sol taýdaky tagtda ýene bir peri gyz oturanmyş, ýüzünden – gözünden nur, mähir-muhabbet ýagyp durmuş.

Ýigit bir zaman gyzlary synlap, baş tagtda oturan perizadyň golundan tutup alyp çykýar. Daşaryk çykyp görse onuň elinden tutup duran owadan şa gyzy ýylanmyş. Ýigidiň bu ahwala gahary gelýär, ol suw perisine garap;

- Sen perizat diýip, maňa kimi tutdurdyň?
- Ol ýylan däldir. Nesip bolsa, toýdan soň aždarha bolar-diýýär.

Ýigit onuň sebäbini soraýar, şonda suw perisi:

- Men saňa giren ýeriňde aýna bardyr, aýna seret diýdimmi?
- Diýdiň. Men seretdim …

- Sen aýna seretseň-de, özüňi görmänsiň, sen özüňi gören bolsaň-da tanamansyň. Sen kümüş halyňa altyn gyzy saýlap aldyň, indi ol bir gün perizat bolsa, iki gün aždarha bolar!... Seniň paýyň ýüzünden –gözünden mähir ýagyp duran nurana gyzdy, sen oňa, ol saňa mynasypdy.

Ýene-de bir maşgala gurmagyň öň ýanyndaky baş şert bolup, oglan bilen gyzyň ata-eneleriniň razylygy barada gürrüň edeniňde ata-enä goýulýan hormat, söýgi göz öňünde tutulýar. Ata-enäniň hormaty ummasyz uly. Bäş-alty ýyllykda bir alym

belli ahundan özüniň söwet döwründe terbiýe alandygyny, indi bolsa hudaýa näler ynanasynyň gelýändigine garamazdan, oňa hiç ynanyp bilmeýändigini aýdyp, ondan kömek sorapdyr.

Şonda ahun:

- Hudaýa ynanyp bilmeseň ataň-eneň guburyna sežde ediber… Ähli ynam ata-eneden başlanýar.

"Atam-enem hormaty, Günähim güzeşt eýle" diýip, Magtymguly Pyragy ýüreginden syzdyrýar. Ata-ene hormatyny saklaň, Hudaý siziň günäňizi geçmese-de, ata-eneňiz üçin ýalkasa-da ýalkar duruberer…" diýilip halk arasynda aýdylýar.

Maşgala gurmakda ýakyn garyndaş bolmazlyk şerti bolsa hemmelere düşnüklidir. Ol geljekki nesliň sagdyn bolmagy üçin saklanýar. Ýakyn garyndaşlary bilen nikada duran adamlaryň köpüsinde önelgesizlik ýa-da ýarawsyz çagalaryň dünýä inýändigi sebäpli, nikada şu şert hem hökmany şertleriň biri hökmünde saklanýar.

Muhammet pygamber hem öz hadyslarynda: "Nikalanmak meniň sünnetimdir", "Her kim meni ýagşy görse, meniň sünnetimi ýerine ýetirsin" diýip wesýet edipdir. Maşgala gurlanda nika gyýmak üçin ýörite kazy ýa-da mollany çagyrypdyrlar. Nika gyýýan kazy üçin ýigidiň we gyzyň razylygyny diňe dil üstünden almak ýeterlik bolupdyr. Nika gyýylanyndan soňra nikadan geçen aýalyň hem erkegiň öz borçlary bardyr. Gelin gaýynlaryny sylamaga, olara yhlas bilen hyzmat etmäge, eger-de onuň ýanýoldaşy sapara giden bolsa, tä adamsy dolanyp gelýänçä, özüni-de, öýüni-de, adamsynyň mallaryny-da ýagşy saklamaga, şeýle hem haramdan, edepsizlikden, şerraýlykdan daşda bolmaga borçly edilipdir. Şeýle hem adamsyndan birugsat onuň malyny sadaka bermezlige borçlanypdyr.

Umuman, maşgala şahsyýet bilen jemgyýetiň özara täsirini üpjün edýän, olary birleşdirýän we olaryň höwes, isleglerиniň ileri tutulmalaryny seljerýän esasy gurluşlaryň

biridir. Ol adama durmuşy maksatlar we gymmatlyklar, bilmeli wajyp zatlar we özüňi alyp barşyň nusgalary dogrusynda düşünje berýär. Ýaşajyk raýat maşgalada bu düşünjeleri özüniň beýleki adamlar bilen aragatnaşygynda ulanmagyň ilkinji amaly endiklerini alýar, öz "menini" beýlekileriň "meni" bilen baglanyşdyrýar, gündelik aragatnaşyk ýagdaýlarynda özüňi alyp barşy dolandyrýan kadalary özleşdirýär. Ata-eneleriň ündewleri we düşündirmeleri, olaryň göreldesi, umumy durmuş tutumy, maşgala düzgüni, çagalarda özüňi alyp barşyň endiklerini, gowulygy we erbetligi, mynasyplygy we kelpezligi, adalatlylygy we adalatsyzlygy bahalandyrmagyň şertlerini döredýär.

Bize mälim bolşy ýaly, tebigat hem-de jemgyýet tarapyndan her bir ynsan geljekde ýanýoldaş hem-de ata bolmak üçin, aýal maşgala bolsa gelin hem-de ene bolmak üçin ýaradylýar. Maşgalada erkek bilen aýalyň gatnaşygy jemgyýetiň ykdysady-ekonomiki gurluşy bilen kesgitlenilýär. Matriarhat hem-de patriarhat döwürleri hersi öz gezeginde ykdysady esasa eýe boldular. Ikisinde-de maşgala awtoritar (bir jynsyň (erkek ýa-da aýal) beýlekiden üstün bolmagy) häsiýete eýedir. Eger-de maşgala 3 umumy usul bilen çemeleşsek, başgaça aýdanymyzda maşgala jemgyýetçilik (sosial) institut görnüşinde, kiçi topar görnüşinde hem-de özara gatnaşygyň ulgamy görnüşinde seredilende "maşgala" diýen düşünje aňlanylýan berk hyzmatlardan (funksiýalardan ) kem-kemden daşlaşýar. Ol kiçi topara mahsus bolan häsiýetlere (kiçi topardaky hyzmatlar, rollar, gymmatlyklar ony, ýagny, kiçi topary düzýän şahsyýetlere garaşly bolup durýar) golaýlaşýar. Şunuň esasynda hem biz maşgalany öwrenenimizde maşgala gurýan ata-enä zerur bolan isleglerden daşlaşyp bilmeýäris. Bu babatda türkmen maşgalalarynda çaga terbiýesine bolan hem özboluşly garaýyş bardyr. "Terbiýe adamzat durmuşynyň hadysasydyr" diýip bellenýär. Çagalary terbiýelemek diňe bir ata-eneleriň

şahsy işi bolman, ol jemgyýetiň-de üns-aladasynda durýan meseledir. Maşgala terbiýesi jemgyýetçilik terbiýesiniň iň bir ähmiýetli we özboluşly tarapydyr. Onuň özboluşlylygy ilkinji nobatda ösýän şahsyýete "ilkinji durmuş sapaklaryny" berýänligindedir. Bu sapaklarda çaga geljekdäki durmuş hereketlerine we onda özüňi alyp barmagyň tärlerine gollanma alýar. Ikinjiden, maşgala terbiýesi özüniň yzygiderliligi öz içine alýanlygy sebäpli örän netijelidir. Ol çagalaryň we ata-eneleriň öz aralaryndaky durnukly we emosional-duýgy gatnaşyklary esasynda gurulýar. Bu gatnaşyklar diňe bir çaga we ata-enä tebigy mahsus söýgi we ynanç duýgylary mazmunda däl-de, çagalaryň özlerini gypynçsyz, goragly duýmagy, öz pikir aladalaryňy paýlaşmak, ululardan kömek almak mümkinçiligi häsiýetde bolýar.

Jemgyýet ýaşaýşynda maşgala uly orna eýedir. Ol jemgyýetiň öýjügi bolup, sosial gatnaşyklaryň bütewi birleşmesini şöhlelendirýär. Jemgyýetiň abraýy köp derejede maşgalanyň abraýyna bagly diýmek bolýar. Ol ýa-da beýleki maşgala degişli bolmak belli bir derejede adamyň jemgyýetdäki, onuň maddy we medeni isleginiň kanagatlanmasyny kesgitleýär. Maşgalanyň kadaly ösüşi üçin şertleriň döredilmegi uly ähmiýete eýe bolýar. Biz taryhy çeşmelerden türkmen milletiniň beýikligine, gadymylygyna göz ýetirýäris. Millet jemgyýetden ybaratdyr, jemgyýetiň esasy birligi, jemgyýetiň esasy daýanjy bolsa maşgaladyr. Jemgyýetiň dynçlygy we oňşuklylygy maşgaladan başlanýar.

Maşgala anyk tertibiň, maşgala agzalarynyň özara gatnaşygynyň anyk orunlary we borçlary özara sazlaşygynyň we bölünişiginiň ulgamydyr. Şeýle aýdyňlyk we kesgitlilik bolan maşgala, olary ýerine ýetirýän maşgala edepli maşgala diýip bolar. Bu aýdyňlygyň bulaşan öýünden döwlet, rysgal hem abraý gider.

Aragatnaşyk etmek – munuñ özi ruhy gymmatlyklaryñ sazlaşygydyr. Ol adamyñ beýleki “Men” bilen, şeýle hem adamlaryñ öz töweregindäki adamlar bilen özara gatnaşygynyñ geriminde bolup geçýär. Şahsyýetiñ kemala gelmegi üçin çaganyñ uly adamlar bilen aragatnaşyk etmegi zerurdyr. Onuñ aragatnaşyk etmegi psihiki ösüşine täsir edýär. Aragatnaşyk etmek netijesinde bilimler ösýär, tejribe, medeni, ahlak gymmatlyklar, pikirler we duýgular öwrenilýär. Maşgalanyñ bagtly we oñat psihologik klimatynyñ bolmagy köp derejede är-aýalyñ, ata-ene bilen çagalaryñ arasynda birek-birege doly düşünişmek, ynanyşmak ýagdaýynyñ agdyklyk etmegine bagly bolýar. Käbir adamlar üçin geñ bolup görünse-de durmuşda ata-enäniñ biri-birini we çagalaryny çyn ýürekden söýýän maşgalalar bilen özara söýginiñ ýok, çagalaryñ öýden çykarylman saklanýan maşgalalaryñ şahsyýetiniñ ahlak taýdan ösüşi bir meñzeş bolmaýar.

Beýik adamlaryñ beýikligi olaryñ pes adamlar bilen gatnaşygynda ýüze çykýar. Her bir zatda adamlary ýazgarjak bolman, olara düşünjek bolmaly. Olaryñ näme üçin başga hili etmän diñe şeýle edendiklerini ýazgarmaga alñasaman, ýagdaýy paýhas eleginden geçirmäge çalyşmaly. Hemme zada düşünmek, hemme zady bagyşlamak diýmekdir.

Adamyñ mertebesini ykrar etmek we höweslendirmek arkaly ynsanda bar bolan iñ gowy duýgulary oýarmak hem-de onda ruhy belentlik döretmek iñ gymmatly häsiýetdir. Maşgalanyñ durmuşy, esasan, ata-enäniñ şahsy sypatlary, aýratynlyklary olaryñ bir-birine, çagalaryna garaýşy, maşgala barada jogapkärçilik duýuşlary bilen kesgitlenýär. Maşgalada kadaly gatnaşyk, ýürekdeşlik, birek-birege düşünişmek, söýgi onuñ ýaşajyk agzalarynyñ dogry terbiýe almagynyñ zerur şertleriniñ biridir. Her bir adam, hatda kiçijik çagalaram hemme zatdan beter sarpasynyñ saklanylmagyna mätäçdir. Her bir

dünýä inen çaga özüniň gereklenilmegine hem söýülmegine mätäçdir we haklydyr.

**Maşgala durmuşyna taýýarlygyň düzüm bölekleri.** Her bir ynsan özüniň geljekki durmuşyny maşgala bilen baglanyşdyrýar. Ynsanyň maşgala gurmaga meýli, onuň maşgala gurmaga bolan taýýarlygy onuň öz maşgalasyndan esas alýar. Çaga oýun döwürlerinde geljekki durmuşynyň hünär we maşgala taraplaryny oýun hökmünde oýnap görýär. Öz ata-eneleriniň özara gatnaşyklaryna syn edip, aňlanmaýan ýagdaýda maşgala, onuň düzümi, maşgaladaky orunlar, ýerine ýetirilmeli wezipelerdir borçlar dogrusynda maglumat toplaýarlar. Edil şahsyýetiň kemala gelmegine täsir ediji ýagdaýlaryň bolşy ýaly, maşgala dogrusyndaky oý-pikirleriň, düşünjeleriň döremegine we kemala gelmegine biologik faktorlaryň we daşky gurşawyň täsiri bardyr.

Ýaşlaryň maşgala durmuşyna taýýarlygy ösüp barýan nesliň terbiýesiniň aýrylmaz bir bölegi bolup durýar. Ýaňy-ýakyna çenli ýaşlaryň bellenen ýaş döwrüne ýetmegi, onuň maşgala gurmaga taýýarlygyny kepillendirýär diýip hasap edilýärdi. Emma häzirki zaman sosiologik, pedagogik derňewler ýaş oglan-gyzlaryň maşgala durmuşyna taýýarlygyny derňemek psihologik derňewleriň baş maksady we wezipesi bolmalydygyny nygtaýarlar.

Şahsyýetiň maşgala durmuşyna taýýarlygy - munuň özi maşgala durmuşynyň gymmatlyklaryna, maşgala gatnaşyklaryndaky emosional-psihologik ýagdaýlary kesgitlemäge mümkinçilik berjek şahsy sosial-psihologik gönükdirilmesidir.

Maşgala durmuşyna taýýarlyk öz düzüminde birnäçe düzüjileri jemleýär:

1. Şahsyýetde geljekki maşgalasyna, çagalaryna bolan ahlak gymmatlyklarynyň toplumynyň, täze durmuş keşbiniň ulgamy dogrusyndaky düşünjeleriň kemala gelmegi.

2. Özara aragatnaşyga taýýarlygyň bolmagy - maşgalanyň kiçi topar bolup durýanlygy sebäpli, onuň adaty durmuş akymy üçin är-aýalyň durmuşynyň sazlaşykly guralmagy zerurdyr.
3. Adamyň içki dünýäsine aralaşyp bilmek ukybynyň - empatiýa toplumynyň agdyklyk etmegi.
4. Şahsyýetiň özüni alyp barşynyň, duýgularynyň ýokary gözellik, medeni derejede bolmagy.
5. Meseleleri, konfliktleri oňyn, ylalaşykly çözmäge bolan ukyplaryň, ýagdaýy dolandyryp bilmäge bolan başarnyklaryň bolmagy.

Ýaşlarda maşgala durmuşyna taýýarlykda esasy mesele olaryň maşgala, nika, her kimiň ornuna düşünmekligi bolup durýar. "Adama maşgala näme üçin gerek?" - bu sorag bilen uly adamlar az gyzyklansalar-da, ýaşlar üçin ol çözülmegi wajyp meseledir. Bu sorag hakyndaky oý-pikirler aňlanan we aňlanmadyk ýagdaýda, olaryň aňynda esasy orunlaryň birini eýeleýär. Şol bir wagtda-da her bir şahsyýetiň "masgala" hakynda öz hususy düşünjesi, garaýşy bolýar. Çaga üçin "maşgala" - bu onuň ejesi, kakasy, doganlary, uýalary, enesi, atasy, babasy, mamasy we beýleki garyndaşlary, gepiň kelte ýeri onuň terbiýesine gatnaşýanlar onuň maşgalasydyr. Emma durmuş guran ýaş ýigit ýa-da gyz üçin masgala onuň özi we ýoldaşydyr.

## Maşgala gurmakda öňe sürülýän meseleleriň psihologik esaslary.

Maşgala adamyň psihologik we fiziologik isleglerini we zerurlyklaryny dolulygyna üpjün edýär. Has dogrusy, maşgala adamyň "emosional gaçybatalga" funksiýasyny ýerine ýetirýär. Adam maşgalada özüniň gymmatyny we peýdalydygyny syzýar. Maşgala her bir adama onuň gaýtalanmazlygyny, onuň "gereklidigini" ykrar ediji topar bolup durýar.

Adamyň şahsy aýratynlyklarynyň gaýtalanmaz iki tarapy bar:

1. Ýitip gitmek, duýulman galmak gorkusy.
2. Ýekeligi ýeňmek, "gerekli" bolmak, söýülmek islegi.

Adam özüni näçe gerekli duýsa, şonça-da ýekeligi ýeňmäge bolan şahsy mümkinçiligi ýokary bolýar. Hemmeleriň söýlesi gelýär. Belli psiholog K. Ýungyň bellemegine görä, ruhy keselleriň we bozulmalaryň sebäbi "psihiki energiýanyň baglanmagy-blokirlenmegi" sebäpli bolup geçýär. Bu ýagdaý adamyň kynçylyklardan gaçyp, öz durmuşy başarnyklaryny herekete girizip bilmedik ýagdaýynda ýüze çykýar. Maşgaladaky söýgi adamy ýekelikden halas edýär.

Adam diňe bir özüni söýdürmäge däl, eýsem, özi hem söýmäge ymtylýar. Ýaşlykda ýaslaryň maşgala gurmaga bolan meýli köp babatda aşyk-magşuklaryň bile bolasy gelmegi bilen bagly. Olar üçin maşgala, nika söýgini, ynsanperwer duýgylary beýan etmäge mümkinçilik dörediji bolup hyzmat edýär. Bu meseleden daşary "maşgala näme üçin gerek?" diýen sowala berilýän jogaplara seredip geçeliň:

- kimdir birine daýanmak üçin;
- kimdir biri bilen maslahatlaşmak üçin;
- kimdir biriniň meni kynçylyklarda ýeke goýmazlygy üçin;
- kimdir biriniň ýanynda, dogrudan hem meniň bagtly bolmagym üçin;
- kimdir birinde meniňki ýaly gymmatlyklaryň bolmagy üçin;
- maňa bahyl, görip bolmajak kimdir biriniň meniň ýanymda bolmagy üçin;
- üstünliklere bile begenmek üçin kimdir biriniň ýanymda bolmagy;
- ynanar ýaly kimdir biriniň meniň ýanymda bolmagy üçin;
- kimdir biriniň meni kyn günümde goldamagy üçin;
- kimdir biriniň meniň gowşak taraplarymy deňagramlaşdyrmak üçin ýanymda bolmagy.

Häzirki döwürde ýaşlaryň arasynda maşgala gurmaga iteriji esasy motiwleriň biri "söýgi" bolup durýar. Emma

maşgala gurmaga iteriji “söýgä” ýaşlar her hili düşündiriş berýärler. Rus alymy T.A.Florenskaýa “söýgi” sözüniň üç hili düşündirişini berýär: söýgi – jyns höwesi hökmünde; söýgi – söýdürmäge bolan zerurlyk hökmünde; söýgi – söýmäge bolan ukyplylyk hökmünde. T.A.Florenskaýa bulary şeýle beýan edýär:

1. **Jyns höwesiniň dominirlenmegi** (üstün çykmagy). Jyns höwesiniň gipertrofiýasy adamda jyns dominantlarynyň kemala gelmegine getirýär. Ol öz gezeginde adamyň tutuş durkuny şeýle höwesleriň guluna öwürýär. Bu adamyň psihiki we ruhy taýdan ösmeginiň öňünde böwet bolup durýar. Fiziologiýa bilen bagly “söýgi” meselesi köplenç halatda ulularyň gatnaşyklary oňyn bolmadyk maşgalada ösen çagalarda duş gelýär. Olardaky jyns meýillerini kanagatlandyrmaga bolan meýil, höwes, edil alkogollaryň alkogol içgilerine bolan zerurlygy ýaly bolup geçýär. T.A.Florenskaýanyň bellemegine görä, şeýle adamlar maşgala gurmaga ukypsyz bolýarlar. Sebäbi olarda maşgala dogrusyndaky ahlak pikirleriň ornuny jynsy meýilleri eýeleýär we şeýle ýagdaýda olar özlerini tutuşlygyna maşgala bagyş etmäge güýçleri ýetmeýär.

2. **Söýülmäge bolan zerurlyk**. Bu zerurlyk her bir adama çagalyk dowründen bäri mahsusdyr. Ýöne käbir ýagdaýlarda söýülmäge bolan zerurlyk adamyň hut özüne gönükdirilen bolýar. Şeýle birtaraplaýyn söýgini beýlekileri söýmäge bolan ukypsyzlyk hem diýip atlandyryp bileris. Bu meseläniň psihologik esaslary, şeýle adamlaryň çagalyk köklerinde yz galdyran ýokary galagoplulyk, kanagatlanmazlyk duýgularyndan goranyş mehanizmi hökmünde hem seredilýär. Söýülmäge bolan bu zerurlyk egosentriki we newrotiki aýratynlygy boýunça tapawutlanýar. Onda özüni söýdürmäge bolan ýokary talabedijilik, gabanjaňlyk, müňkürlik, öýkeleklik ýaly aýratynlyklar agdyklyk edýär. Şeýle adamlar maşgala

guranlarynda hemişe diýen ýaly, maşgaladaky edilmeli işler bilen däl-de, özara gatnaşyklary çözmek bilen meşgul bolýarlar.
3. **Söýmage bolan ukyp**. Söýmäge bolan ukyplaryň derejesi dürli-dürli bolýar. Şeýle adamlar söýgüsine wepaly, maşgalada ynamdar adamlar bolýarlar. Duýgy kanagatlanmalaryndan tapawutlylykda, söýginiň adam üçin hiç haçan "köpi" ýa-da "artygy" bolmaýar: söýülýän we söýýän adam hiç hacan irizmeýär, ol has çuňlugyna açylýar. Şu sypatda söýülýän we söýýän adamlar bir jan, bir ten bolýarlar, olaryň biri-birinden aýrylmagy ölüm hökmünde kabul edilýär.

Türkmeniň pelsepesinde tebigaty we derejesi boýunça söýginiň üç görnüşi tapawutlandyrylýar. Olar mähir, yşk hem-de muhabbetdir.

**Mähir**-ten, duýgy ýokundysy bolmadyk söýgüdir. Ata-enäniň perzende, perzendiniň ata-enä, doganlaryň biri-birine…bolan söýgüsi mähir diýip atlandyrylýar…

**Yşk**-söýginiň dartgynlylygynyň iň ýokary derejesidir. Yşk – söýgi duýgularynyň dolup-daşmasydyr. Söýgi özüniň az pursatlyk şol dolup-daşma-dälilik derejesinden geçenden soň, durugyşyp, agraslaşyp, muhabbete öwrülýär.

**Muhabbet**-söýgä hemişelik häsiýetini berýär. Çünki şonda duýgy akyl eleginden geçýär, duýgy akyl sütünleri bilen berkidilýär. Söýgi muhabbete öwrülmese, duýgy bolup galýar. Duýgy bolsa wagtlaýyn we ötegçi zatdyr."

Bu pelsepeden görnüşi ýaly, ýaşlaryň maşgala gurmakda öňe sürýän söýgi meselesi barada gürrüň edilende, diňe dasary ýurt edebiýatlaryna salgylanmagyň ýeterlik däldigine göz ýetirýärsiň. Sebäbi türkmen pelsepesinde, türkmeniň geljekki maşgala eýesi boljak perzendine terbiýe berşiniň düýpli özboluşlylygy bar. Öň hem belläp geçişimiz ýaly, esasan-da, başda berlen zat adamyň soňky durmuşyndaky ýoluny şöhlelendiriji serişde bolup durýar. Diýmek, türkmen ýaşlary barada gürrüň edilende hem daşary ýurtlular bilen

deňeşdirilende, biziň ýaşlarymyzyň “söýgä” düşünişi-de özboluşly we ahlak duýgylar agdyklyk edýän görnüşdedir.

## IV bap. Maşgala gurmakda şahsyýetleriň ahlak-psihologik taýýarlygy.

Häzirki wagtda nikalaşmak, maşgala gurmak iki ýaş juwanyň öz şahsy we öz erki boýunça amal edýän işi bolup durýar. Maşgala dogrusynda gürrün edilende, ýene-de bir bellemeli zatlaryň biri - ol hem maşgala gurmaga bolan isleg bilen maşgala gurmaga taýynlygyň bir zat däldigini nygtamakdyr. Psihologlaryň pikirine görä, şahsyýetiň maşgala gurmaga bolan ahlak-psihologik taýýarlygy maşgala durmuşyny dolandyrmaga ýardam edýän özüňi alyp barşyň sosial standartlarynyň we borçlaryň, talaplaryň ulgamynda jemlenmelidir.

Olara şular degişli:

1. Täze borçnamalar ulgamyny öz üstüňe, jogapkärçiligiňe alyp bilmek.
2. Maşgala agzalarynyň ählisiniň mertebesini, hukuklaryny ykrar etmek.
3. Beýleki adamyň endiklerine, häsiýetine, onuň psihiki aýratynlyklaryna öwrenişmek.
4. Gündelik durmuşda geljekki ýanýoldasyňyz bilen ylalaşykly ýaşamaga, söhbetdeşlige girmäge bolan ymtylyşyň bolmagy.

W.S.Torohtiý şeýle talaplaryň dürli maşgalalarda dürlüçe amal edilýändigini belleýär. Ol bu meseläni her bir adamyň “maşgala gurmaga bolan ukyby” bilen duşündirýär. Onuň pikiriçe, bu hadysanyň birnäçe düzüjileri bolýar:

1. Başga bir adam hakynda alada etmäge bolan ukyp, ol adama gulluk etmek we oňa hemişe ýagşylyk etmek.
2. Beýleki adam bilen deň hatarda onuň gussadyr şatlyklaryny deň paýlaşyp bilmek, onuň emosional

dünýäsine aralaşyp bilmek, onuň ýeňişdir ýeňlişlerini onuň bilen deň duýup bilmek, onuň bilen bir ruhy bütewiligi emele getirip bilmek ukyby.

3. Beýleki adamy onuň ähli ýeter-ýetmezi bilen bile kabul etmek, hususy egoizmiňi basyp ýatyrmak, çydamly, geçirimli bolmak, ýagny ýokary etiki we psihologiki medeniýetli bolmak bilen bagly ukyplar.
4. Hojalyk işlerini guramaçylykly dolandyryp bilmek, gündelik özara aragatnaşyga girip bilmek ukyby.

Bu ukyplaryň ählisi adamyň ýagdaýa görä, özüni alyp barşyny üýtgedip bilmek başarnyklary, çydamlylygy, durnuklylygy, ylalaşyga girip bilmek ukyby bilen baglydyr. W.S.Torohtiý maşgala gurmakda iki tarapyň hem maşgala durmuşyna taýýarlygynyň bolmalydygyny nygtaýar. Sebäbi maşgalada biri-biriniňkä meňzemeýän iki sany çylşyrymly psihologik we fiziologik aýratynlyklary bolan adamlar birleşýärler. Şonuň üçin hem maşgala gurmagy niýet edinen adamlaryň sosial-psihologik gatnaşyklara taýýar şahsyýetler bolmagy zerurdyr. Elbetde, şeýle taýýarlyk bir pursatda döremeýär, onuň döremegine birnäçe hadysalar täsir edýär. Şeýle hadysalaryň ilkinjisi durmuş gurýanlaryň geljekki ýerine ýetirmeli är-aýal, soňrak ata-ene rollaryna psihologik taýýarlygy we ony ýerine ýetirmäge bolan başarnykdyr ukyplary bilen baglanyşyklydyr. Her bir sosial rol öz düzüminde şol roly ýerine ýetirijiniň belli bir talaplary, borçlary ýerine ýetirmegini, ata-babadan gelýän “erkegiň işi”, “aýalyň işi” ýaly iş bölüşmäniň degişli adamyň ýerine ýetirmegini talap edýär. Hemmämize mälim bolşy ýaly, ýakyn geçmişde ähli agyr fiziki işleri we maşgalanyň eklenji erkek adamlaryň gerdenindedi. Emma häzirki wagtda şeýle däp-dessur özboluşly üýtgedi. Köp döwletlerde bolşy ýaly, maşgalanyň keşigi biziň döwletimizde-de aýallaryň gerdenine düşdi. Şonuň üçin hem gurulýan maşgalada dawa-konfliktleriň ýüze çykmazlygy üçin ýaşlaryň

maşgaladaky ýerine ýetirmeli wezipelere öňüňden taýyn bolmagy hökmanydyr.Ondan başga-da ýaşlar maşgala gurmazlaryndan öň, masgalada ýerine ýetirmeli işler dogrusyndaky bilim duşünjeleri, endikleri, başarnyklary bolmaly. Muňa ýaşlaryň hukuk, ykdysadyýet, medisina başarnyklary bilen bir hatarda, olaryň nahar bişirip bilmek, kir ýuwmak, ýyrtylan ýa-da deşilen eşigi bejerip bilmek başarnyklary hem bolmaly.

Maşgala gatnaşyklarynda wajyp düzüjileriň biri hem masgala agzalarynyň emosional-bahalandyryş baglanyşygynyň bolmagydyr. Beýle diýildigi, är-aýalyň ol ýa-da beýleki mesele, häsiýet, isleg, gymmatlyk dogrusynda umumy ýa-da ylalaşykly pikir düşünjeleriniň, kabul edişiniň bolmaly diýildigidir.

Çagalar kiçiliginden daş-töweregine, öz maşgalasyna we beýleki maşgalalara syn edip maşgaladaky rollar barada belli bir maglumatlary toplaýarlar. Olar oýun dowürlerinde “eje”, “kaka”, “ogul”, “gelin”…ýaly rollarda oýnap görüp, geljekki durmuşyna taýynlanýarlar. Şonuň üçin hem maşgaladaky rollara çagalaryň dogry düşünmeklerini we ony dogry berjaý etmeklerini çagalykdan gazanmak gerekdir. Maşgalada birek-birege hormat goýmak, ulynyň sözüne gulak asmak, meseläni ylalaşykly çözmäge ýykgyn etmek ýaly häsiýetler çagalykdan terbiýelenmelidir.

Maşgaladaky rollar munuň özi kimdir biri tarapyndan ýerine ýetirilmeli hereketleriň, duýgy-emosiýalaryň, borçlaryň ulgamydyr. Köne düzgünden tapawutlylykda indiki maşgalalarda aýalyň hukuklary öňdäki orunlardadyr. Bu aýallar maşgalada ikinji orny eýeleýär diýildigidir. Häzirki dowürde hukuk taýdan aýallar erkek adamlar bilen deň hatardadyr, ýöne ahlak ýörelgeler, adamyň psihofiziologik aýratynlyklary maşgalada erkek adamyň has-da hormatlanmagyny talap edýär. Elbetde, bu talap erkek adamyň aýalyna bolan gatnaşygynyň oňynlygynyň jogaby hökmünde ýüze çykýar. Şonuň üçin hem

durmuş gurmazdan öň, şeýle rollar barada ara alyp maslahatlaşmak geljekde köp konfliktleri ýeňmäge kömek eder.

Hawa, durmuşda diňe erkek adamyň ýa-da aýalyň ýerine ýetirip bilýän, ýa-da biriniň beýlekä garanyňda has gowy ýerine ýetirip bilýän işleri bolýar. Ýöne psihologiýada maşgalada "BILE" adalgasyny köp ulanmak has maksadalaýyk hasaplanýar. Sebäbi bilelikdäki ylalaşykly işde adamlar biri-birine has-da ysnyşýarlar, ynanýarlar. Maşgalada "agzybirlik howasy" höküm sürýär.

## V bap. Maşgalanyñ psihologiki gurluşy we görnüşleri.

Dürli ýazarlar maşgala hyzmatynyň birnäçe görnüşlerini ýüze çykarmak bilen olary dürlüçe atlandyrýarlar. Ýöne olaryň hemmesiniň toplumy biri-birine meňzeş.

I.W.Grebennikow maşgala hyzmatynyň (funksiýasynyň) öndürjilikli (reproduktiw), ykdysady (ekonomiki), terbiýeçilik hem-de dynç alyşda, boş wagty gurnamagyň aragatnaşyk (kommunikatiw) görnüşlerini ýüze çykarýar. E.G.Eýdemiller hem-de W.W.Ýustiskis dagylar bolsa maşgala terbiýäniň, hojalyk-durmuş, emosional hyzmatyň, şol sanda ruhy aragatnaşygyň, ilkinji jemgyýetçilik gözegçiligi hyzmatyň degişlidigini belleýärler.

Käbir ýazarlar (A.G. Harçew, A.I.Antonow) maşgala hyzmatyny (funksiýasyny) ýöriteleşen hem-de ýöriteleşmedik görnüşlerini tapawutlandyrýar. Olaryň birinjisi maşgalanyň düýp esasyndan gözbaş alýar hem-de onuň, ýagny, maşgalanyň aýratynlyklaryny jemgyýetçilik hadysasy hökmünde şöhlelendirýär. Ikinjisi bolsa kesgitli taryhy ýagdaýlarda maşgalanyň ýerine ýetirmäge mejbur bolan hyzmatydyr.

Maşgalanyň ýöriteleşen hyzmatyna girýän dogulma (reproduktiw hyzmat), eklenç (ekzistensial hyzmat) hem-de çagalaryň terbiýesi (jemgyýetçilik hyzmaty) öz durnuklylygyny saklaýar.

Maşgalanyň ýöriteleşmedik hyzmatyna hususylygyň toplanmagy hem-de berilmegi, status, önümçiligiň gurnalyşy hem-de ulanylyşy, öý hojalyk, dynç alyş, boş wagt, saglyk hem-de maşgalanyň her bir agzasy barada alada, mikroklimatyň döredilmegi, dartgynlygy aýyrmaklyga çalyşmaklyk, öz "meniňi" goramaklyk we beýlekiler degişlidir.

Maşgala hyzmatynyň özara gatnaşyk ýagdaýynda üstünlikli amala aşmagy üçin maşgalanyň her bir agzasy kesgitli bir roly ýerine ýetirmeli.Eger-de maşgala hyzmaty ilki bilen maşgaladaky rollaryň bütewiligi görnüşinde kesgitlenilse, onda rollaryň gurluşy ilki bilen rollaryň kime degişliligi bilen häsiýetlendirilýär. Başgaça aýdanymyzda maşgaladaky her bir agzanyň nähili wezipäni ýerine ýetirýändigi hem-de nähili esasda rolly gatnaşygyň gurnalandygy bilen baglydyr.

Maşgaladaky rollaryň gurluşynyň, beýanynda esasy meseleleriň biri-de rollaryň bölünişigidir. Derňewçileriň esasy ünsi hojalyk-durmuşy hem-de terbiýeçilik hyzmatlaryna degişli rollary öwrenmäge gönükdirilendir. Bu rollara hojalyk, hojalyk başyny, öý bikesini, terbiýesini, maşgalany maddy taýdan üpjün edýän enekäni we ş.m. degişli etmek bolar.

Maşgalanyň gurnalyşy, ondaky hyzmat-rol özara hereketiniň ulgamyny içgin öwrenen alymlar Antonow A.I., Golod S.I., Maskowskiý M.S., Harçew A.G. we beýlekileri degişli etmek bolar.

Şeýlelikde, maşgaladaky esasy hyzmatlaryň (funksiýalaryň) ýeke-täk sanawy ýokdur. Adatça dürli awtorlaryň belleýşi ýaly ol ýa-da beýleki hyzmatyň toplumy, adalgasy özüniň konseptual nusgasyndan (modelinden) gözbaş alyp gaýdýar. Belki olaryň sanawy hökman hem däldir. Ýöne diňe maşgalada amala aşyp biljek islegleriň esasy topary barada gürrüň giden soň ol özüne ünsi çekýär. Ýazarlaryň köpüsi şunuň bilen baglanyşyklykda maşgaladaky hyzmaty 6-7 sany diýip belleýärler. Olara çaganyň dogulmagyny, çagalaryň terbiýesini,

ata-eneleriň ruhy kämilligini, emosional goltgyny hem-de psihologik goraglylygy degişlidir. Iňlis ýazary Hewes bolsa öz gezeginde ýokardakylaryň hataryna kesgitli jemgyýetçilik statusy eýelemegi, özüňi ykrar etdirmegi – özüňi görkezmek dogrusyndaky pikiriň üstüni ýetirýär. Derňewlerden görnüşi ýaly ABŞ-yň hem-de Günbatar Ýewropanyň ýazarlary maşgaladaky ruhy aragatnaşygyň hyzmatyna esasy üns berýärler. Şol döwürde Günorta Ýewropanyň edebiýatlarynda durmuş bilen baglanyşykly maşgaladaky hyzmatlaryň aýdyň sanawy görkezilýär.

Bu ugur bilen gyzyklanýan alymlaryň ýene bir toparynyň bir agyzdan tassyklamagyna görä maşgalanyň hem-de jemgyýetiň arasynda baglanyşygyň hyzmaty taryhy häsiýete eýedir. Häzirki döwürdäki maşgala birnäçe hyzmatlary ýitirdi: önümçilik, goraglylyk hem-de medenýetlilik.

Hyzmatlaryň käbir görnüşleri üýtgemelere durnukly bolan soň olary däp-dessura öwrülen adat bolup giden diýip hem atlandyrmak bolýar. Olaryň hataryna indikileri goşmak bolýar:

1. *Hojalyk – ykdysady hyzmat.* Bu maşgalanyň iýmitlenişi bilen baglanyşykly. Maşgala emlägine eýe bolmagyň hem-de ony saklamak, egin-eşik, aýakgap maşgala arassaçylygyny döretmek, ondaky durmuşy, ýaşaýşy gurnamak, maşgala býužetini dolandyrmak we ş.m. öz içine alýar. "Őý işiniň " gurşawynda maşgala içindäki gatnaşyklar kemala gelýär. Bu gatnaşyklaryň düzümi hojalyk işiniň görnüşi bilen kesgitlenýär. Şu şertlerde bolsa maşgalanyň her bir agzasynyň meýil hem-de erk düzüm bölegi aýdyň görünýär. Maşgalanyň jebis bolmagy üçin zerur bolan şertler döredilýär. Maşgalada döräp biläýjek dartgynlygy aradan aýyrmaklyk üçin hem käbir gaçybatalgalar döredilýär.

Ýyllaryň dowamynda ykdysady gurluşda maşgalanyň hususy ykdysady hyzmatyny işjeňleşdirmäge bolan meýli bellik

etmek bolýar: dürli önümçilik hem-de önümçilikli däl işiň gurşawynda maşgala edaralary ýüze çykdy hem-de köpelýär.

2. *Nesil öndürmek (reproduktiw) hyzmat.* Seksual islegleriň bitewiligi, nesli dowam etmegiň üpjün edilişi hem-de biri-biriňden aýrylmazlyk üçin ýokary duýgynyň, ýagny, söýginiň bolmagy. Är-aýalyň söýgüsi seksual islegleriň kanagatlandyrylyşynyň häsiýetine, olary dolandyrmagyň aýratynlyklaryna, är-aýalyň çaga dogurmak meselesine bolan gatnaşygyna, çagalaryň özüne bolan gatnaşygyna baglydyr.

Islendik maşgalada esasy meseleleriň biri çaga öndürmekdir. Käbir şertlerde bu meseläni ýol berilmeýän, gadagan edilýän ýollaryň üsti bilen hem amala aşyrylýar. Bir tarapdan çaga-maşgalanyň jebisleşmegi ücin şert, ikinji tarapdan bolsa bu gutulgysyz meseledir. Çagalaryň durmuş üpjünçiligi üçin kabul edilmedik şertler är-aýalyň özara gatnaşygynyň dowamynda kemala gelýär.

Köp çagalygyň azalmagy, dogulmanyň peselmegi, bir çaganyň bolmagy egoizmiň esasy alamatlarynyň biridir. Bu bolsa maşgalada meseleleriň täze görnüşiniň döremegine getirýär hem-de nesil öndürmegiň ähmiýetini peseldýär.

3. *Regenerativ hyzmat. (lat. "regeneration" – täzeden başlamak).* Ol statusyň –at-abraýyň nesle geçirijiligi bilen baglanyşykly. Muňa atasynyň ady, emläk, jemgyýetde tutýan orny girýär. Bularyň hataryna käbir nesilleýin gymmatlyklar (bu ýerde "gymmatlyk" diýip, göni manyda şaý-sepleri göz öňünde tutmaly däl. Sebäbi bularyň hataryna maşgalanyň surat albomy hem degişli bolup bilýär. Bu gymmatlyklar diňe nesilden-nesle gany bir adama geçirilýär.

4. *Medenýetli – terbiýeleýji hyzmat.* Terbiýeleýji hyzmat atalyk hem-de enelik isleglerininiň kanagatlandyrylmagyndan durýar. Çagalar bilen gatnaşykda, olary terbiýelemekde, çagalara diýeniňi etdirip bilmekde bu hadysa ýüze çykýar. Maşgala hem-de jemgyýetçilik terbiýesi biri-biri bilen aýrylmaz

baglanyşyklydyr. Olar biri-biriniň üsüni doldurýarlar hat-da kesgitli çäklerde biri-biriniň ornuny tutup hem bilýärler. Ýöne olar bütewi bir zat däldir. Maşgala terbiýesi birneme emosional häsiýete eýedir. Onuň "alyp baryjysy" ene-atanyň çaga bolan söýgü-sidir. Bu bolsa öz gezeginde çaganyň ene-ata bolan jogap duýgusyny döredýär. (A.I. Zaharow)

5. *Rekreatiw hyzmat (lat. "rekreatio" – dikeltme).* Ol maşgalanyň dynç alyş, boş wagtyň gurnalyşy, saglyk baradaky alada, her bir agzanyň doly üpjünçiligi bilen baglanyşyklydyr.

6. Däbe öwrülen, adat bolan hyzmatlardan başga döwrebap maşgalada hyzmatlaryň beýleki görnüşlerini tapawutlandyrýarlar. Onuň ýerine bolsa täze psihoterapewtik hyzmat döredi. Başgaça aýdanymyzda häzirki wagtda maşgalanyň barlygy, onuň hakykylygy ähmiýetli derejede maşgala agzalarynyň emosional gatnaşyklarynyň jebisliligine baglydyr. Maşgalanyň psihoterapewtik hyzmaty her bir agzanyň islegini duýgudaşlykda kanagatlandyrmaga ýol berýär. Munuň esasynda sylanyşyk, boýun almak, emosional goltgy bermek, psihologik goraglylyk we ş.m. durýar. A.I. Zaharowyň pikirine görä başlangyç topardaky içginlikler bir-biriňe bolan emosional gatnaşyk-sylanyşyk, duýgudaşlyga duş gelýär. Sebäbi şu duýgularyň esasynda maşgala gatnaşyklarynda ynam, içginlik döreýär, maşgala ojagy berkleşýär.

Häzirki Garaşsyz, Baky Bitarap Türkmenistan döwletimizde jemgyýetçilik durmuşynyň ähli babatlarynda: önümçilikde, gündelik durmuşymyzda, maşgalada aýallaryň erkekler bilen deň hukuklylygy üçin giň mümkinçilikler açyldy. Diýarymyzda söýgi, birek-biregi hormatlamak, çagalary terbiýeläp ýetişdirmek barada alada etmek maşgalanyň iň möhüm ahlak düzgünlerine öwrüldi hem-de ösdürilýär.

Adamzat jemgyýeti döräli bäri dini düşünjelerden hem ugur alsak, onda Adam ata we How eneden bäri söýgi diýilýän duýgy adamlaryň hemrasy bolup gelýär.

Gadymy döwürlerden tä biziň günlerimize çenli adamzat jemgyýetiniň başyna düşen söýgi bilen baglanyşykly, köplenç pajygaly, kä halatlarda guwandyryjy wakalar barada döredilen sanardan köp bolan rowaýatlar, dessanlar, goşgular, ertekidir beýleki edebi eserler, halk köpçüliginiň döreden ummasyz çeşmeleri bu ajaýyp duýgynyň adamzadyň durmuşynda nähili orun tutýandygyny subut edýär. "Şasenem-Garyp", "Zöhre-Tahyr", "Leýli-Mežnun", "Şirin-Perhat" we beýleki onlarça dessanlaryň diňe bir türkmen dilinde bolman, dünýä halklarynyň köp dillerinde hem gabat gelmegi ýokardaky pikirleriň ýene bir subutnamasydyr.

Ýer şaryndaky jandarlaryň ählisi diýen ýaly jübüt-jübütden ýaradylypdyr. Köp haýwanlar barada olaryň jynsy aýratynlyklaryny aňladýan ýörite sözler hem ulanylýar: horaz-towuk, goç-goýun, ýaşylbaş-sona we şulara meňzeşler.

Adamlar hem bu babatda hiç-hili tapawut etmeýärler. Diýmek, adam hem tebigy, biologiki jübüt bolup ýaşamak häsiýetine eýe bolmaly bolýar. Şulardan çen tutsak, adamlaryň arasyndaky erkek bilen aýal gatnaşyklary ozaly bilen biologiki zerurlyk, biologiki ýagdaý bolup durýar. Emma adamlaryň är-aýal gatnaşyklary haýwanlaryňky ýaly diňe bir nesli dowam etdirmek häsiýetine eýe bolmak bilen çäklenmän, eýsem ol jemgyýetçilik häsiýetine hem eýe bolýar. Sebäbi, maşgala jemgyýetiň iň kiçijik bölejigi, ýekeje öýjügi, kerpiçjigi hökmünde seredilýär. Maşgala bolup birek-birek bilen gatnaşmak, toý-tomaşalara maşgala bolup, saçakly barmak, adamlaryň jemgyýetdäki özara gatnaşyklarynyň netijesinde täze maşgalalaryň döremegi, soňra şol dörän maşgala bilen baglanyşykly birnäçe maşgalalaryň özara garyndaşlyk gatnaşyklarynyň ýüze çykmagy we şulara meňzeş hadysalar maşgalanyň jemgyýetde tutýan ornunyň onuň biologiki ähmiýetinden has giňiräkdigine şaýatlyk edýär.

Maşgala-nika gatnaşyklarynda döwrebap maşgalanyň kategoriýasy.

Görnüşleriň spektory.

Döwrebap maşgalanyň formasy we kategoriýasy dürli-dürlidir. Normatiw maşgalanyň gurluşy; maşgala gatnaşyklary;
1.Häkimiýete boýun bolmak.
2.Jogapkärçilik.
3.Emosional ýakynlyk.
Öwredilýän dersde maşgalanyň hili bilen düşündirilmeýär. Torohtiý maşgalany aşakdaky böleklere bölýär.
1. Sany boýunça bölünýärler: a) çagasyz; b) bir çagaly; ç) az çagaly; d) köp çagaly;
2. Düzümi boýunça: a) doly däl; b) aýry; ç) ýönekeý; d) çylşyrymly (birnäçe arka); uly; e) enelik; g) gaýtalanýan nika maşgalasy;
3. Gurluşy boýunça: a) bir jübüt maşgalanyň nikasy-çagaly ýa-da çagasyz;
a)är-aýalyň biriniň ata-enesi we garyndaşlary bilen;
b)iki jübüt ýa-da ondanam köp nikaly çagaly ýa-da çagasyz, biriniň ata-enesi, garyndaşy ýa-da olarsyz;
4.Maşgala durmuşynyň gurluşy: a) maşgala „Ýürekdeşi“;
a)maşgalanyň „Çaga merkeziniň görnüşi“;
b)maşgalaly „Sport birleşigi“;
ç)komforty, saglygy we tämizligi birinji ýerde goýýan maşgala;
5. Adamçylykly maşgalanyň görnüşleri.
6. Bir tohumly sosial düzümi: a) sosial (bir tohumly däl);
7. Maşgala stažy boýunça: a) ýaş çatynja; b) ýaş maşgala; d) çaga garaşýan maşgala;
a) orta är-aýallyk maşgala; e) uly ýaşly är-aýallyk; a) ýaşuly är-aýally çatynja.
8. Aragatnaşyklar we atmosferanyň hili boýunça maşgala: a) oňaýly maşgala; b) berk maşgala; d) pedagogik taýdan gowşak; a) durumsyz;

9. Geografik düzümi boýunça: a) şäherli; b) obaly; d) aýratyn;
10.Ulanmak (потребитель) häsiýetli görnüşi: a) ýa-da „Ýönekeý ulanyş“ (ulanyjynyň özboluşly millet tarapyndan) maşgala; a) „Intellektual“ görnüşli maşgala (kitap satyn alýan we ş.m.); a) ulanmanyň aralyk görnüşi;
11. Maşgalanyň aýry (üýtgeşik) mümkinçiliklerine görä durmuşy: a) talyp maşgala; b) aralyk maşgala; a) nikalaşmadyk maşgala;
12. Boş wagtyňy geçirmegiň häsiýetnamasy: a) açyk maşgala; b) ýapyk maşgala.
13. Sosial mobilizasiýasy boýunça: a) reaktiw maşgala; b) orta işewür maşgala;
a) indiwiduallaşan maşgala.
14. Psihologik sagdynlygy boýunça: a) sagdyn maşgala; b) nerwotik maşgala.

Häzirki zaman jemgyýetde, meselem, Yewropa halklarynda adamlaryň köpüsi özleriniň aragatnaşyklarynyň başlarynda nika girmeýärler ýa-da kanun taýdan resmileşdirmekden daşda durýarlar. Öz durmuşlaryny gurmakda alternatiw görnüşleri gözleýän ýaşlaryň sany artýar, nikanyň ewolýusion ýoly bilen bolman, olar nikanyň esasy bolan manysyny üýtgedýärler. Şu hili üýtgemeler örän uly möçberde ýetginjek ýaşlaryň medeni jemgyýetiň ösüşine laýyk bolup girişmäge täsirini ýetirýär.

Günbatar alymy R.Lider bu fenomeni düýpli öwrenmek bilen ýetginjekligiň klassiki fazasynyň başlanmagy bilen jyns ýetginjekligi we doly jemgyýet-ykdysadyýet ýetişmesi bilen doly üýtgeýändigini belleýär. Ýetginjekler jemgyýet, medeniýet ýetişmegini, ata-enesinden ykdysady tarapdan aýrylmadyk wagty doly alýarlar. Bir tarapdan ýaşlaryň zähmet durmuşynyň yza çekilmeginiň sebäbi, mekdeplerde we ýokary okuw jaýlarynda okuw wagtlarynyň uzaldylmagyndan görülýär. Ýene bir tarapdan ilki ýaşda “isleg özboluşlaýyn herekete we

peýdalanylmaga berilýär. Bu bolsa ykdysady taýdan garaşsyzlygyň ir başlanmagynyň wagtyny uzaldýar.

Ýetginjekleriň peýdalanyşda gatnaşmalary olary jemgyýet-medeniýet tarapyndan garanyňda has ýetişen edýär. Bu bolsa geçen nesillere garanyňda aýratynlyklary görkezýär. Ýaşlar nikada durmak döwründe bir tarapdan durmuş synaglaryna doly taýynlyk bilen gelýärler, beýleki tarapdan çäklendirilen ykdysadyýet garaşsyzlygyna, şunlukda ýaşlar ykdysadyýet tarapdan doly ýa-da bölekleýin ata-enelerine garaşly bolýarlar. Özüni alyp baryşlary, ýokardaky agzalanlar, kadaly garaýyşda hususan jemgyýet-ykdysadyýet ulgamynda has hem garaşsyz bolup görünýär. Şol sebäpli nika durmuşynyň başlanýan ýeriniň ata-enäniň öýünden daşda bolup geçmegi maksadalaýykdyr. Çünki ata-enäniň öýi olaryň synaglary üçin laýyk bolmaýar. Ýaş adamyň öňünde ata-enäniň öýünden daşda nädip ýaşamaly diýen sorag ýüze çykýar. Eger 60-njy ýyllarda ýaşlaryň köpüsi nika tarap ylgaýan bolsalar şu wagtky ýaşlaryň arasynda nika we maşgala çekinmeklik gözi bilen garalýar. Adaty nikanyň konsepsiýasy şol ýyllarda agyr we buýrujy bolýar. Resmileşdirilmedik nikalar “Yaşaýyş jemgyýetler” özygtyýarly ýeke durmuş şu döwürde ösüp başlaýan alternatiwe geçýär. R.Sideriň pikiriçe olar durmuşy öwrenmäge gowy mümkinçilik berýär we durmuşyň aragatnaşyklaryny üzmegi ýeňilleşdirýär.

Häzirki zaman jemgyýetinde nika-maşgala görnüşleriniň ösüşiniň tendensiýasy.

| **Adaty maşgala nika aragatnaşyklary** | **Maşgala-nika gatnaşyklarynyň görnüşleri.** |
|---|---|
| 1. Kanuny (ýuridiki taýdan resmileşdirilen); | 1.1.Ýekelik; |
| | 1.2. Resmileşdirilmedik ýaşaýyş; |
| 2. Hökmany isleg we çagalary bilen; | 2.1. Ýörite çagasyz nika; |
| 3. Durnukly; | 3.1. Aýrylyşma, gaýtalanýan maşgala-nika gatnaşyklary; |
| 4. 4.Erkek ideologiýasy (erkegiň maşgalada esas hökmünde goýulmak pikiri); | 4.1. Açyk nika; |

| | |
|---|---|
| 5. Taraplaryň jyns aragatnaşyk wepalylygy;<br>6. Geteroseksuallyk;<br>7. Diadallyk (diaşahsyýetlilik); | 5.1. Nikasyz jynsy aragatnaşyk;<br>5.2. Swingerçilik (aýal çalyşmak);<br>5.3. Intim dostlugy;<br>6.1. Gomoseksuallyk;<br>7.1.Toparlaýyn nika, bile ýaşaýyş, kollektiw maşgalalar. |

Bu alternatiw görnüşlere giňişleýin garap geçeliň (ýöne ýaýratmak üçn däldir). Biziň maksadymyz jemgyýetiň haýsam bolsa bir tarapyny tutmakda däl-de talyplary her hili garaýyşlara bolan doly düşünjäni bermekdir. Birinjiden, bularyň hemmesi bir eýýäm bar, ikinjiden, bolsa psihologlaryň maksady tankyt etmekde däl-de, eýsem beýleki uly adamlara ýaşamagy öwretmekdedir, beýleki adamlaryň garaýşyna we kadalaryna düşünmek, şondan soň öz müşderiň bilen düşünişmegiň ýoluny gözlemeli we ýüze çykan ýagdaýlardan çykmak üçin usuly we strategiýany oýlap tapmakdadyr.

Ýekelik. Bu gatlagyň hataryny düzýän adamlar hiç haçan nika durmuşynda bolmaýarlar, gysgaça aýdanyňda monowariant hökmünde durmuşy dowam etdirýärler.

Nikalaşdyrylmadyk aýal erkekler häzirki ösen senagatda we urbanizirlenen (häzirki uly günbatar şäherleri) dünýäde ýaýran zatdyr. 1980-nji ýyllarda ABŞ halkynyň 3% golaýy şunuň ýaly çatynjylardan durýan ekeni, emma hakykata seredeniňde munuň ýaly maşgala ýaşaýyş tejribesi 6 aý möhleti bilen ýaşamak 30% amerikanlarda bar ekeni. Daniýada we Şwesiýada eýýam 70-nji ýyllaryň ortalarynda takmynan 30% durmuşa çykmadyk 20-24 ýaşlaryndaky aýallar erkekler bilen ýaşapdyrlar, şonuň üçin nikalaşdyrylmadyk birleşmeler bu ýaşlyk toparynda resmileşdirilen nikadan ýygyrak gabat gelýär. Ýewropa ýurtlarynyň köpüsinde edil şol wagtda bu ýaşlyk toparynda 10-12% aýal erkek nikalaşman ýaşapdyrlar, emma soňra öýlenmän bile ýaşaşýanlaryň sany olardan-da ösüp gitdi. Bu ilkinji nobatda uly şäherlere we olaryň daş-töwereklerine degişlidir: Parižde 1980-nji ýylda geteroseksual görnüşinde bile

ýaşaýan çatynjalaryň ýarysyndan azyragy resmileşdirilen nikada – maşgala görnüşinde ýaşaýan ekenler. 35 ýas we ondan aşak ýaşly erkekler bilen ýaşaýan bolsa, eger-de olar çagasyz bolsalar diňe ýarysyndan azyragy resmileşdirilen nikada bolupdyr. GFR-de 1985-nji ýylda 1 milliona golaý çatynjalar är-aýal däl maşgala durmuşyny alyp barypdyrlar.

Nikalaşdyrylmadyk maşgala aragatnaşyklaryna garşy ýygy-ýygydan gelýän nikalaşdyrylmadyk bile ýaşaşma taryhy alternatiw aragatnaşyk bolup gelýärmikä? R. Sider muňa: ”Bu synanyşyk nika indiki öýlenmegine dogry bolar, emma däp-dessur nikanyň alternatiwasy bolup alynsa-da bu hem käbir derejede dogry bolar” diýip jogap berýär. Munda iň esasy zat nikalaşdyrylmadyk bile ýaşaşmakda aragatnaşyklar ýönekeý, ýeňil (formal), gysga we çuň, uzak bagtlylara-da bölünýärler. Birinji ýagdaýda bilelikde ýaşaýyş “synanyşyk nikada” uzaga çekmeýän nika gyýylýar ýa-da aragatnaşyklar kesilýär, edil şol wagtyň özünde bilelikde ýaşaýanlaryň sany köpelýär. Bulary nikalaşdyrylan maşgalalardan diňe hukuk tarapyndan resmileşdirilip nika gyýylmanlygy tapawutly edýär, emma çaga dogmagy uzak wagtlap dowam edilen aragatnaşyklarda höwes bilen kabul edilýär.

## VI bap. Maşgalada aragatnaşyk meselesi.

Maşgalanyň her kategoriýasy onuň sosial – psihologik aspektiniň dersi we tejribesiniň işewürligi, aragatnaşygy we onuň maşgala agzalarynyň emosional (gapma-garşylygyny), maşgalanyň sosial psihologik we maşgala agzalarynyň indiwidual – psihologik zerurlygynyň häsiýetnamasy.

Maşgalada nika gatnaşygy köp görnüşli, köp wariantly gapma-garşylygy umumylykda bolsa sistemanyň gymmatlyklary we sosial psihologik garyşykly aspektleriniň kemala gelşi we ösüşi bolup geçýär.

Geljekki maşgala oňaýlylygyny motiwler düzýär. Nika gatnaşyklaryna girmek. Häzirki wagtda maşgala nika gatnaşygynda hil-hil görnüşler bar. Köp ýaýran görnüşleriniň biri hem şu aşakdakylardyr.

1) Maşgala-nika gatnaşyklary ak ýürekli kontrakt sistemasy boýunça är-aýala nikadan maddy tarapdan näme gerekdigine üns berýärler. Maşgala kynçylygyny çözmäge kontraktda görkezilen görkezmeler kömek berýär. Emosional gatnaşyklar bolmanam biler. Aýalam, adamsam biri-birine haýsy işde bolsa-da güýçli kömek berip bilýär. Är-aýalyň azatlygy maksimaldyr, şahsy gatnaşyklar minimaldyr.

Esasy kontraktdaky görkezmeler.

2) Maşgala-nika gatnaşygy ýalan kontrakty bilen aýalam, erkegem nikadan bir gapdallaýyn haýyr aljak bolýarlar we şonlukda oňa ýa-da bir gapdala zelel ýetýär. Bular ýaly nika köplenç bir taraply bolýar.

Şu ýerde has düşünikli bolar ýaly, kontrakt sistemasy hakda gysgajyk durup geçeliň. Kontrakt sistemasy esasan, Ýewropa ýurtlarynda hereket edýär. Nika kontrakty baglaşylanda iki tarapyň duýgylary ýa-da biri-birine mynasyplygy ikinji derejeli zat hasaplanýar. Bu nika birleşmesinde esasy üns berilýän zat – iki tarapyň baýlygy bolup durýar. Ýagny öýlenýän erkegiň nähili baýlyklary bar, gelinlige ata-enesi näme berýär – şu zatlar iki tarapyňam notariusy tarapyndan hasaplanylyp, degşirilip görülýär. Eger baýlyklar biri-birine barabar görülse, nika kontrakty baglaşylýar.

Kontrakt boýunça nika baglaşan är-aýalyň azatlygy maksimaldyr diýilmegi şeýleräk bolýar: ýagny başda-da belleýşimiz ýaly, nika baglaşýanlar biri-birini düýbünden halamaýan ýa-da başga birini söýýän bolup bilýär. Şeýle ýagdaýda ärem, aýalam öz söýýäni bilen arkaýyn ýaşaşyp bilýär ýa-da är-aýalyň hersi bir ýerde aýra ýaşap bilýärler. Munuň üçin

ony jemgyýetem ýazgaranok, aýaly ýa-da ärem beýle ýagdaýlary hut bolmaly zat ýaly kabul edýär. Ine, şu-da maksimal azatlyk bolýar.

Nikalaşanlaryň şahsy gatnaşyklary minimaldyr diýilýäni, ýagny nikaly är-aýal birek-birege sowuk-sala bolup ýa-da düýbünden gatnaşyk

etmänem bilýär. Elbetde, kontrakt sistemasy türkmeniň gözi bilen seredeniňde düýвитвут bolup biljek zat däl. Türkmeniň ahlak kadalarynyň golaýyndanam geçenok. Ýöne ýer ýüzünde şeýle zatlaryňam bardygyny bilip goýmak üçin şu gollanmamyzda olar hakda-da durulyp geçilýär. Onsoňam nika meselesini dünýä derejesinde seljermek üçin dürli halklarda ýaýran düzgünlere ýüzlenmeli bolýar.

3) Zorlukly nika-maşgala gatnaşygy.

Är-aýalyň haýsy bolsa-da biriniň bähbidi üçin birine zorlukly ýa-da belli bir durmuş kynçylyklary ýa-da ýürek agyryly ýagdaýda bolanlygy üçin kompromise gidýärler. Çuňňur duýgular barada-ha gürrüň edibem durulanok. Bähbidine edilmeýän gowy görlenok, obýekti bolmaýan isleg gyzyklanmaýar. Nika gatnaşygyna girenden soň ol aýalyny hususy zady diýip hasap edýär. Nikada we maşgalada azatlyk diýen düşünje ýok. Bular ýaly maşgalada psihologik bar bolmak differensirlenen maşgalada bolmaly mümkinçilikler, geçirimlilik ýok.

Maşgala-nika gatnaşyklar ritual, sosial oňaýsyzlyklar ýaly. Belli bir ýaşda adamlar şeýle netijä gelýärler. Olar daş-töweregine seredip boýdaşlarynyň durmuşa çykandygyny ýa-da öýlenendigini görýärler we özüniň hem nika gatnaşygyna girmeli wagty geldi diýip duýýarlar.

## Maşgala gatnaşýklarynyñ esasy bölekleri we onda liderlik meselesi.

Resmileşdirilen nikalaryň güýji kem-kemden gowşaýar. Şwesiýada nikadan öň bile ýaşaşmak sosial kanuny hökmünde kabul edildi. Çatynjalaryň hemmesi diýen ýaly nikanyň öňünden birnäçe wagtlap bile ýaşaşypdyrlar. Ýaşlar diňe däp-dessury ýatlap öýlenýärler. Nika bilen hiç bir ýagdaýda çatynjalaryň aragatnaşyklatyny jemgyýetçilik rugsady (sanksiýasy) bilen baglanyşdyrmaýarlar. Nika raýatlaryň jynsara gatnaşyklarynyň kanun tarapyndan nama ýazgysyny resmileşdirýän manysyny ýitirýär.

Daniýada-da edil şunuň ýaly ýagdaý. Bu ýerde hem bile ýaşaşýanlaryň aragatnaşyklaryny belli bir wagt geçenden soň resmileşdirip nika gyýýarlar. Çagalary nikasyz ýaşaşyp dogurýan aýallaryň köpüsi şunuň ýaly nikasyz birleşmelerinde ýaşaşýarlar. Bu aýallaryň 98% çagalary ulalandan soň durmuşa çykýarlar. Aýallaryň bir bölegi bolsa yzygiderli, birnäçe gezek nika tarapyndan resmileşdirilmedik birleşmelerini gurup, olardan çykýarlar. Bu ýagdaýda "Synaşyk nika" hakykata seredeňde yzygiderli poligamiýa öwrülip gidýär. Emma bu ýagdaýda-da ýaňky aragatnaşyklar uzagrak gider diýen umyt az bolsa-da bar.

Nikalaşdyrylman bile ýaşaşylýan ýagdaýlarda nikalaşmak pikiri ýok bolanok. Munuň ýaly aragatnaşyklarda ýaşaýan aýal-erkekleriň 90% nikalaşmak hyýaly bardy, emma hökmany suratda ýaşaşýan ýoldaşy bilen däl. Munuň arasynda adamyň başdan geçiren psihologik agyr ýagdaýlary (trawmalary) bardyr (biwepalyk, söýýän, söýüşýän adamsynyň ölmegi, ähtiýalanlyk, jyns aragatnaşyklarynda şowsuzlyk, aldaw we başga zatlar) ýa-da ýaňky ýagdaýlar gaýtalanar diýen gorkusy.

Geliň, nikasyz ýaşaýanlaryň hemişe nika garşy getirýän delillerini derňäp göreliň: Munuň ýaly gatnaşyklar belli bir, özboluşly maşk (trening) bolýar (synanyşma nika).

Nikalaşdyrylmadyk ýaşaýyşda güýç we biri-birine gelişmegi barlanylýar (synanyşma nika). Şunuň ýaly bile ýaşaşmakda belli bir derejede aragatnaşyklar giňräk bolýar, mejburlyk ýok (dawalaşyp sögüşen ýagdaýlarynda: "Sen näme üçin maňa öýlendiň?" ýa-da "Sen meniň aýalymmy?" we hususyýetçilik effekti pasportda möhür goýulandan soň (uzaga çeken aragatnaşyklar – är-aýal däl maşgala durmuşy) ýok bolýar.

Nika şertnamasynyň (kontrakt) giňden ýaýramagy geljekki maşgala durmuşynda çatynjalaryň arasynda gabat gelýän garaşylmadyk ýagdaýlar bilen baglanşyklydyr, emma kontrakt çäksiz uly bolup bilmeýär, onuň içinde bolaýjak zatlaryň, ýagdaýlaryň hemmesini öňünden bilip bolmaýar. Eger-de çatynjalaryň biri binamys aldawçy bolaýsa, onda size hiç zat kömek edip bilmez. Gowy durmuşda ýoldaşyňyz bilen siz şertnamasyzam ýaşap bilersiňiz.

Nika gyýylmadyk aragatnaşyklarda aýal erkegiň ruhlary belendräk, aragatnaşyklaram kanagatlyrak bolýar (är-aýal däl maşgala durmuşy). Bu deliller boýunça käbir düşündiriş berenimizde aşakdaky pikire gelýäris: geçirilen ylmy barlaglar munuň ýaly bile ýaşaşmak durmuş tejribesine, orta derejede alanymyzda indiki boljak nikanyň şowhunly boljakdygyna hiç hili täsiri ýok. Ahyryn treningiň bir görnüşini tapjak bolsaňyz onda ata-enäniň maşgalasyna ýüzlenäýmelidir. Diňe maşgalanyň içinde, adamyň ösen ýerinde, onuň geljekki nikalaşmak durmuşyna taýýarlyk geçirilýär. Türgenleşigiň özi erkek we gyz doganlary bilen nähili görnüşde aragatnaşyklara düşenligine garaşly bolýar. Şonuň üçin olaryň maşgalada barlygy we olaryň nähilidigi geljekki nikanyň öňden şowhunly ýa-da şowhunsyz boljagyny çaklap bilip bolýar. Diňe gyz

dogany bilen oglanjyk aýallaryň gürrüňlerine, endik bolan gylyklaryna, onuň telefonda edýän bideregräk sözlerine, geýim-gejimlerine, kosmetika, gowy görýän zatlaryna düşünip başlaýar. Onuň bilen ol çydamlylygy mähirliligi, biri barada pikir etmegi öwrenýär. Başga tarapdan ol ony ýigrenýär we oňa buýsanýar, ol barada alada edýär we sylaýar. Eger-de gyz we oglan doganyň arasynda aragatnaşyklar oňat ýola goýulsa, olar biri-birine düşünişip, bassaşlyk etmän, bile işleşseler, biri-birini sylamaga, üstünliklerine begenmäni öwrenseler, onda her haýsysynyň geljekki nikaly maşgala aragatnaşyklarynyň gowy bolmaklygynyň mümkinçiligi juda netijeli, ýokarda bolmalydyr.

Nikasyz aragatnaşyklaryň tarapdarlarynyň gürrüňleri ruhy we umuman, “azatlygy” barada dogry däl we durnuksyz: munuň ýaly aragatnaşyklaryň arasynda pozitiw we negatiw aragatnaşyklaryň görnüşleri bar.

Häzirki ylymda nikasyz maşgala durmuşyny halaýan adamlaryň özboluşly, umumylaşdyrylan psihologik suratlary suratlandyrylan: olar durmuşa liberalrak garaýarlar, diňe hyjuwy azrak, ýokary derejede androgenli, çaga we ýetginjek wagtlarynda gowşak okan, sosial tarapdan – şowhunsyzrak, emma bularyň ählisi üstünlikli maşgaladan gelip çykýarlar.

Durmuşyň “eksperimental” görnüşleri adamlardan ýokarrak derejede refleksiýany we umumylaşdyrmany, zehini talap edýär. Jemgyýetiň bu-da soňky sanda däl, basyş güýçlerine garşy durar ýaly kuwwat talap edýär.

Awstraliýada geçirilen soraglar boýunça nikasyz bile ýaşaşma “synanyşma nikasy” hökmünde, halkyň köpüsinde kabul edilýär. Emma R.Sideriň pikiriçe, halkyň köpüsi azatlykda bile ýaşaşmany ýazgarýarlar. Muny seksual etiki delilleriň üsti bilen esaslandyryp bolmaz, munuň aňyrsynda, siňeräk seredeniňde diňe çagalaryň bähbidi bar diýip düşünäýmeli. Muňa biz hökmany suratda psihologik sebäplerden başga Russiýa degişli sosial-ykdysady sebäpleri

hem agzamalydyrys: jaý ýagdaýy, jaýa hasaba durmak, ýeke ene hökmünde ýaşaýan aýallaryň çaga puluny almak kynçylyklary we başgalar.

**Är-aýal gatnaşyklary, maşgala-nika gatnaşyklarynda birek-birege gabat gelmeklik.**

Häzirki döwürde ýaşlarda nika bolan durnukly garaýyş bar, ýöne başgaça pikir edýän adamlaryň sany gün-günden artýar. Azlygyň köp bölegi nika institutynda gowşan nikany goramak hususan hem ösen ýurtlara häsiýetlidir. R.Lideranyň aýtmagyna görä, 1978-nji ýylda GFR geçiren soraglara görä nikalaşmadyk adamlaryň 18%-i "ýeke we garaşsyz" ýaşamagy özüne çekiji görýärler. 1981-nji ýylda geçirilen syn işlerinde bolsa ýaşlaryň 13%-i nikalaşmagy islemeýändiklerini, 7%-i bolsa çaga islemeýändiklerini aýtdylar. Şol döwürden başlap skepsiz ýene-de ösdi. Ors gyzlarynyň 9% we şwed gyzlarynyň 5%-iniň pikiriçe nika diňe aýal üçin gerek diýip aýdýarlar, hiç haçan nikada bolmazlyk şwed gyzlarynyň 3% we rus gyzlarynyň 28%, hiç haçan çaga edinmezlik rus gyzlarynyň 38%, şwed gyzlarynyň 1% aladalandyrýar.

Başlangyç pikire görä Skepsisiň döremeginiň ýaşlaryň ata-eneleriň durmuşynda alan tejribelerinden alýarlar, olaryň çaknyşyklaryny we kynçylyklaryny öwrenip ony çagalygyndan bäri göterip gelýärler.

Gündelikden: "Ol meni öz geljegi bilen gorkuzýar. Sen kim bolarsyň? Birinji erkek seniň bilen islän zadyny eder, zalym adamlar gülerler, işdäki hojaýynlaryň azar berip başlarlar, äriň urup başlar ýa-da sen ýaly samsyjagy taşlap gider". Ol maňa öz gorkularymy boýnuma atýar. Şeýle ýagdaýlar ýaşlaryň öz durmuşynda alternatiw ugurlaryny gözläp başlaýarlar.

Ýeke ýaşamak – bu taryhy täze fenomen bolup, bu üýtgeşme esasanam uly şäherlerde ýiti bildirýär. Erkekleriň we aýallaryň aglaba bölegi ýeke ýaşamagy maksat edinýärler. Sosial nukdaýdan garanyňda bu infrastrukturanyň ösmeginiň

esasy sebäpleriniň biri hyzmatlaryň we tehniki kömegiň uly şäherlerde ösmegidir. Ýeke adamlaryň köpüsi monowariantda ýaşamagy dürli sebäplere görä maksat edindiler.

Bilim ulgamynyň aýallaryň arasynda ösmegi köplenç aýal maşgalany öz ugrundan alyp gidýärler we ol özüni ussatlaryň arasynda görkezmegi maksat edinýär. Bu bolsa şäher aýal maşgalasyny ony daňjak nikadan iterýär. Mundan başga-da, bilim almak köp wagty talap edýär, şol sanda aýal monowariantda çaga dogruş döwrüni geçirip hem bilýär. Aýallaryň köpüsi nika ýaşynda (sebäpleriň görnüşleri – erkekleriň arasynda ölümiň ösmegi heläkçilik, uruş we ş.m.) nikasyz galyp bilýär. Şol ýagdaýlaryň esasynda aýallaryň arasynda erkek ugrunda göreşi islemeýärler.

Jemgyýet köp gatlaklaryň arasynda ýeke ýaşamak aňsat düşer diýen pikir ýaýradýar. Şol sebäpleriň birem ykdysady; ösen işsizlik, aýlap tölenişiniň saklanmagy, döwlet hemaýatynyň ýoklugy, Russiýadaky jenaýatçylygyň ösendigi psihologik raýatlykdan maşgalada peýdalanmak ykdysady-medeniýet tarapdan maşgala syýasaty hem sebäp bolup biler.

Alymlaryň aýtmagyna görä, aýal maşgala ýekeligi erkeklere garanyňda aňsat geçirýärler. Sebäbi ýokary bilim, iş, psihiki saglyk, öý ýagdaýy erkek adamlara garanyňda gowy. Şunluk bilen ýekelik iň az öwrenilen bölümleriň biridir. Geçen döwürde ýekelik bolmadyk ýaly, sebäbi bütin uly sowet maşgalasy bardy.

Ýekeleriň köp bölegi jyns gatnaşygynda bir adam bilen uzak wagtlap bolýarlar. Öz öýünden ýüz öwürmän köpüsi birnäçe wagtlap öz ikinji tarapy bilen ýaşap bilýärler. Bu bolsa şahsy garaşsyzlygy ösdürýär we deňsiz aýal erkegi iş paýlanyşygyndan azat edýär. Ýeke adamlar öý işlerini özleri edip bilýärler. Munuň garşysyna olar ejelerine we doganlaryna hapa eşiklerini getirip maşgala gurluşyna päsgelçilik döredýärler. Ýene bir zady goşmak gerek. Ýekeligiň maksady

we monowariantda ýaşamak uzak wagtlap dowam etmezligi hem mümkin. Aýallarda bu ýagdaý 30-35 ýaşda, erkeklerde 40-45 ýaşda bu pikir üýtgäp biler. Elbetde bu ýagdaý olaryň durmuş hemrasyny isleg bilen gözläp başlanda ýüze çykýar.

Nikalaşdyrylmadyk maşgala ýaşaýşy. Bu däp-dessura laýyk gelmeýän nikalaşdyrylmadyk maşgala ýaşaýşy özüniň ýaýrap köpelmegini Russiýada, raýatlyk nika diýlen ady aldy. Emma adalga (terminologiýa) tarapyndan bu at dogry däldir. Sebäbi raýat ýagdaýlar nama-ýazgysy (ZAGS) hut kanun boýunça ýuridiki resmileşdirilen nika hakyky nika bolýar.

Halkyň pikirine görä munuň ýaly nikalaşmany ýaşrak we bilimliräk adamlar edýärler. emma bu bolsa hakykatda dogry däl. Geçirilen ylmy derňewler boýunça ösen ýurtlarda 25% nikalaşdyrylmadyk aýal erkeklerde 14 ýaşyna ýetmedik çagalary bar.

## VII bap. Maşgalada är-aýal gatnaşyklary we çagalary terbiýelemek.

Türkmen maşgalasynda perzentleriniň öňünde uly borçlar durýar,ýagny perzent ata-ene bilen edep görkezip üzlüşip biler. Bir milletiň galkynmagynda maşgala uly orun tutýan bolsa, maşgalanyň göterilmeginde hem perzent uly orun tutýandyr. Edepli perzendiň öz-özünden döremeýşini, perzendiň edep-terbiýä mätäçdigini, çaga ykrar edilen jemgyýetçilik gymmatlyklaryny siňdirmelidigini, jemgyýetçilik ýaşaýşyna ýaramly, ukyply şahsyýete öwrülmelidigini durmuş tejribesi görkezýär.

Maşgala bolmagyň başyny başlaýan nikany hukuk mekdebi diýip hasaplasak, är-aýal maşgalada deň hukukly ýanýoldaşlardyr. Maşgalada aýala tebigat ulurak borç ýükläpdir. Zenan özüniň ene bolmalydygy barada heniz nikadan has öň oýlanmalydyr. Nesil ösdürip ýetişdirmek her bir är-aýalyň hormatly hem mukaddes borjydyr. Ata-ene perzendiň

çagalykda, ýetginjeklikde, ulalanda syrdaşy-ýoldaşy we maslahat salýan beýik şahsyýetleri bolup durýar.

Ata-eneleriň kemalyýet medeniýetini ýokarlandyrmagyň möhüm serişdesi maşgala kemalyýeti bolup, ol kemalyýet ylmynyň möhüm pudagydyr. Ol ata-enelere özleriniň terbiýe işleriniň netijelerini aňly göz öňüne getirmäge, maşgala terbiýesiniň maksatnamasyny, onuň usullaryny we guralyş tärlerini işläp düzmäge, çylşyrymly ýagdaýlarda dogry kemalyýet karara gelmäge ýardam edýär. Adatça çaganyň kadaly şahsyýet bolup ýetişmekligi üçin aşakdaky şertleriň zerurlygy nygtalýar:

Birek-birege söýgi we hormat. Şeýle gurşawda bolmadyk adam öz ýakynlaryny, watandaşlaryny, Watany söýüp, adamlara ýagşylyk edip bilmeýär. Şol bir wagtyň özünde köre-körlük bilen berilýän ene söýgüsi, çagany çybykdan erbet saýgylaýar we adamy ahlaksyz doýar-dolmazlyga ýa-da diňe özüni bilýän wezipeparazçylyga itekleýär.

Çaga pikirlenmäni, dogruçyllygy, söz bilen işiniň birligini öwredýän ýokary ahlakly terbiýeçiniň bolmagy.

Şeýle terbiýeçi çaganyň enesi bolsa has gowy, ýöne ol adaty terbiýeçi hem bolup biler. Onuň garamagynda 6-7 çaga bolýar. Bu möçber terbiýeçiniň çagalaryň her biri bilen duýgy-emosional gatnaşykda bolmagy üçin zerur we ýeterlikdir.

“Biziň hemmämiziň gözbaşymyz çagalykdyr”. Adam hemme gowulygy we erbetligi maşgaladan alýar. Bu pedagogiki pähim belki hemme kişä bellidir. Şunlukda, maşgala terbiýelemegiň we adamyň aýratynlykda kemala gelmeginiň esasy gurşawy bolupdy, bolar we bolmaklygy dowam eder. Elbetde jemgyýetiň arabaglanyşygynyň ösmeginde, urbanizasiýasynyň we ylmy-tehniki ösüşiň ösmekligine, maşgala pedagogikasy terbiýelemegiň belli bir derejesinde aşaklandy. Mysal: eger-de ýaş maşgala öňler aňly düşünjeli dogan-garyndaşlaryň ýa-da goňşylaryň garamagynda şolara

seredilýän bolsa, indi bolsa maşgala ugrukmasy sosial gurşawyň okuwlarynda ýa-da gurnalan dynç alyş ýerler bilen seredilýär.

Bu terbiýä garalmagynyň netijesinde maşgalada-maşgalabaşylygyň kemala gelmegine hiç-hili zyýan ýetmedi. Bu zatlaryň hemmesi ýöne ýerden alnan düşünjeler däl. Şeýlelikde maşgala esasy terbiýeçilik ýagdaýyna liderçilik edýär. Bu esasy ýagdaý bolup, mekdep terbiýesi soraglaryň netijesinde 1-nji we 2-nji ýerleri eýeledi. Emma edebiýat we pedagogika täsir sungaty bolsa iň söňky 7-nji ýeri eýeledi. (Ýoldaşlyk we jemgyýetçilik edaralary we zähmet kollektiwi 4-nji, 5-nji ýerleri we özüni tebiýelemeklik 6-njy ýeri eýeledi).

Maşgalada çaga edýän täsirleri, ýagdaýlary hünärmenler şertli 3 topara bölýärler:

I topar - bu maşgaladaky sosial kiçi tutumdyr, haçan-da çagalar sosial gymmatlyklar bilen arabaglanyşyk saklanda, çagalar terbiýelenende, kynçylyklar we häzirki zaman dünýäsiniň ters düşündirilişine alyp barýar.

II topar - bu içki maşgaladan daşky ýagdaýlar, ýagny çaganyň öz işjeňligi, zähmete bolan garaýyşy bolup durýar. Bu topardaky ösüşiň derejesiniň ýagdaýy oba ýerlerinde saklanýar, emma gynansak-da bu ýagdaýlar şäher ýerlerinde örän gowşady. (Sosiologik gözlegleriň netijesine görä säher ýerdäki mekdep çagalarynyň 40% zähmeti we öý işjeňligi ýokdur).

III topar – bu hususy toplumlaýyn pedagogiki täsire gönükdirilen maşgala terbiýesidir.

Siziň çagalaryňyz diňe gepleşeniňizde ýa-da oňa bir zat öwredeniňizde terbiýelenmän, ol terbiýäni siziň özüňizi alyp baryşyňyzda we geýinişiňizde hem terbiýelenýändir.

Özüňiziň sesiňizi çalaja hem bolsa üýtgetseňiz çaga ony aňýar. Eger-de siz öz öýüňizde gödek hereketler etseňiz çagalary gynandyryjy düşünjelere getirýär.

Adamlaryň arasyndaky arkalaşygy, arabaglanyşygy, häzirki zaman sosial psihologiki taýdan indiki toparlara bölýärler.

Arkalaşyk birek-birek bilen düşünişip işlemek, gowy aragabaglanyşygy saklamak.

Paritet-deňeşdirilen, “bileleşen” arkalaşyk bileleşigiň agzalarynyň birek-birege bähbitli bolan arkalaşyk.

Ýaryşyk-hoşniýetli arkalaşykda gowy we köp üstünlikleri gazanmak.

Konkurensiýa –baştutanlyga hyjuw we beýlekileriň üstünden höküm sürmek we olary haýsy hem bolsa bir sferada aşak (pese) düşürmek.

Antogonizm-toparyň agzalarynyň arasyndaky düşünişmezlik.

Bularyň içinde iň öndümlisi hem arkalaşykdyr. Antogoniki gatnaşyklar maşgalada gynansak-da gowy görkezijileri görkezmeýär, has-da ýaňy terbiýelenmäge mätäç çagany nädogry ýollara alyp barýar.

Hünärmenleriň çaklamalaryna görä näsazlyklar, dawalar we köp düşünişmezlikler maşgala durmuşynda, ylaýta-da ýaş birigişen maşgalada çagalaryň durmuşyny aşakdakylara getirýär.

1-nji-den, maşgalada agzalylyk bolsa we ata-eneler çagalaryň terbiýesine seretmese onda çaga ylalaşylmadyk tertbiýeleniş görnüşini alýar.

2-nji-den, maşgala abadançylygy we kadaly ösüşiň bolmagy üçin maşgalada we ruhy dynç alyşlar barada gullugy ýola goýmaly;

3-nji-den, çaganyň birden nerw psihologiki işjeňligi erbetleşýär.

4-nji-den, çaga özüni, özüne erk etmegi ýitirýär.

5-nji-den, çaga özüniň uýgunlaşmasyny pese düşürýär.

6-njy-dan, çaga entek doly adamkärçilik sypatlaryna düşünmänkä ol muny ýitirýär we düşünişmezliginde galýar.

7-nji-den, çagada maşgala we ata-enä garşylykly garaýyşlar ýüze çykýar we ýigrenç ten duýgylaryny başdan geçirýär, kä wagtlar ata-enäniň haýsy hem bolsa birine duşmançylykly garaýyşlar bilen garaýar.

Kä wagtlar ata-eneler çaga üçin kim diýen soraga ýüzlenesimiz gelýär.

1-nji-dan, ata-eneler çaga üçin ýylylyk we goldaw çeşmesi bolup durýar.

2-nji-den, hökmürowan-güýç we öňe iteriji adamdyr.

3-nji-den, göreldeli we özüne çekiji güýçdir.

4-nji-den bolsa, dost hem maslahatçydyr.

Şu ýerde bir zady belläp geçmeli, ýagny, ady agzalan 4 bölümleriň hemmesini çaganyň we ata-enäniň arasyndaky baglanyşykda hökmany suratda amala aşyrmaly.

Ýaňy dünýä inen çaga we çagalyga çenli ady agzalan bölümleriň birinjisi öňe sürülýär. Irki we soňky çagalyk döwründe bolsa ikinji bölüm ýa-da topar öňde hökmürowanlyk sürýär. Emma irki mekdep çagalyk döwründe bolsa üçünji hem-de ýetginjeklik döwründe bolsa iň soňky bölüm ýa-da topar degişlidir. Mundan beýläk bolsa eýýäm çaganyň ýetginjeklik döwründen başlap ata-ene we çaganyň arasyndaky gatnaşyklarda birek-birege diňe arkalaşyk arkaly terbiýäniň görnüşi amala aşyrmaly we ata-ene-ýetginjek üçin dost we maslahatça ymtylmaly. Ösüp barýan terbiýesinde mugallymyň roly hem çäksiz uludyr. Şunuň bilen birlikde, mugallym haýsy temada ünsi özüne çekmeli hem ol ata-enäniň häsiýetlik we örän tanalýan adamlar (awtoritet) baradaky düşünjeleri mugallymyň gowy düşündirmesidir we esasy şunuň bilen birlikde häkimlik düşünjäni peseldip we ady belliligi ýokarlandyrmakdadyr. Umumylaşdyryp alnanda ady bellilik (awtoritet) ynama girilen düşünje hökmünde seredilýär.

Sosiologiki gözlegleriň netijesinde tas ýarty şäher okuwçylar öýdäki zerur bolmadyk işler bilen meşgul bolýar.

Iýmit satyn alnanda, öýleri ýygnamakda, gap-çanaklary ýuwmak işleri. Indi bolsa gyzykly aragatnaşyk barada pikir alşalyň. Ulularyň we çagalaryň arasyndaky aragatnaşyk diňe bir pikir alyşmak däl-de, eýsem häzirki zaman çaga terbiýeleniş, ýagny aragatnaşykly çagalary terbiýelenişdir. Bu näme üçin şeýle bolýar? Sebäbi ýetginjek bilen uly adamlaryň, ýagny ata-eneleriň arasyndaky aragatnaşyk, pikir alyşma derejesinde terbiýelenilse onda ýetginjegiň geljegi, aň-düşünjesi we özüni alyp barmagyň modelini gowy tarapa kämilleşdirýär hem-de şunuň bilen birlikde adam gatnaşyklarynda adam sypatlaryny we psihologiki hazynalaryny hem-de özüniň terbiýeleniş düzümini has hem gowy tarapa iterýär.

Şu ýerde esasy maşgala gatnaşyklarynda belläp geçmeli zat maşgalada aýalyň roly barada aýdyp geçeliň, sebäbi çaganyň ösüşiniň ähli etaplarynda atanyň roly psihologiýasyna hemme taraplaýyn täsir edýär. Esasan hem, çaga mekdep döwründe ene terbiýesi ata terbiýesi daýanç psihologiki täsirine zerurlygy döreýär. Bu döwürde ene terbiýesi gönükdiriji maşgala terbiýesinde bolsa onda çaga üçin doganlar we jigiler jemgyýet barada düşünjäni we sosial işjeňligi giňeldýärler.

**Maşgala dartgynlygy (Konflikti).**

Maşgala gatnaşyklarynyň örän ir döränligi sebäpli, maşgalada enäniň we atanyň bolmagynyň hökmanylygy tötänleýin aýdylan däldir. Ýöne, gynansagam maşgala durmuşy elmydama gatnaşyklaryň gözbaşy bolup durmaýar. Maşgalada köpsanly kynçylyklar, agyr meseleler ýüze çykyp durýar. Islendik dinamiki gurluşda bolşy ýaly, maşgalada hem kynçylykly döwürler bolýar. Gynansagam hemme maşgalalar şol kynçylyklary doly ýeňip bilmeýärler.

Umuman dartgynylylyk näme we onuň adama edýän täsiri nähili?

Dartgynlylyk - bu oňyn däl emosional duýgular bilen baglanyşykly, aýratyn bir indiwidiň aňynda, şahsyýetara, özara

täsirlerde ýa-da indiwidleriň, ýa-da adamlar toparynyň gatnaşyklarynda barlyşyksyz biri-birine gönükdirilen tendensiýanyň çaknyşmagydyr. Dartgynlylyk esasan topar arasynda, şahsyýet arasynda we şahsyýetiň öz içki dünýäşinde döräp biler. Şahsyýetiň öz içki dünýäsinde döreýän dartgynlyga, mysal edip alsak, howuzyň içinde duran oýunjak gazjagaz çagany özüne çekýär, şol bir wagtyň özünde howuz bolsa çaga iteriji täsir edýär, ýagny, çaganyň oýunjaga bolan islegine garamazdan howuza dörän gorky ony saklaýar, şonda çagada döreýän ýagdaý çaganyň içki dünýäsinde dörän dartgynlyk bolup durýar.

Dartgynlylyk barada günbatar alymlary dürli pikirler aýdyp geçýärler. Olar esasan hem dartgynlylyk ýagdaýynyň adamyň nerw ulgamyna täsirini ýetirmegi esasynda newroz ýagdaýynyň döreýänligini belleýärler. Maşgalada ata-eneleriň, olaryň çagalarynyň arasynda döreýän dartgynlylyk ýagdaýy çaganyň ösmeginde uly üýtgeşmelere geririp bilýär, ýagny egoistik häsiýetli, gyjynyjy, doňýürek, müňkür, galagoply şahsyýet bolup ýetişmegine esas bolýar.

Mundan başga-da şahsyýetiň özüni alyp barşynda dürli nädogry, sazlaşyksyz hereketleriň döremegine dartgynlygyň täsiriniň uludygyny bellemek bolar. Maşgalada döreýän dartgynlylyk ýagdaýy soňlugy bilen ruhy näsaglyga, kem akyllylyga, jenaýatçylykly hereketlere hem eltýär. Meselem, adamsynyň aýaly bilen birnäçe gezek dawa etmeginiň netijesinde onuň bedenine şikes ýetirmegi. Dartgynlygyň ösmegi netijesinde ol kem-kemden affekt ýagdaýyna getirýär, ýagny ol özüniň edýän hereketlerini aňlamaýar. Şeýle ýagdaý hem newrozyň bir görnüşidir.

Dartgynlyk ýagdaýynyň döremeginiň sebäblerine durmuşdan bir mysal alalyň:

“Öỳlenen ỳigit ilkinji günden gelnini adam hasap etmän, oňa azgyrylyp, her demde kemsidip başlasa, gaỳyn ene-de,

gaỳyn ata-da uzak hormatlamaz! Olaryň hormatlamaỳan zenanyny goňşy-golam hem, obadaşlary hem hormatlamaz. Ine, onsoň şol gelin Günüň astynda, ỳeriň üstünde öz ỳaşaỳşy üçin göreşip başlar, ol adamsy bilen gygyryşmany hem çykarar, gaỳynlaryna, goňşy-golamlaryna-da awusyny pürker!

Dartgynlylyk ỳagdaỳlaryň döremegi we onuň netijesi barada soňky wagtlarda sosial-jemgyỳetçilik psihologiỳasynda uly üns bilen öwrenilýär. Psihologiỳa ylmynda dartgynlylyk ỳagdaỳyny birnäçe görnüşlere bölỳärler. Olaryň has giňden ỳaỳranlary konstruktiw we destruktiw görnüşleridir.

Konstruktiw görnüşi - çaknyşma netijesinde dowamynyň, çözüwiniň we kanagatlylyk duỳgusynyň ỳüze çykmagy hyzmat edỳär.

Destruktiw görnüşi – **ç**aknyşmanyň netijesi bilen kanagatsyzlyk dowamlylygynyň täzeden ỳüze çykmak duỳgusy we dartgynlylykdyr.

R.Gowd maşgala dartgynlygynyň görnüşlerini güýji boỳunça bölýär.

1. Ähmiýetlilik dartgynlylygy - näsazlyk zerarly ỳüze çykỳan açyk tutaşmalar bilen görkezilen.
2. Progressiw dartgynlylyk - adamlaryň biri-biri bilen uỳgunlaşmazlygy bilen dartgynlygyň ösmegidir.
3. Alyşganlylyk dartgynlylygy - bu nikalaşanlaryň durnukly gapma-garşylyklaryň barlygy bilen baglydyr. Bularyň arasyna dartgynlylygyň açyk we ỳapyk görnüşlerini goşmak bolar.

Açyk – är- aỳal bilen örän güỳçli duỳgular geçirilỳär, ỳagny, olar biri-birleri bilen açyk dawa edỳärler.

Ỳapyk – bu bolsa keỳpsizlik, öýden gitmeklik we s.m. ỳaly ỳapyk görnüşde döreỳär.

Belli bolşy ỳaly nika özara islegleri kanagatlandyrmak üçin baglanyşdyrylỳar. Dawa ỳagdaỳy bolsa her bir maşgalada ỳüze çykỳar, bu ỳagdaỳlardan maşgalany goramak üçin olaryň

sebäplerini bilmek gerekdir. Bu sebäpler dürli-dürlidir. Meselem:

1. Çagalary terbiỳelemekde sebäpli dawalar.
2. Pul ỳetmezligi.
3. Aỳalyň ỳa-da äriň gabanmasy.
4. Jynsy gatnaşyklar bilen kanagatsyzlyk we ş.m.

W.A.Sysenko özüniň ”Nika näsazlyklary” diỳen düỳpli ylmy işinde (monografiỳasynda) maşgala dartgynlygynyň düỳp sebäbi hökmünde nikalaşanlaryň isleglerini we möhüm zerurlyklaryny göz öňünde tutỳar.

Maşgalada döreỳän dartgynlylyk sahsyỳetara dartgynlylygydyr. Sebäbi bu döreỳän dartgynlylyk iki adamyň - är-aỳalyň arasynda, ata-ene, çaga arasynda we ş.m. döreỳän ỳagdaỳdyr. Şunlukda ata-ene we çaga arasynda döreỳän dartgynlylyk ỳagdaỳynyň birnäçe sebäbi anyklanyldy.

1. Özbaşdaklygy islemegi.
2. Diỳenini etmezlik.
3. Öỳ işine gatnaşmak isleginiň ỳokdygy we ş.m.

Şu sebäpden maşgalada dartgynlylyk ỳagdaỳlaryny ỳetginjekleriň kynçylykly işleri bilen aňlatmak bolar.

Ata-enäniň we çaganyň arasynda döreỳän dartgynlylyk ỳagdaỳynyň sebäplerini Z.Freỳd, E.Erikson we A.Addler ỳaly alymlar şeỳleräk kesgitleỳärler.

E.Erikson 1-3 ỳaşly çagalarda döreỳän dartgynlyk ỳagdaỳynyň sebäbini şeỳleräk düşündirỳär. Esasan dartgynlylyk ỳagdaỳyň döremegine ata-ene günäkär bolup durỳar. Olar adatça iki sany ỳalňyşlyk goỳberỳär.

1. Çaganyñ edip biläýjek zadyny uly igenç bilen ata-enäniñ özüniñ ýerine ýetirmegi.
2. Kähalatlarda ata-eneleriñ çaga laýyk gelmeýän ýumuşlary tabşyrmagy.

Bu ýagdaýlaryñ ikisi-de çagada öz-özüne gönükdirilen gahar görnüşinde utanç duýgusy döreýär we dartgynlyga

öwrülýär. Çagada bu döreýän dartgynlygy ulular hiç hili üýtgeşme hökmünde kabul etmeýärler we wagtyň geçmegi bilen şol çaga ulalandan soňra maşgalada näsazlyk dörediji bolup ýetişýär.

Z.Freýdiň bellemegine görä 5-6 ýaşly oglanlarda "ejem meniňki," gyzlarda bolsa "kakam meniňki" diýen söýgi döreýär we olar bu söýgüsi esasynda ata-enesinden gaharly ýagdaýda jogap alsalar, onda olarda söýginiň deregine ýigrenç duýgusy emele gelýär we wagtyň geçmegi bilen dartgynlylyk döretmek üçin özlerini dürli hili alyp barýarlar.

A. Adler bolsa bu ýagdaýyň esasy sebäbini käbir ata-eneleriň "sen diýip, men öz işimden galyp bilmerin" diýip, öz çagasyna seretmezligi esasynda şol çagada "iller ýaly atam-enem bolmady" diýen duýgusynyň döremegine getirýär we öz ata-enesinden närazylyk ýagdaýy döredýär.

Maşgalada döreýän dartgynlyk ýagdaýynyň dürli-dürlüligi sebäpli ony doly kesgitläp bolanok, ýagny maşgalada döreýän dartgynlylyk dünýäniň dürli künjeginde dürli-dürli medeniýetiň, kanunyň bolany üçin maşgala ýagdaýlary hem dürli-dürlidir. Meselem: Şäherlerdäki maşgalalarda döreýän dartgynlygyň sebäbi bilen, çet obalarda ýaşaýan maşgalalarda döreýän dartgynlyk ýagdaýlarynyň sebäpleri biri-birine düýbünden gabat gelmeýär. Şular ýaly sebäpler psihologlaryň ünsüni özüne çekdi, olar derňewleriň uly-uly şäherlerdäki çaga we ata-ene arasynda döreýän dartgynlylyk ýagdaýynyň sebäbini esasan çagalary okuwdan boş wagtlaryny nämä sarp etjegini bilmän, dürli hili nogsanlyklara baş urup başlaýar we şonuň netijesinde dartgynlylyk ýagdaýyna getirýär. Emma obalarda ýaşaýan maşgalalarda ata-ene we çaga arasynda döreýän dartgynlylyk ýagdaýynyň şäherlerdäkä garanyňda az bolýandygynyň sebäbini çagalaryna ata-eneleri dürli işleri buýrmagy esasynda olary oba-hojalyk işleri bilen wagtlaryny

boş geçirmänsoñ şolar ýaly nogsanlyklara düşen bolmaýar we dartgynlylyk ýagdaýy az gabat gelýär.

Maşgalada döreýän ýokardaky ýaly dartgynlyklary nädip aýyrmaly? Şahsiýetiñ ýaramaz duýgulary saklap bilmegi-de esasy hem wajyp ýagdaýdyr.

Eger-de siz özüñizi saklap bilmeseñiz we dawa ýüze çyksa onda dawa wagtynda şulary berjaý etjek boluň:

1) Geçmiş barada ýatlamaň.
2) Garyndaşlary we başgalary arañyza sokmañ we olary ýatlamañ.
3) Başganyñ gowşak tarapyny ulaltmañ.
4) Ýaramaz sözleri ulanmañ.
5) Çagalaryñ öñünde dawa etmäñ.

Dawany ýaraşyk bilen tamamlañ.

Munuñ üçin:

1) Gije-gündiz öz-özüñize çetleşige girmäñ.
2) Birinji bolup öz günäñizi añlañ we boýun alyñ.
3) Günäñizi ýuwmak ugrunda synanşyñ.
4) Eger-de ýoldaşyñyz öz günäsini boýun almakda kynçylyk çekỳän bolsa, onda mümkinçilik beriñ.
5) Dawañyzyñ mowzugyny çalyşyñ. Bu size dawany ýatdan çykarmaga ýardam eder.
6) Degişgen bolmaga synanşyñ. Gülki, ýylgyryş-bu dawanyñ öñüni almagyñ serişdesidir.

Bir zady unutmaň! Maşgala dawasynda ýeñijiler ýokdur. Hemme kişi dawadan zyýan çekýärler. Eger-de siz özüñizi ýeñiji hasap etseñiz, bu ýeñişiñ bahasy hakynda oýlanmak gerek.

Maşgala dawasy maşgala zorlugyna eltip biler. Dawa-bu näsazlygy çözmegiñ amatly usuly däldir. Şonuñ üçin hem hiç haçan dawa baş goşmañ!

Maşgala bozulmalary hakynda birnäçe psihologik düşünjeler, öňe sürmeler bar. Birnäçe psihologlar maşgala

bozulmalaryny “urgy” konsepsiýasy arkaly düşündirmek isleýärler – bagtly maşgalada: hemme zat gowy, birdenem bir urgy bolýar-da maşgala dargaýar. Ýöne, adatça, maşgalany ýekeje urgy bilen dargatmak mümkin däl. Maşgalanyň bozulmagy bu uly bir proses hasaplanýar.

Başga bir konsepsiýa bolsa, maşgala bozulmasyny “ters ösüş” hökmünde düşündirmek isleýär (göwne ýakymlylyk – söýgi – ýakynlyk – sowuklyk – gahar – gyjyndyryjy – aşak düşme) we ähli maşgalada şu ýagdaýlaryň bolýandygyny ynandyrýar. Eger, maşgalada özara gatnaşyklar ýokary derejede bolsa, bu konsepsiýa goldanylmaýar. Maşgaladaky aýrylyşmaklyk düzgüni nika ýüze çykaly bäri bar diýip birnäçe alymlar tassyklaýarlar.

Maşgala bozulmasynyň esasy sebäpleriniň biri-de biwepalyk bolup durýar. Adatça jemgyýet aýal biwepalygyny has ýazgarýar. Şeýle-de, bolsa aýalynyň biwepalygyna uly ähmiýet bermeýän halklar hem bar. Afrikanyň dinka taýpasynda äri aýaly samsyk ýa-da tagam taýynlap bilmese aýrylyşyp bilýär. Şu ýagdaýda aýalyň biwepalyk edenligine ýa-da etmänligine üns berilmeýär.

Maşgalanyň ösmegini bökdeýän esasy bozulmalary döredýän sebäpleri sanap geçeliň:

1. Maşgala hyzmatdaşlygynyň bozulmagy, esasanam hojalyk tarapdan. Aýal erkekden köp pul gazanyp, has garaşsyz bolmaklygy isleýär.
2. Deň hukuklary gazanmaklykdaky göreşde ýeňilýän üstünlikler;
3. Dini we milli duýgulardan saplanmak;
4. Ýaşaýyş dowamlylygynyň ösmegi;
5. Göçüp gitmek düşünjesiniň köpelmegi;
6. Ýanýoldaş saýlamakda ata-enäniň täsiriniň peselmegi,. Şu sebäbe görä-de ir, oýlanylman gurulan nikanyň sany barha artýar.

Maşgalanyň bozulmasynyň sebäpleri, diňe bir kynçylykly gatnaşyklary özünde jemlemän, eýsem dürli meseleler hem bolup bilýär. Nika bozulmalaryna täsir edip biljek, giňden ýaýran ýagdaýlaryň käbirini sanap geçeliň:

1. Är-aýalyň haýsam bolsa bir tarapyň (ene-atasy) hossarlary bilen erbet gatnaşyklary;
2. Haýsam bolsa bir tarapyň ata-enesi bilen olaryň bir jaýda ýaşamaklygy;
3. Has uly ýa-da kiçi ýaşda nikalaşmak;
4. Bilimleriniň derejesiniň deň bolmazlygy;
5. Aýalynyň işine (hünärine) köp wagt sarp etmegi;
6. Är-aýalyň mejbury ýagdaýda aýry ýaşamaklygy;
7. Maşgala gatnaşyklarynda ynamyň bolmazlygy;
8. Nikadan öňki göwrelilik;
9. Haýsy hem bolsa biriniň önelgesizligi;
10Nikanyň ilkinji ýyllarynda çaganyň dogulmagy;
11.Alkogolly içgileriň we narkotik jisimleriň ulanylmagy.

Nika bozan erkek adamlarda psihiki keselleme beýlekilere garanyňda 5,09 gezek köp duş gelýär. Nika bozan aýallarda 2,8 gezek köp duş gelýär. Erkekler aýallara garanyňda nika bozmany has agyr geçirýärler. Nika bozanlarda adama bolan ynam gaçýar we olarda ýene bir gezek nikalaşmaga gorky döreýär.

Nika bozulandan soňky ýagdaý dürli ahwalatlar bilen çylşyrymlaşmagy mümkin. Çaga özüni gowy duýar ýaly öňki är-aýalyň gatnaşyklary nähili gurulmaly? – diýen sorag esasy bolup durýar.

Haçan-da çaga bilen atanyň arasynda köp sanly düşünişmezlikler bolanda, çagada her hili soraglary we gabanjaňlyk, gowşaklyk döredýär. Şeýlelikde, nika bozuldy: maşgala çagalar we ulular üçin düýbünden dürli zady aňladýanyny ýatda saklamalydyr. Ulular maşgalany özleri döredýär, bu olaryň öz saýlany, öz gelen netijesi. Çaga üçin bu

bir wagtlar bolan we başgaça bolup bilmejek zat (çagalar özüne ata-ene saýlamandylar). Ata-enäniň aýrylyşmagy – bu çaga üçin ýaşaýyş şertiniň ýumrulmagydyr.

Nika bozan är-aýala garaşýan kynçylyklar çaganyň ýaş aýratynlygyna bagly. Eger çaga kiçijik bolsa, onda olara uly bir täsir etmeýär. 3,5-6 ýaşlaryndaky çagalar ata-eneleriniň aýrylyşmasyny örän agyr geçirýärler. Olar bolup geçýän zatlaryň hemmesine düşünip bilmän, kähalatlar hemme zada özlerini günäkär edýärler. 6-10 ýaş aralygyndaky ata-enesi aýrylyşan çagalara uzak wagtyň dowamynda olara gahar we öýke bilen garaýarlar. 10-11 ýaşda taşlanylan çagalarda bütin dünýä gahar, ýigrenç duýgulary döreýär.

Çaganyň özüniň enesi we atasy tarapyndan öňküsi ýaly gowy görülýänligine doly göz ýetirmegi gerek. Çagalar üçin özüni şahsyýet hökmünde saýmaga mümkinçiligi saklamak gerek we çagalarda iki taraplaýyn ynamyň we söýginiň ösmegi üçin şertleri döretmek gerek.

Eger-de, nika bozan ata-enäniň ikisi-de paýhasly we sabyrly adamlar bolsa, onda olar çagalarynyň utuşda bolmagyny gazanarlar.

Är-aýal söýgüsini ýitirenlere wagt, sabyr we ýaşamak ukyby örän wajyp. Adamlaryň indiki gurjak nikalaryndan tamasy has hem uly bolup biler. Indi olar has gowy ýoldaş taparlar we hemme meseleler çözüler öýdýärler. Ýöne olar özara gatnaşykda adaty kynçylyklaryň saklanyp galandygyny ýadyndan çykarýarlar. Mümkin, öňde olara has uly synag garaşýandyr.

Gysgaça aýdanymyzda, her bir täze nika baglaşýan adam: “durmuş gowy tarapa üýtgär” diýip pikir edýär. Ýöne ikinji gurulan nika hemme wagt tamany ödemeýär. Durmuşdan has köp zada garaşdygyňça, umytlaryň näçe ýakymly boldugyça, şonça-da kynçylyklaryň güýçli bolmagy mümkin.

Biziň türkmen halkymyz bu hakykaty öränparasatlylyk bilen gysga sözde beýan edýär: ”Ilki bagtym, soňky görgim”.

Bize mälim bolşy ýaly adam öz aňlaýjylygy bilen haýwanlardan tapawutlanýan hem bolsa, olaryň arasynda edil haýwanlaryň arasyndaky ýaly konfliktli ýagdaýlar ýygy-ýygydan duş gelýärler. Meselem, biri-birlerine fiziki taýdan zeper ýetirmekligi.

Soňky wagtlarda konflikt meselesi beýleki ylymlar bilen bir hatarda psihologiýanyň hem ünsüni özüne çekdi we 19 asyryň ahyrynda 20 asyryň başlarynda bu meselä psihologik tarapdan çemeleşmek has-da güýjedi. Ýada salsak konflikt meselesi psihologiýanyň şahasy bolan sosial psihologiýanyň aýratyn ylym hökmünde öwrenilmegine itergi beren meseleleriň biridir. Bu barada Ýu.Apslut: „Indwid bilen jemgyýetiň aragatnaşygynda dawa bolmadyk bolsa sosial psihologiýa ylym hökmünde emele gelmezdi“ diýip bellemek bilen konflikt ýagdaýlaryň sosial psihologiýanyň esasy öwrenmeli meselesi hökmünde garaýar.

Soňky wagtlarda konflikt ýagdaýlary maşgalada köp sanly nogsanlyklary (parahat maşgalalaryň dargamagy, ýüzlerçe çagalaryň ýetim galmagy, söýüp, saýlap-seçip durmuş guran ýaş juwanlaryň bir-birleriniň janlaryna kast etmekleri we ş.m) döretmegi netijsinde maşgala psihologiýasynyň aýratyn öwrenilmegine getirdi.

Daşyndan seredäýmäge maşgala agzalarynyň arasynda konflikt bolmajak ýaly, ýagny agzalaryň maşgala gurmazlaryndan öň biri-birleri bilen ysnyşykly, ýag-bilen bal ýaly garyşyp gidäýjek ýaly, emma maşgala guranlaryndan soňra hökmany suratda konflikt ýagdaýlaryna duş gelmek bolýar. Başgaça aýdanyňda agzalaryň biri-birleriniň gatnaşyklaryndan kanagatly ýa-da kanagatsyz bolmaklaryna garamazdan döreýär. Emma konflikt ýagdaýy dürli maşgalada dürlüçe bolup bilýär. Ýagny dawa çözülenden soňra gatnaşyklardan kanagatlanýan

nikalaşanlar biri-birine ýakyn bolmak isleýärler, bir-birlerini alada edýärler. Kanagatsyz nikalaşanlar bolsa biri-birinden aýry bolmak isleýärler. Netijede agzalaryň biri-birinden aýry bolmaklary maşgalanyň dargamagydyr.

Soňky wagtlarda statistiki maglumatlara görä maddy taýdan özüni oňarýan aýallar nikany bozmany hiç zatça-da görmeýärler. Olarda „men ondan az gazanç edýänmi“ diýen ýalňyş pikiriň döremegi A.S Puşkiniň „Balykçy we altyn balyk hakyndaky“ ertekisindäki kempir bolmagyň kül-külüne düşýär. Şeýle aýallar öz adamsyna iňirdäp, „häkimiýet başyna geçmäge“ dawa salyp başlaýar. Bu ýagdaýlaryň köp gaýtalanmagynyň esasynda soňy pajygaly aýylganç maşgala dawasyna öwrülýär. Bu dawanyň soňy nikalar öýünde gutarýar. Şeýle wakalaryň köp bolmagy aýrylyşanlaryň gaýtadan nikalaşmaga razylyk beren erkekleriň sanyndan aýallaryňky köpeldi.

Maşgalany dawalardan goramak üçin olaryň sebäplerini bilmek gerekdir:

1. Maşgala agzalaryň biri-birleriniň häsiýetleriniň gabat gelmezligi: bu sebäbiň maşgala agzalarynyň alan terbiýeleriniň dürlüligi sebäpli biri-biriniň içki dünýäsine aralaşyp bilmeýärler. Netijede maşgalanyň deňagramlylygy ýitýär. Maşgala deňagramlylygyny ýitirmezlik üçin iki tarap hem biri-biriniň ýagdaýyny juda içgin, doly öwrenmelidir.

2. Gabanjaňlyk: bu ýagdaý adamlarda üç hili döräp bilýär.

a) ýanýoldaşyny juda gowy görüp, ony iň bärkisi il gözünden hem gabanýar;

b) ýanýoldaşyna müňkürlik edip, biwepalyk edäýmegi ahmal diýip gabanmagy;

ç) gabanjaňlygyň – şizofreniýa we beýleki ruhy keseline duçar bolup, ýanýoldaşynyň biwepalyk edýändigine gönüden göni ynanýar we ony yzarlaýar.

Bu häsiýetiň adamda döremegi kanuny ýagdaýda maşgalany dargadýar.

3. Agzalaryň haýsy hem bolsa biriniň serhoş bolmagy: Arakkeşlige alyp barýan esasy ýoluň göreldedigi belli zat, ýöne onuň barlysyramak, tarhandökersiremek, hondanbärsiremek, täze tanyşlyk açanlaryň häsiýetini seljerip bilmek ýaly ençeme ýollary bar. Arakkeşligiň haýsy ýol-ýodasyna düşseňem, ahyrky zarba saglygyňa, at-abraýyňa, esasanam maşgala mertebesine degýär.

4. Jynsy gatnaşyklardan kanagatsyzlyk.

5. Maddy ýetmezçilik.

Ýokarda bellenilişi ýaly maşgalanyň we mekdebiň gatnaşygy dogrusyndaky sowalyň umumy ugrukma häsiýetdäki çözgüdi olaryň terbiýe işi özara edilmese onuň iş-ýumuşlara höwesi gaçyp, ýaltaçylyga ýüz urýar. Çaganyň beden we paýhasy ösüşiniň depginine laýyklykda ýumuşlar, sapaklar kem-kemden çylşyrymlaşdyrylmalydyr.

Çagany ahlaksyz adamlardan üzňelemek. Çaganyň bilim, tejribe özleşdirişiniň möhüm usuly öýkünmekdir. Bu endige eýerip, çaga öz daş-töweregindäkileriň ähli hereketlerini we edim-gylymyny gaýtadan dikeltmeklige ymtylýar. Gaýtaladyň – diýmek, öwrendiň. Takmynan 7 ýaşdan başlap çaga özüniň hususy “ahlak esaslaryny” döredip, oňa laýyklykda daşyndakylaryň özüni alyp barşyny, hereketlerini bahalandyrýar. Şonuň üçin çagany söýýän we oňa ýagşylyk etmek isleýänler özüniň her bir ädimini ölçäp, oňa ahlaksyzlyga golaýlaşýan özüňi alyp baryş nusgasyny görkezmezlige çalyşmalydyrlar.

Mekdebe barmak ösýän şahsyýetiň durmuşynda örän çylşyrymly we jogapkärli öwrülişikdir. Durmuşyň depgini, daşky gurşaw, dünýäni özleşdirmegiň usuly özgerýär. Başlangyç mekdep ýaş döwri çaganyň ahlak keşbiniň kemala

gelşiniň aýgytlaýjy pursatydyr. Hut şu döwürde şahsyýetiň döredijilikli bolup ýa-da bolmazlygy aýgyt edilýär.

Maşgalanyň we mekdebiň özara baglanyşygy, ata-eneleriň we mugallymlaryň özara gatnaşygy jemgyýet üçin iň bir wajyp meseleleriň biri bolup, ol kemalyýet ylmynyň üns merkezinde durmalydyr. Belli bir döwürde maşgala täsirler toparynyň astynda bolýar. Sapak beriş üçin bu beýleki mugallymlaryň we mekdep administrasiýasynyñ täsiri bolýan bolsa, okadylyşa degişlilikde bu hem talyplar, hem uçurymlar we iş berýänler, şeýle hem okuw tutumynyň netijeliligi bilen gyzyklanýan köp sanly beýleki toparlardyr.

Häzirki döwürde maşgalanyň meseleleri köp ylymlar tarapyndan öwrenilýär: ykdysadyýet, hukuk, etika, demografiýa, etnografiýa, paýhasnama, kemalyýet we beýlekiler. Bularyň her biri öz dersine laýyklykda maşgalanyň hereketlenişiniň degişli taraplaryny ýüze çykarýarlar. Pedagogika maşgalanyň häzirki zaman jemgyýetdäki terbiýe wezipelerini, onuň maksadyny we serişdelerini, ata-eneleriň hukuk we borçlaryny, olary terbiýe tutumynda mekdep we beýleki çagalar edaralary bilen aragatnaşygy nukdaýdan yzarlaýar, maşgala terbiýesiniň mümkinçiliklerini we ýetmezçiliklerini ýüze çykarmak zerurdyr: talyplarda bilesigelijiligi ösdürmek; olary töweregiñde jebisleşdirmek; olara düşünmek, yzyňa eýertmek; olaryň ýokary ynamyny gazanmak; diňe bir özleşdirilýän bilim-düşünjelere gözegçilik bilen çäklenmän, sözüň işe ornaşmagyny gazanmak; dogumlylygyň, durnuklylygyň, erjelligiň nusgasy bolmak; ynandyrmak ukyby. Bu sanawy kynçylyksyz dowam etdirip bolar. Ýöne her bir ýagdaýyň gaýtalanmaz özboluşlylygy bolup, mugallym olaryň her birine laýyk başarnyklar döretmelidir. Şol bir wagtyň özünde mugallymyň ylmy düşünjeleri ýaýradyjy, guramaçy we terbiýeçi hökmündäki başarnyklarynyň umumy toplumyny ýüze çykarmak mümkin. Olara sözleýiş ussatlygy

(oratorlygy), didaktiki-öwrediji ussatlygy, aragatnaşyk guraýjylygy, kabul ediş başarnyklary, şeýle hem pedagogik tilsimatyny özleşdirmeklik degişlidir. Bu başarnyklaryň toplumy terbiýeçilik işiniň mazmuny hem-de mugallymyň öňünde durýan wezipeleriň aýratynlyklary bilen kesgitlenýär.

## VIII bap. Maşgala gatnaşyklarynda psihologik anyklaýyş.

Maşgala gatnaşyklarynda öýkeleme uly "menleriň" biri bolup, maşgala durmuşyny erbet tarapa öwürýär. Bu maşgala agzalarynyň gylyk-häsiýetlerinde, aragatnaşyklarynda, depresiýa ýagdaýlarynyň ýüze çykmalarynda, birek-birege ynanmazlykda, howsalalykda şöhlelenýär. Maşgala gatnaşyklarynyň psihologiýasy üçin bu meseläniň çözgüdi örän wajyp bolup durýar.

Adam bagyşlamak bilen çözgüde gelýär.

- Öýkelän bilen aragatnaşykda dartgynly pikirleri, emosiýalary ret etmeli.
- Öýkelän bilen aragatnaşykda oňyn pikirler, özüňi alyp barmaklyk arkaly ýüze çykýan emosiýalary tapawutlandyrmaly.

Bu esasda bagyşlama we kabul etme öz ýanyndan psihologik oňyn tejribe, maşgalanyň ukyplarynyň ösmegini göz öňünde tutýar.

Bu meselä gowy düşünmek üçin, konteksti tapawutlandyrmagy başarjak bolalyň, bagyşlamanyň ýer eýeleýändigi üçin nämäni bagyşlap, nämäni bagyşlap bolmaýanlygyny anyklamaly.

Enraýat bagyşlama akyl ýetirijilikli bolanda birnäçe alamatlara bölünýär, (mejlisi) şahsyýetara gatnaşyklarynda konteksti tapawutlandyrýar.

1. Bagyşlama başga adam tarapyndan öz ýanyndan nädogry şübhelenmäni yzarlaýar. Bagyşlamaga zyýan çekme sebäp

bolýar we biziň adalat hakyndaky standart göz öňüne getirmämiziň araçägini bozmaly däl.
2. Gaty görme obýektiw hakykata laýyk bolmaly. Hemme waka bitarap, biz ýöne olaryň käbirlerine galjaň ýagdaýda garaýarys. Ýöne şeýle zatlar hem bolýar, ynsanperwer aragatnaşykda ahlak düzgünleriniň bozulmagy obýektiwdir.
3. Bagyşlama adalatly duýgulary tapawutlandyrýar. Bagyşlamany tejribä ornaşdyrmak üçin, öýkelän gaty görmäniň orun eýeleýändigini ýa-da eýelemeýändigi öz adalatly duýgularynda bahalandyrmaly. Bagyşlama we adalat ara dolduryjy düşünjelerinden ýüze çykmaýan bolýar.
4. Öýkelän ymtylma görä hereket etmeýändigini bilmeli.
5. Kimiň öýkelänini, kimiň jebir çekenini bilmek hemişe başartmaýar. Meselem: aýaly adamsyna az üns berýär, soňam adamsynyň başga biri bilen duşuşýandygyny bilip galýar. Bu ýagdaýda olaryň ikisi-de günäkär, munda ikisi-de bagyşlama mätäç. Şunuň ýaly psihologiýanyň bagyşlama hadysasyna düşünmek berlen pikirlenmäniň hatarlaryny aldy.
- Bagyşlama gowşaklygyň ýüze çykmagynda bolýar. Eger adam bagyşlanda diýmek ol öz şahsyýetara gatnaşyklarynda döreýän meseläniň adalatly çözgüdine hakyky güýji ýok.
- Adam bagyşlap, adalata ymtylmanyň ýüze çykmalaryny ýitirýär.
Meselem: aýaly adamsynyň el galdyranyny bagyşlap, ýene-de öz durmuşyny jebire bagş etmeli bolýar.
- Bagyşlaýan adamsyny özüne çekmek üçin öz ýürek «mylaýymlygyny» ulanmaly bolýar. F.Nisşe bagyşlamany sylamazlygyň ýüze çykmasy hökmünde seredýär.

Şahsyýetara bagyşlama bu adamyň beýlekini bagyşlamagyndan durýar. Çuňňur agyry eden adam öýkeläne garşy görmek urşuny bes etmeli. Biz bagyşlamanyň affektio, kognitio özüňi alyp baryş gurşawyna täsir edişini boýun alsak kesgitleme dolulygyna galýar. Eger adam bagyşlanda bu şaryň

kesgitli elementleri işjeňleşýär. Munuň ýaly nerwnyý emosiýa edil gahar, gaýgy-gam, ýigrenmek beýlekiler hökmany goýulmaly.

Bagyşlamak – ýönekeýleşdirmek. Ar almak päsgel bermek, garyşdyrmak. Bagyşlama aňsat. Ar almak kyn. Eger ar inçelse gyzyklanma ýok bolup, ar almak islegi ýitýär. Sapaklar, düwünler asudalyk bilen ýolunýar, adam köşeşýär.

Bagyşlama ýatdan çykmaýar. Gaty ýatda galan öýke käwagt diýmeseň ýatdan çykmaýar. Bagyşlama içki düýpli reaksiýa bolup durýar. Bagyşlama – haýsydyr bir bileleşik gatnaşyklaryň ylalaşmazlygy ýa-da täzelenmegi. Ylalaşmak 2 adamyň ýaraşmagy, bilelikde bolmagy. Maşgalanyň kemsidijiligini bagyşlap bolar, ýöne onuň kemsidiji özüni alyp barşyny üýtgetmeli. Maşgala öýkeläniň ylalaşmaga ýa-da gowy isleglere garaşmaga taýynlykdan başlanýar.

Hormat, bagyşlama we ylalaşma. Bagyşlama we hormat, munuň bilen adam iň bolmanda bir gezek çaknyşýar. Elbetde onda ukyplylyk, başarjaňlyk duýgusy gaty ýokary bolmadyk ýagdaýda ýa-da bagyşlamaga ukyplylygy bolanda. Bu 2 wariantdan durýar.

1. Meniň hormatyma degen adamy, meni kemsiden adamy bagyşlap bolarmy?
2. Eger men ötünç sorasam, meniň hormatym peselermi?

Bu soraglar maşgala gatnaşyklarynyň psihologiýasy üçin adat.

Çuňňur düşünmek üçin tejribede «hormat», «bagyşlama» we günäkärlik sözlerine seredeliň.

Dalýanyň pikiriçe, günä sebäp «günäkärlemek bergi», borçly düşünjeler fenomeny bolýar. Eger bu pikiri gowy özleşdirmäge çalyşsak onda şeýle netijä gelsek bolýar Günä – bu diňe günäkärlik ýaggdaýy däl, ol «borçly» ol ýalňyşyny düzetmek hökmanlygy, haýsydyr bir erbetligiň döremeginiň sebäbi.

Dalýanyň pikiriçe bagyşlama ýönekeý aňladýan „boş“ sözden akymyny alýar. „Bagyşlama“ sözüniň özi, günäni, bergini ýönekeý etmek, borçlylykdan boşatmak“. Ýene bir bilesigelijilikli tarapdan bu söz aladadan keselden boşatmak“, ýokary pikirde bagyşlama „horlaýjy“ günäni aýyrmak. Ejir çekeniň tarapyndan manipulýatiw mümkinçiliklerini aýyrmak.

Ýene-de käbir zatlar bolmaly: biri beýlekisini bagyşlanda öz günäsini duýmaly, ony şeýle ýagdaýa düşürenine gynanmaly, ýogsam ötünç soran kemsinme hökmünde kabul eder.

Ruhy ýeňillik ýörite günlerde bolýar. „Bagyşlama dynç güni“ haçan-da hemme ötünç sorasalar bagyşlamany gazanmak has-da aňsat.

Dalýan öz kesgitlemesinde hormat düşünjesini 2-ä bölýär:

1. Içki hormat. 2. Daşky hormat.

Bir söz bilen aýdylanda adamyň içki mynasyplygy, hakykatçyl, adalatçyl, ýakymly, kalby arassa, garyndaşçyl we ş.m. gürrüňsiz daşky hormat kategoriýa bagyşlanýar.

## IX bap. Är-aýal psihologik sazlaşygynyň häzirki zaman taglymaty.

Häzirki zaman jemgyýetde adamlaryň köpüsi özleriniň aragatnaşyklarynyň başlarynda nika girmeýärler ýa-da kanun taýdan resmileşdirmekden daşda durýarlar. Öz durmuşlaryny gurmakda alternatiw görnüşleri gözleýän ýaşlaryň sany artýar, nikanyň ewolýusion ýoly bilen bolman, olar nikanyň esasy bolan manysyny üýtgedýärler (transformirleýärler). Şu hili üýtgemeler örän uly möçberde ýetginjek ýaşlaryň medeni jemgyýetiň ösüşine laýyk bolup girişmäge täsirini ýetirýär.

Günbatar alymy R.Lider bu fenomeni düýpli öwrenmek bilen ýetginjekligiň klassiki fazasynyň başlanmagy bilen jyns ýetginjekligi we jemgyýet-ykdysadyýet ýetişmesi bilen doly

üýtgeýändigini belleýär. Ýetginjekler jemgyýet, medeniýet ýetişmesini, ata-enesinden ykdysady tarapdan aýrylmadyk wagty doly alýarlar. Bir tarapdan ýaşlaryň zähmet durmuşynyň yza çekilmeginiň sebäbi, orta we ýokary okuw mekdeplerde okuw wagtlarynyň uzaldylmagyndan görülýär. Ýene bir tarapdan ilki ýaşda "isleg özboluşlaýyn herekete we peýdalanylmaga berilýär. "Senagatdan soňky" jemgyýetde ir ýetginjeklige ýol berilýär – hususan peýdalanyş ulgamynda we jemgyýet jyns gatnaşygynda bu bolsa ykdysady taýdan garaşsyzlygyň ir başlanmagynyň wagtyny uzaldýar.

Ýetginjekleriň peýdalanyşda gatnaşmalary olary jemgyýet-medeniýet tarapyndan garanyňda has ýetişen edýär. Bu bolsa geçen nesillere garanyňda aýratynlyklary görkezýär. Ýaşlar nika durmak döwründe bir tarapdan durmuş synaglaryna doly taýynlyk bilen gelýärler, beýleki tarapdan çäklendirilen ykdysadyýet garaşsyzlygyna, şunlukda ýaşlar ykdysadyýet tarapdan doly ýa-da bölekleýin ata-enelerine garaşly bolýarlar. Özüni alyp baryşlary, ýokardaky agzalanlar, kadaly garaýyşda hususan jemgyýet-ykdysadyýet ulgamynda has hem garaşsyz bolup görünýär. Şol sebäpli nika durmuşynyň başlanýan ýeriniň ata-enäniň öýünden daşda bolup geçmegi maksadalaýykdyr. Çünki ata-enäniň öýi olaryň synaglary üçin laýyk bolmaýar. Ýaş adamyň öňünde ata-enäniň öýünden daşda nädip ýaşamaly diýen sorag ýüze çykýar. Eger 60-njy ýyllarda ýaşlaryň köpüsi nika tarap ylgaýan bolsalar şu wagtky ýaşlaryň arasynda nika we maşgala çekinmeklik gözi bilen garalýar. Adaty nikanyň konsepsiýasy şol ýyllarda agyr we buýrujy bolýar. Resmileşdirilmedik nikalar "Ýaşaýyş jemgyýetler" öz ygtyýarly ýeke durmuş şu döwürde ösüp başlaýan alternatiwe geçýär. R.Sideriň pikiriçe olar durmuşy öwrenmäge gowy mümkinçilik berýär we durmuşyň aragatnaşyklaryny üzmegi ýeňilleşdirýär.

Nika-maşgala alternatiwasynyň gatnaşyklary has ýaýrandyr. Köplenç maşgalanyň dargamagy netijesinde çaga

ejesi bilen galmaly bolýar. Eger-de täzeden maşgala döredilen ýagdaýynda atalyk meselesi ýüze çykýar. Atalyklar özüni ata hökmünde hakyky ata garanyňda çagalar bilen özüni pes alyp barýarlar. Olar soňky çagany bagtsyz hasap edýärler. Ýöne şu bahalandyrma enesi ýa-da çagalary sebäp däl. Barlaglaryň netijesinde bularyň arasynda meňzeşlik tapylmady. Beýleki görnüşdäki maşgalalarda atalar esasy hossar bolýarlar, bu has-da ýaýrap başlaýar. Eger-de ata çagalaryny doly kanagatlandyrmaýandygyny duýsa ol öýüne, çagalaryna seretdirmek üçin öý işçisini getirip biler. Ýöne ol çagalar ene mähriniň ýetmezini dolduryp bilermikä? Onuň şahsy taraplaryndan köp zat wajyp bolar. Çagalaryň kakasy bilen aragatnaşygy we meseleler ýüze çykyp biler. Enekäniň maşgaladaky ýagdaýy barada hiç hili barlaglar geçirilmedik, ýöne bu ýagdaý nika-maşgala gatnaşyklarynyň bölüminde bellidir (Halk ertekilerindäki zalym ene we doňýürek kaka).

Biziň pikirimizçe, çagalyga kabul edilen perzentler barada gürrüň açsak ýerlikli bolar. Bu mesele barada W.Satir köp zatlary ýazýar. Meseläni giňişleýin açmak üçin onuň sözlerini yzygider we sözme-söz beýan edeliň. Aýrylyşan erkek adam bu ýagdaýy agyr başdan geçirýär. Bu ýagdaý şowsuzlyklar bilen dowam edýär we adamlara bolan ynamsyzlyk artyp başlaýar.

Ikinji gezek durmuşa çykýan çagaly aýallar öz çagalaryny öz hususyýeti hökmünde alyp barýar. Bu bolsa äriň öňünde näsazlyklar döredýär. Köplenç aýal maşgalanyň pikiriçe: ol äriniň boýnunyna hiç zat atmajak bolýar, sebäbi ol onuň ýaly çagalar bilen özüni alyp baryp bilmez diýen pikirde bolýar. Käwagt aýal maşgala birinji äriniň mährini duýup başlaýar. Şu sanda hem täze är birbada kömekçi bolup bilmeýär. Şeýle özüňi alyp barmak maşgala gelen täze adamynyň öz pikirlerini we durmuşyň täze usullaryny getirmesi kabul edilip bilinmez. Täze ärler şeýle mesele bilen çaknyşyp bilerler.

Meselem, aýal maşgala täze adamsynyň çagalarynyň göz öňünde hökmüni we güýjüni görkezmegi talap edip biler, muny bolsa täze är birbada başaryp bilmez.

## Är-aýal sazlaşygyna dürli psihologik mekdeplerde çemeleşme.

Çagalaryň elden çykmagy mümkin. Täze ärler aýallarynyň isleglerini we garaşmalaryny kanagatlandyrjak bolýarlar, ýöne bu diňe zyýan getirýär. Köplenç atalyklar ýetginjekler bilen çaknyşýarlar.

Maşgala täze adamynyň girizilmegi beýleki ýagdaýlar bilen hem kynlaşdyryp bilner. Uzak wagtyň dowamynda çagalar bilen kakalarynyň arasynda gylyklar, häsiýetler, özboluşly dil ýüze çykyp biler. Bu bolsa maşgala gelen täze adama düşnüksiz bolup biler. Ony maşgaladan iterip biler. Hemme maşgalada öz gylyklary we däpleri döräp biler. Muny bolsa täze maşgala agzasy düşünmeli we kabul etmeli. Garyşyk maşgalada ýaşajak adamlar şol maşgalanyň raýatlarynyň geçmişiniň bolanlygyny we şu günki wakalaryň hemmesiniň geçmiş bilen baglydygyna doly düşünmelidirler. Köplenç kabul edilen ata-eneler düşüniksiz zady soramaga derek şeýle pikir edýärler: "Hawa, bu meniň işim däl", "Maňa bu zady bilmek hökman däl" ýa-da özlerini hemme zada düşünýän ýaly alyp barýarlar. Şeýle garaýyş özüňe baha berişi pese düşürip bilýär. "Eger ol islan bolsa maňa hemme zady düşündirerdi".

Erkek aýalynyň onuň üçin köne gatnaşyklary we dostlaryny taşlamajakdyklaryna taýyn bolmalydyr. Olaryň hataryna gaýyn ata, gaýyn ene, ýeňňedir baldyz, mamalar, babalar girip biler. Täze äriň hem geçmişi, onuň hem şeýle ýagdaýlary bolan bolmagy mümkin. Eger täze äriň çagalary maşgaladan aýry ýaşaýan bolsalar, öz çagalaryna garanyňda ol (özge) – täze çagalary bilen wagty köp geçirýär. Köplenç bu ýagdaý hem birahatlyk döredýär, ol öz çagalryna hyýanatçylyk

edýänine düşünip başlaýar. Birinji aýala çagalarynyň ikinji aýalyň öýüne barmasy ýaramaýar. Aýaly bolsa ony başga aýal bilen paýlaşmak islemeýär. Şeýle kynçylyklaryň ýüze çykandygy üçin täzeden durmuş guryan adamlar özleriniň ata-enelik taraplaryna täzeden seretmelidirler. Olar öz we täze nikadan bolan çagalaryny terbiýelemelidirler, olaryň hemmesini deň tutmaly we aldamaly däl. Çagalar kähalatlarda täze durmuş guryan adamlaryň düşünişmezlikleriniň mümkindigine düşünmelidirler. Ýöne bu zatlaryň hemmesi adamlaryň erbetligini aňlatmaýar we şu kynçylyklar aragatnaşygy bozup bilmeýär. W.Satiriň pikiriçe adamlar elmydama adamlygyna galýarlar, maşgala garyşan bolsun ýa-da garyşmadyk olar özlerine mahsus haşiýeti alyp barýarlar – olar üçin adaty maşgala – garyşyk maşgala hiç zady çözmeýär.

**Är-aýal bejerilişinde bihewioristik çemeleşme: özara oňaýly özüňi alyp barmak we endik, är-aýal şertnamasy.**

Nikada özüňi alyp barmagyň görnüşleriniň topara bölünişlerini Seýger şeýle hödürleýär:

1. Deň hukukly ýoldaş: deň hukugy we borjy talap edýär.
2. Romantiki ýoldaş: ruhy ylalaşyga garaýar we duýgur.
1. “Ata-enelik” ýoldaş: başga biri barada lezzet bilen aladalanýar, ony terbiýeleýär.
4. “Çaga” ýoldaş: nika duýdansyzlygy, şatlygy getirýär we şol bir wagtyň özünde gowşaklygyň kömegi bilen höküme eýe bolýar.
5. Rasional ýoldaş: emosiýalaryň ýüze çykyşyna gözegçilik edýär, hukuklary we borçlary takyk ýerine ýetirýär.
6. Dostlukly ýoldaş: dost bolmaga çalyşýar we özi üçin şonuň ýaly ýoldaş gözleýär.

7. Garaşsyz ýoldaş: nikada öz ýoldaşyna bolan gatnaşykda kesgitli araçägi saklaýar.

Nikanyň şu aşakdaky görnüşleri hem mälimdir:

Simmetriki – nikalaşanlar deň hukuga eýe bolýar. Komplimentar – biri höküm edýär, beýlekisi boýun bolýar. Metakomplimentar – öz maksatlaryny gowşaklygyň üsti bilen durmuşa geçirýän ýoldaş agalyk ediji orna eýe bolýar.

W.Satiriň hödürlän nikalaryň görnüşleri kommunikatiw gatnaşyklara esaslanan:

Ýaranjaň - sözleri (ylalaşyk): "Seniň hemme isleýän zadyň örän gowy". "Men seni bagtly etmek üçin bu ýerde". Bedeni (rahatlyk): "Men güýçsiz" kellesi aşak goýberilen günäkäriň ýagdaýynda bolýar. içinden: "Men özümi boş hasaplaýaryn, sensiz men öli. Men – hiç kim ".

Günäkärleýji – sözleri (närazylyk ): "Sen hiç haçan dogry edeňok. Saňa näme bolýar?" bedeni (günäkärleme ): "Men bärde boş". Görkezme yşaratly heýkeliň ýagdaýy. Içinden : "Men ýeke we betbagt".

Hasaplaşykly – sözleri (rasional): "Eger-de üns bersek, bu ýerde agyr zähmetden zyýan çeken elleri görmek bolýar". Bedeni (hasaplaýar ): "Men asuda, sowukganly we ykjam". Kellesi ýokary galdyrylan, göni bedeniň ýagdaýy. Içinden: "Men özümi ejiz duýýaryn".

Kesekileşdirilen – sözleri (adekwat däl) manysyz ýa-da başga temalara degişli. Bedeni (ýygralyk): " Men ýene-de bir ýerde otyryn". içinden: "Hiç kim men barada aladalanmaýar. Bu ýerde maňa ýer ýok ".

Özüňi alyp barmagyň öwrenilişen stereotipleriň determinantasy hökmünde W.Satir häzirki zaman adamlarynda gorkulary görkezýär, hemişe öz-özlerini gorkuzýarlar diýip kesgitleýär. Olar şulardan ybaratdyr:

1. Men ýalňyşy goýberip bilýärin.

2.Kimdir biri muny halamaz.
3. Kimdir biri meni tankytlar.
4. Meni ulumsy diýip pikir edäýmesinler.
5. Ol meni erbet diýip pikir eder.
6. Adamlar meni ýetmezçilikli diýip hasaplap bilerler.
7. Ol meni taşlap bilýär.

Durnukly özüňi alyp barmagyň görnüşinde hiç hili syr ýok . Bu hakyky ýagdaýlarda adamlaryň özüni alyp barmagyna jogap bermegiň aýratyn usuly. Bu jogap beriş görnüşi nikada hakyky ýaşamaga, sazlaşykly gatnaşyklary ýola goýmaga ýardam edýär.

Uoýl ýoldaş gatnaşyklarynyň 3 görnüşini hödürleýär:

1. Özara bilelikde gaça durmak – är-aýal işjeň maslahatlaşmakdan gaça durýarlar, adalatsyzlygy duýup, biri-birine aýtmaýarlar.
2. Bilelikdäki günäkärleme – ýoldaşlar öz gyjyndyryjylygyny açyk beýan edýärler, öz talaplaryny aýdyňlaşdyrýarlar.
3. Talapkärlik we gaça durmaklyk – ýoldaşlaryň biri ýagdaýlara işjeň jogap berýär we ýakynlaşmaga çalyşýar, beýlekisi – gaça durýar, dymýar, ýakynlaşmakdan gaçýar.

Är-aýalyň gatnaşyklarynyň görnüşine we determinantlaryna düşünmek üçin amalyýete "Är – aýalyň nikadan emosional garaşlylygy" diýen düşünje girizilýär. Är-aýalyň arasyndaky tapawudyň ölçegine baglylykda nika assimetriki we simmetriki, garaşlylyk derejesine baglylykda bolsa heläkçilikli bolup bilýär. Her tarap üçin garaşlylyk aýrylyşmadan soňky ýagdaýlar bilen kesgitlenýär. Şeýle garaşlylygyň düzüjisi hökmünde ýoldaşyň göze ýakymlylygy ýüze çykarylýar. Aýallarda bu owadanlyk, näziklik, salyhatlyk, erkeklerde – akyl, wäşilik, aragatnaşyga meýillik, batyrlyk, abraý we az mukdarda owadanlyk bolup

durýar. Eger-de garaşlylyk kadaly, dogry bolsa, onda nika bagtly hasaplanýar.

Nika gatnaşyklarynyň getirilen görnüşleri nikanyň mazmunyna çuň düşünmäge we hemmetaraplaýyn görmäge ýardam berýär.

Är-aýalyň maşgalada uýgunlaşmagy. "Uýgunlaşmak " adalgasy sözüň doly manysynda daşky gurşap alan şertlere öwrenişmegi aňladýar. Munda esasan sosial uýgunlaşmany ýüze çykarýarlar. Uýgunlaşma hadysasynda 2 derejäni görkezmek bolýar – biologiki we psihologiki. Biologiki uýgunlaşma bedeniň durnukly we üýtgäp durýan şertlere öwrenişmekligi öz içine alýar. Psihologiki uýgunlaşma bolsa "adamyň şahsyýet hökmünde berlen jemgyýetiň talaplary we öz talaplary hem-de gyzyklanmalary bilen baglylykda jemgyýetde ýaşamaga öwrenişmekligi" aňladýar. Psihologiki uýgunlaşma kadalary we gymmatlyklary özleşdirmek bilen amala aşyrylýar.

T.B.Karsewa nikany "adamyň durmuşyndaky öwrülişikli waka" hökmünde kesgitläp, bu ýerde "şahsyýetiň kemala gelşiniň " hemme ýagdaýynyň üýtgeýşi barada gürrüň edýändigini görkezýär. Nika çenli ýaş adamda eýýäm kemala gelen "Men keşbi" bar. Nikadan soň är-aýal öňki ýaly ýaşap bilmezlik ýagdaýyna düşýärler, bu bolsa ýagdaýyň durnuksyzlygyny güýçlendirýär. Emma, eýýäm iň başynda "Men eýe bolmaklygyň " işleri geçirilýär. E.S.Kalmykowa är-aýal durmuşynyň ilkinji ýyllary barada aýdanda, "bilelikdäki ýaşaýşyň ilkinji ýyllary – bu aragatnaşyk stereoripleriniň indiwidual kemala geliş döwri " diýip görkezýär. Bu döwürde indiki ýumuşlar çözülýär:

- maşgala gurluşynyň kemala gelmegi;
- är- aýalyň arasynda rollaryň paýlanşygy;
- umumy maşgala gymmatlyklaryň döredilmegi.

W.P.Lewkowiç we O.E. Zuskowa är-aýal konfliktiniň döremegine nikadan öňki garaşmalaryň ähmiýetiniň bardygyny belleýärler. Ýaş çatynjalar üçin biri-birine ýokary talaplylyk häsiýetli bolup, bu konfliktiň döremegine getirýär.

Nikalaşýan ýaş adamlar üçin maşgala durmuşyny ideallaşdyrmak mahsusdyr. Maşgala durmuşyndan olar ilki bilen öz ruhy ösüşinde talaplarynyň kanagatlanmasyna garaşýarlar.

Durnukly we durnukly däl maşgalalaryň uýgunlaşmak döwründe talaplaryň maşgala durmuşynda ylalaşmazlygy döräp bilýär: durnukly maşgalada ol ähmiýetsiz, durnuksyz maşgalada bolsa örän ähmiýetli.

N.N.Obozow öz monografiýasynda maşgalada özara gatnaşyklaryň gnostiki düzüjisini şöhlelendirýän barlaglaryň netijelerini görkezýär. N.Abakumowa, I.Sadikowa, S.Hitrina özleriniň barlaglarynda 19 ýaş çatynjalary we bilelikdäki durmuşy 3-5 ýyl bolan 13 sany är-aýaly deňeşdirýärler. Barlaglar ýaş çatynjalaryň şahsy keşpleriniň meňzeşligi, är-aýalyň şahsy meňzeşliginden kiçidigini görkezdi.

Sowet psihologiýasyndaky edebiýatlaryň seljermesi şu aşakdaky meseleleri işlenilýän esasy ugurlar hökmünde bellemäge mümkinçilik berýär:

1. Ýaş maşgala, ýaşlaryň nika taýynlyk meselelerine degişli barlaglar I.W.Dubrowinanyň, L.T.Filýukowanyň, W.P.Menşutiniň, N.N.Obozowyň işlerinde bellenilýär.

2. Uýgunlaşma orun garaşmalaryň ylalaşyk hadysasy, şeýle hem şahsyýetara, rollaýyn, “Men” – rol konfliktleriň

öwrenilmegi hökmünde seredilýär. (S.I.Golodyň, A.G.Harçewiň, W.A.Sysenkonyň, G.Nawaýtisiň işleri);
3. Nika-maşgala uýgunlaşma hadysasyna düşünmek üçin sosial persepsiýa çäginde geçirilen işler uly ähmiýete eýe. A.N.Belkowanyň, T.M.Trepeznikowa-nyň, Ýe.S.Kolmykowanyň, N.F.Fedetowanyň işleri ;
L.Ýa.Gozman, Ýu .Ýe .Alýoşina maşgalanyň beýleki kiçi toparlardan esasy tapawudyny görkezýärler:
1. Maşgala maksimal gözegçilige tabyn bolýar; 2. Maşgalanyň düzüminiň geterogenligi; 3. Toparyň ýapyklygy; 4. Toparyň ýarym funksionallygy;
5.Maşgala taryhynyň dowamlylygy; 6.Totallyk-adamyň maşgala gatnaşyklaryna doly girişmegi.

Nika-maşgala uýgunlaşmagyň özboluşly taglymatyny B.A.Sysenko hödürleýär. Onuň esasyny är-aýalyň häsiýetleriniň aýratynlyklary düzýär. B.A.Sysenko uýgunlaşma derejesi boýunça adamlaryň 4 toparyny ýüze çykarýar:
1. Ýokary uýgunlaşmaly şahsyýetler; 2. Orta uýgunlaşmaly; 3. Pes uýgunlaşmaly; 4. Uýgunlaşmasyz şahsyýetler.

Uýgunlaşmanyň umumy aýratynlyklaryna indikileri degişli edýär:
- hyzmatdaşlyga ukyplylyk;
- aragatnaşyga ukyplylyk;
- beýleki adamlara emosional we rasional düşünmäge ukyplylyk;
- özüňe gözegçilik etmäge we özüňi aňlamaga ukyplylyk;
- özüňi alyp barmagyň adekwat – kada laýyk (dogry) görnüşini saýlamaga ukyplylyk;

Bu ukyplaryň kemala gelmegi belli bir derejede nika-maşgala uýgunlaşmanyň üstünligini kesgitleýär. W.A.Sysenko şahsyýetiň nika-maşgala gurşawynda uýgunlaşyşynyň gurluşyny şeýle kesgitleýär:

a) Fiziologiki uýgunlaşma, şol sanda hem seksual-jynsy uýgunlaşma;
b) Ýoldaşyň temperamentine, gylygyna uýgunlaşma;
c) Maşgala orunlaryna, täze borçlara, hukuklara, zähmet paýlanyşygyna uýgun laşma;
d) Nika ýoldaşyň endiklerine, gyzyklanmalaryna, zehinlerine uýgunlaşma;
e) Durmuş gymmatlyklaryna, "durmuş pelsepesine" uýgunlaşma;

Şeýlelikde, nika-maşgala uýgunlaşmasyna çylşyrymly hadysa hökmünde garamak gerek. Mazmun meýilnamasynda bu hadysa özünde indiki düzüjileri jemleýär:

1. Nika ýoldaşyna uýgunlaşma;

a) fiziologiki adaptasiýa, şol sanda jynsy;
b) ýoldaşyň temperamentine, gylygyna uýgunlaşma;
c) maşgala orunlaryna uýgunlaşma;
d) nika ýoldaşyň gyzyklanmalaryna uýgunlaşma;
f) durmuş gymmatlyklaryna uýgunlaşma;

2. Maşgala durmuşyna uýgunlaşma: jemgyýetçilik we psihologik orunlara uýgunlaşmany aýdyp bolar.

Ikinji toparyň düzüjileri sowet psihologiýasynda doly öwrenilmedik. Eger-de talaplaryna uýgunlaşmak diňe nikadan soň mümkin bolsa, döwürlerine uýgunlaşma täsir edýän motiwasion düzüjileri öwrenmeklik uly gyzyklanma döredýär.

**Är-aýal sazlaşygyna ynsanperwer psihologik we ulgamlaýyn çemeleşme.**

Açyk nika öňki nesilleriň özboluşlylygyny taşlamak esasynda döreýär. Olar biperwaýlyk bilen çaknyşyp, biri-birini yzarlap, gabanyp başlaýarlar. Açyk nikanyň tarapdarlarynyň pikirine görä nika hökmanylyk esasynda garalsa ol özüniň güýjüni bireýýam ýitiridi. Mundan başga-da buthananyň

gadaganlyklaryna we nikany bozmaly dällik pikirine garşy çykmaga mümkinçiligi görýärler.

Açyk nikanyň döremegini nika-maşgala hereketini baýlaşdyrmak esasynda görýärler. Olar nikadaky newrotiki üzlüşikler bilen ýaýbaňlanýarlar, nika-maşgala gatnaşygynda elmydama adamyny täzeläp durmak we taraplaryň şahsy ösmegi, umuman, maşgalany doly täzelemek onuň esasy maksadydyr.

Nikada açyk gatnaşyga geçmek biri-birine garşy goýulýar:

- temmi beriş gatnaşygy;
- boýun bolma gatnaşygy;
- "sowuk" gatnaşyk;
- predmetsiz gatnaşyk.

Soňabaka bu adaty kynçylyklary sadalaşdyrýarlar. Ýöne olaryň çözgüdi bolmaýar. Adamyň egosentrik tebigaty barada gürrüňi bu açyk nikalara mahsusdygyny görkezmek bilen adamyň poligamlylyk, monogamlylyk dawaly gürrüňlerini ýatyrmak mümkindir.

Nikasyz jyns gatnaşygy we ýakyn dostluk. Bu iki ýagdaýda nikasyz aragatnaşyk barada gürrüň edilýär. Bularyň birinjisinde hojalygy dolandyrmak we nikasyz çagalaryň döremegine rugsat berilýär. Aýal we erkegiň aragatnaşygynda dörän çagalara konkibinat diýilip at berilýär. 1980-nji ýylda biziň ýurdumyzda 10,8% doguldy, 1990-njy ýylyň görkezijisi 14,6%, 1991-nji ýylda 15,1%, 1992-nji ýylda 16,6%, 1993-nji ýylda eýýam 18,4%. Birinji nika dargar diýmek bilen onuň esasynda ikinji nika döredilen diýilip pikir edilýär. Adaty bolşy ýaly bu gatnaşyklar uzaga çekmeýärler, olar hakykatdan-da täze nika öwrülýärler ýa-da päsgelçilik bolup, adamyň ýüregine düşüp başlaýarlar, şol adam üçin ikitaraply oýny alyp barmak kyn düşýär. Birinji nikada şeýle ýagdaýlarda kanagatlandyrmaýar. Ýakyn dostluk birinji nikanyň

durnuklylygyna päsgel berip biler, uzaga çekip bilýär (10 ýyl töweregi). Şonuň bolmagy birinji jübüt bilen ýanaşyk we ynamlylyk ýokary derejede bolup biler.

Swingerçilik. Çatynjalaryň jübütlerini çalyşmasyna swingerçilik diýilýär. Bu ýagdaýda mysal üçin iki sany çatynjalar "şwed" maşgalasyny döredýärler. Jübütleri çalyşmak XX asyryň 70-nji ýyllarynda Skandinawiýada döredi. Häzir şeýle alternatiw nika-maşgala gatnaşyklary amerikanyň ilatynyň 2%-ne mahsusdyr. Şeýle nika jübütleri öwrenilende olaryň ýaşlykda ata-eneleri bilen pes gatnaşykda bolanlygy we beýleki çagalar bilen gatnaşygyň bolmanlygyny aýan etdi. Adatça şeýle gatnaşyklaryň esasyny erkekler goýýarlar. Nikada öz bahalandyrylyşynyň ýokarydygy bellenilýär.

Gomoseksual jübütler. Munuň ýaly nika maşgala gatnaşyklarynyň esasynda ýeke jyns söýgüsi ýatyr. Bir jynsdaky adamlaryň özara, erkek bilen erkegiň, aýal bilen aýalyň arasynda jyns aragatnaşyklary döreýär. Ýeke jynsly söýginiň esasynda, geteroseksuallar bilen deňeşdireniňde hiç hili tapawudy ýok – psihofiziologiýasy deň, emma netijede ol bilen munuň arasyndaky deňeşdirme tapawudy her haýsysynyň indiwidual ösüş tutumynda bilinýär. Gomoseksuallyk ýeke-täk fenomen bolman onuň çeşmeleri we görnüşleri köpdürlidir. Gomoseksuallyga käbir adamda ýakynlyk bar hem bolsa, ol her kimiň özятву hususy tejribäniň we öwrenmekligiň esasynda döreýär. Gomoseksuallyk – dogabitdi keselmi ýa-da şähsyýetiň aýratyn bir gylygymy, ýaşaýyş bolşymy ýa-da başga bir zat I.S. Konyň pikiriçe ýakyn geljekde bu mesele çözüler diýen umydymyz ýok. Gomoseksuallyk jemgyýet tarapyndan özüne nähili garaýyşlaryny döretse-de haýsy sebäpler esasynda jyns aragatnaşyklarynyň ugry bellenilse-de ol hiç haçan adamyň özbaşdak meýletin saýlap alan işi däl, onuň islendik wagtyň içinde üýtgedip bolmaýar.

Käbir barlaglaryň esasynda gomoseksualistleriň durmuş ýoly şahsyýet aýratynlyklary özleriniň özboluşlylygy bilen baglanyşykly bolýarlar (çagalaykda erkek täsirleri azlygy, kakalary bilen erbet aragatnaşyklary, Puriton häsiýetli ejeleriň aýratyn ogullaryny gowy görýän täsiri we olar ogullarynyň üns merkezinde bolmaklygyny isleýärdiler, doganlary we deň-duşlary bilen irki gomoseksual aragatnaşyklar we ş.m.).

Gomoseksual jübütler ýeke jyns söýgi ýagdaýynda, edil geteroseksuallaryň öňünde gabat gelýän meseleler bilen duşýarlar: biperwaýlyk, gabanjaňlyk, gaty görmeklik, düşünişmezlik, ynamdan gaçmak we başgalar. Gomoseksual jübütleriň garaýyşlary juda dürli we çenden aşa biri-birine meňzeş däl.

Toparlaýyn nika, ýaşaýyş jemgyýetler, kollektiwleýin maşgala. Maşgalanyň sosial funksiýalaryny tankytlap – işçi güýjüni täzeden öndürmek we jemgyýetiň bütewiligini saklamak, onuň üsti bilen agalyk etmekligiň aragatnaşyklaryny berkitmek üçin 1970-nji ýyllarda nikaly maşgala aragatnaşyklaryna garşy çykanlar toparlaýyn nikany wasp edip ony öňe sürdüler. Ilkibada toparlayyn nikanyň manysyny radikal we syýasy häsiýetli pikirler, neşebazlyk toparlaýyn jyns aragatnaşyklary bilen we terrorizm bilen baglanyşdyrýar. W. Satir olaryň adyna “Kollektiwleýin maşgala” diýip at goýýar.

Birnäçe jübütlerden düzülen ýaşaýyş jemgyýetlerden birnäçe adamlardan, biri-birleri bilen jübüt gatnaşyklary saklamaýan jemgyýetleri we garyşma ýaşaýyş görnüşlerini görýäris. Öňlerinde durýan meseleler býunça olaryň arasynda uniwersitet şäherjiklerinde talyplaryň kommunalaryny, makrobiotiki usullary arkaly ösümlikleri öndürýän oba hojalyk toparlaryny dini we sagaldyş, bile ýaşaşýan ýaşulylaryň, çäkli hereket edip bilýän adamlaryň, önümçiligi we ýaşaýşy, onsoňam çagalar bilen bile ýaşaýan ata-eneleriň pedagogiki toparlaryny biz görýäris.

Talyplaryň ýaşaýyş jemgyýeti maliýe tarapdan gowy mümkinçiliklere eýe bolup, jaý meselesini çalt we oňat çözmegine ýardam edip bilýärler, talyplara ykdysady ýagdaýlary gowşagam bolsa jyns we söýgi aragatnaşyklaryny dowam edip saklar ýaly mümkinçilik döredýärler.

**Är-aýal sazlaşygyna rejeli-terbiýeçilik we gymmatlylyk çemeleşmeler.**

Är-aýalyň kemalyýyet medeniýetini ýokarlandyrmagyň möhüm serişdesi maşgala kemalyýyeti bolup, ol kemalyýyet ylmynyň möhüm pudagydyr. Ol ata-enelere özleriniň terbiýe işleriniň netijelerini aňly göz öňune getirmäge, maşgala terbiýesiniň maksatnamasyny, onuň usullaryny we guralyş tärlerini işläp düzmäge, çylşyrymly ýagdaýlarda dogry kemalyýyetiň karara gelmegine ýardam edýär.

Birek-birege söýgi we hormat. Şeýle gurşawda bolmadyk adam öz ýakynlaryny, watandaşlaryny, Watany söýüp, adamlara ýagşylyk edip bilmeýär. Şol bir wagtyň özünde köre-körlük bilen berilýän ene söýgisi, çagany çybykdan erbet saýgylaýar we adamy ahlaksyz doýar-dolmazlyga ýa-da diňe özüni bilýän wezipeparazçylyga itekleýär.

Çaga pikirlenmäni, dogruçyllygy, söz bilen işiniň birligini öwredýän ýokary_ahlakly terbiýeçiniň bolmagy. Şeýle terbiýeçi çaganyň enesi bolsa has gowy, ýöne ol adaty terbiýeçi hem bolup biler. Onuň garamagynda 6-7 çaga bolýar. Bu möçber terbiýeçiniň çagalaryň her biri bilen duýgy–emosional gatnaşykda bolmagy üçin zerur we ýeterlikdir.

Mazmunynda has äşgär ýüze çykýar: adam barlyga akyl ýetirmekde zatdan pikir, aňyýete geçýärmi ýa-da tersine-ilki aňdaky belli bir mazmunyň esasynda onuň maddy mazmunyny tapýarmy? Bu sowala ol ýa-da beýleki häsiyetdäki jogap degişlilikde iki dünýägaraýşyň birini düzýär. Meselem, Platonyň pikiriçe paýhas, jan, ruh, adamyň bedeniniň baş, döş, garyn ýaly böleklerinde pähim, gaýduwsyzlyk, meýil

görnüşinde hereketlenip, ölenden soňra ony terk edip «aňyýet dünýäsine» goşulýar.

Aristotel paýhasy bedeniň hyzmaty hasaplap, jandara özüni amalyýetde amala aşyrmaga mümkinçilik berýän hereketlendiriji hökmünde belleýär.

Ylym ulgamynda “paýhas”- “psihika” we ony öwrenyän ‘‘payhasnama’’ – ‘‘psihologiya’’ adalgasy XVIII asyrda ýüze çykyp, paýhasy hadysalar ilkinji gezek täzeden öwrenmeklige synanyşyk edilýär. Adamyň bedeniniñ duýgy organlardan gowuşýan maglumata nähili jogap berýändigi ýaly sowal ylmy esasda anyklanyp başlanýar.

Obýektiw paýhasnamany döretmeklige ilkinji ädimler Fehner, Weber ýaly alymlar tarapyndan goýlup, olar daşky täsiriň (stimul) güýji bilen onuň döredýän duýmasynyň arasyndaky mukdar baglanyşygy häsiýetlendirýän kanuny esaslandyrýarlar (1860).

Özbaşdak ylym häsiýetde paýhasnama diňe XIX asyrda ýüze çykyp, ony esaslandyryjylaryň biri W.Wundtdyr.Ol ylmy esasda aňyň mazmunyny we gurluşyny öwrenmeklige başlap, oňa gurluş nukdaýdan çemeleşmegiň başlangyjyny goýýar.

Paýhasnamanyň ylmyň pudagyna öwrülmekde geçen ýoluny şertli üç döwre bölmek mümkin.

Birinji döwür – paýhasy bilim-düşünjeleriň özakymlaýyn döremegi we ösmegi. Gadymy adamlar gündelik iş-durmuşynda biri-biri bilen öz ukyp-başarnyklaryna, edim-gylymlaryna laýyklykda gatnaşykda bolupdyrlar. Bu babatda paýhasy hadysa paýhasnama ylmy düşünjesinden has gadymydyr. Bu döwrüň paýhasy gazanmalary biziň döwrümize nakyllar, pähimler, aýtgylar görnüşinde gelip ýetipdir. «Öwrenilen gylyk örkleseň-de galmaz» - adamyň tejribede gazanan gylyk häsiýetiniň edil onuň dogabitdi sypatlary ýaly durnuklylygyny nygtaýan paýhaslylyk pähimidir.

Ikinji döwür - paýhasy düşünjeleriň çeper edebiýatyň mazmunynda döreýşi. Biziň eýýämymyzdan 800 ýyl öň grek şahyry Gomer özüniň «Iliada», «Odisseý» eserlerinde hudaýlaryň adamlaryň durmuşyna gatyşyp, olary söýmeklige mejbur edip, gahar ýa-da öç almak ýaly duýgularyny dolandyryandygyny yazypdyr.

XX asyrda payhasnamanyň iň bir ýoň bolan ugry - psihoanalizi dörediji Z. Freýd özüniň esasy düşündiriş usulyýeti hökmünde gadymy grek ýazyjysy Sofoklyň «Edip şa» eserine ýüzlenýär.

Üçünji döwür - paýhasnamanyň özbaşdak we tejribe ylym görnüşinde ýüze çykmagy. XIX asyryň ahyrynda Leýpsigde W.Wundt tarapyndan esaslandyrylan paýhasnama tejribehanasy bu ylmyň täze derňew ugrunyň başlangyjyny goýdy.

Aladasynyň, paýhasy dartgynlygynyň artmagy netijesinde terbiýe şertleri çylşyrymlaşýar. Ýöne şol bir wagtyň özünde maşgalanyň içinde umyt dörediji ýagdaýlar hem ýüze çykýar: çagalar başyna eklenjiň ähli labyry inen enäni (atany) duýgydaşlyk bilen gurşap, oňa kömek bermäge, özleriniň höwes-talaplaryny çäklendirip, oňa has golaý durýarlar. Bu ýagdaý maşgalada amatly ahlak gurşawy döredip, kynçylyklary ýeňip geçmäge mümkinçilik berýär.

Häzirki döwürde maşgalanyň dürli görnüşlerine ýagdaýa bap çemeleşmek, ondaky çagalaryň durmuş kynçylyklaryny üns merkezinde tutmak meselesi öz wajyplygynda galýar. Bu babatda hut şeýle kynçylyklary üstünlikli ýeňip geçen maşgalalaryň tejribesi möhüm ugrukma bolup biler.

Maşgala we maşgala terbiýesinde başga-da köp sanly çylşyrymly meseleler bardyr. Ata-eneleriň arakhorlygy, neşekeşligi bilen baglanyşykly ýagdaýlar has pajygalydyr. Gynansakda çagasy dünýä inen badyna ondan ýüz öwürýän eneler, ata-ene hukugyndan mahrum edilen çagaly

tüwmeaýaklar entek aramyzda bar. Käbir maşgalalarda ýeňil, halal däl gazanç bilen baýlyk toplamak, öndürijilikli zähmetden gaça durmak, maddy gymmatlyklary çagalara päk terbiýe bermekden ileri tutmak ýaly nogsanlyklar ýiti meselä öwrülýär

Özbaşdaklyga we jogapkärçilige öwrenişýär, onda "atalar" bilen çagalaryň arasynda dartgynlyk, näsazlyk az bolýar. Ýöne şeýle maşgalada ululary we çagalary birleşdirýän maşgala däpleri çalt ýitýär, uly nesillerde öz agtyklary bilen aragatnaşykda bolmak mümkinçiligi aradan aýrylýar, olara terbiýeçilik aladasy peselýär. Çylşyrymly maşgalanyň-da oňyn we oňyn däl taraplary bardyr. Bir tarapdan özünde birnäçe nesli jemleýän uly agzybir maşgala özüniň agzalaryna giňişleýin aragatnaşykda we täsirde bolmak mümkinçiligini açýar, güzeran ýeňilleşýär: ulular çagalary terbiýelemekde kömek berýär, olara gözegçilik edýär. Başga bir tarapdan terbiýe meselesinde dürli nesliň, wekilleriniň pikirlerinde gabatlaşmazlyk döräp, maşgalada çaknyşyklaryň döremegine getirýär. Netije-de çagalar pajygaly ýagdaýa düşýär.

Maşgalanyň özboluşly görnüşi doly däl maşgala bolup, onuň sebäpleri köp dürlüdir. Esasy sebäpleriň hatarynda är-aýalyň aýrylyşmagy bolup, bu hadysa çagalara uly urgy bolýar. Ýöne doly däl maşgalalary öňünden erbet diýip hasaplamak bolmaz. Ondaky çagalara gelejegi garaňky çagalar diýmek hem nädogrydyr. Kähalatlarda maşgala terbiýe jähetde hut är-aýalyň aýrylyşmagy netijesinde özüniň betbagtlygyndan halas bolýar. Maşgaladan çagalara üznüksiz ters görelde bolýan arakhor, neşekeş, paýhasy bozulan ata garasyny saýlap, onuň agzalary asuda durmuşda ýaşaýar.

**Är-aýal psihologik terapiýasynyñ häzirki zaman taglymaty.**

Maşgala gatnaşyklaryñ bozulmasynyñ diagnostikasy üçin "Rorşahyñ
testi" – iki bölumden ybarat: ýekebaralykda we bilelikdäki testirleme. Eksperimentator toparyñ agzalaryna bir meseläniñ

üstünde işläp, umumy netijä gelmelidigi barada gönükdirme berýär.

Ylalaşan jogaplary her bir gatnaşyjy aýratyn bellik edýär. werbal aragatnaşygyñ nusgasy – pikirler seljermäniñ esasy materialy bolýar; jogaplar – düşüñdiriş işlenilmeýär.

Özüniñ walidliginiñ ýokarydygyny şizofrenikleriñ maşgala gatnaşyklarynyñ bozulmasynda subut edýär. L. Wiun bilen M. Siuger STP hadysasyny maşdala gatnaşyklaryñ tejribesinde anyklamagy üçin ulanýarlar. Olary gatnaşyklaryñ 2 jähti gyzyklandyryar.

1. STP-de ata-eneleriñ birek-birek bilen aragatnaşygy nähili derejede çäklendirýändikleri ýa-da ýeñilleşdirýändikleri;
2. Biriniñ üstünliginde olaryñ nähili özara täsirde bolýandyklary.

Netijede STP-de ata-eneler biri-birini kemsitmäge ýykgyn edýändikleri subut edildi. Keselli ata-eneleriñ çagalary bilen aragatnaşygyndaky täsiri derñelende, ilki ata-enäniñ her biriniñ nätanyş adam bilen, soñra ata-enäniñ birek-biregi bilen gatnaşygy we olaryñ çagalar bilen gatnaşygy derñelýär.

Eger-de STP-de ata-eneleriñ biri pikirini aýtmakda ýalñyşýan bolsa, çagasy bilen gepleşende hem çylşyrymly, aýdyñ däl düşündirişe ýykgyndyr. Käbir maşgalalarda kakasy ejesiniñ oňuşylykly täsiriniñ öñüni alman, gaýta ony güýçlendirýän bolsa, emosional goltgy berlende ol işjeñ täsir etmäge garşydaşynyñ täsirine üstünlikli korregirlemäge ukyply. Ata-enäniñ bu ukyby maşgala gatnaşyklarynda aýdyñlaşdyrylmasa, çaganyñ seljermesi üçin elýeter bolmaýar.

“Maşgala suraty” usuly. Çaganyñ şahsyýetini öwrenmek üçin “Surat” testiniñ usuly daşary ýurtlarda giñden ýaýrandyr. W.Wulfyñ işinde “öz maşgalañyzyñ suratyny çek” ýumuşy tabşyrylanda:

a. maşgala agzalarynyñ yzygiderligi, giñişlikde ýerleşdirilişi, käbirleriniñ ýoklugy;

b. formalaryñ we proporsiýalaryñ aratapawudy seljerilýär.
Fransuz psihologik mekdebinde maşgalany däl-de, “öz hususy maşgalañy” göz öñüne getirişi boýunça çekmekligi tabşyrýarlar. Eger-de ol hakykatda bar bolan maşgalasynda kiçi maşgalany şekillendirse, maşgala ýagdaýyndan kanagatlanmaýandygyny añladýar.

Suratda adamyñ “güýçlidigi - gowşakdygy” suratyñ boýy, ini we meýdany bilen kesgitlenýär. Adamyñ “halanylýanlygy - halanylmaýanlygy” ondaky bedeniñ detallary, reñki bilen kesgitlenilýär. Şeýleleikde çaganyñ maşgala agzalaryna bolan emosional gatnaşygyny ýüze çykarmak mümkindir.

Bu toparyñ adaty usuly Ýa.Morenonyñ teklip eden sosiometriýa
testidir. Onuñ manysy – dürli derejeler boýunça (meselem, iş, dynç alyş we ş.m.) topar agzalarynyñ subýektiw özara sulh alyşlar. Topar agzasynyñ alan subýektiw saýlawlaryñ esasynda indiwidiñ ýekebaralyk sosiometriki statusy bellenilýär (lider, ýazgarylan, gyrakladylan), şahsyýetara gatnaşyklaryñ gurluşy, toparyñ jebisligi bellenilýär we ş. m. Bu usulyýet rus edebiýatynda örän gowy berilýär. (Olşanskiý W.B.1981., Wolkow I.P. 1970). Sosiometriýa testiñ birgiden modifikasiýasy bar. Gurluşy boýunça üýtgeşik autososiometriki usulyýet bar, munda s.g.a. özi adamlaryñ arasyndaky we özüne bolan gatnaşyklary “ölçeýärler”.(Danilin K.E.1981).

Çagalar üçin autososiometriýanyñ dürli wariantlary bardyr. (Kolominskiý
Ýa.L. 1984). Autososiogrammada s.g.a-lara kagyz berilýär, onda 4 sany konsentriki tegelekler şekillendirilen. S.g.a. öz dostlarynyñ suratlaryny şeýle gurluş boýunça ýerleşdirmeli:

- merkezi tegelekde – öz boýdaşlarynyñ arasynda has meşhur bolýanyñ suratyny,

- ikinji tegelekde – kömleriñ ünsüni özüne çekýäniñ suratyny we ş.m.

Topar agzalarynyñ autososiogrammalarynyñ maglumatlarynyñ esasynda hersiniñ sosial statusyny ýüze çykaryp bolýar. Bu ýerde s.g.a. topardaky diñe öz dostlaryna bolan gatnaşygy görkezmän, eýsem onuñ her agzasyna bolan gatnaşygyny görkezýär. Şeýlede autososiogrammalaryñ modifikasiýasy ýörite kiçi mekdep we mekdebe çenli ýaşly çagalar üçin döredilendir.

Ýa. L. Kolominskiý öz boýdaşlaryñ arasynda geçýän duýgudaşlyklary we gaýgylary öwrenmek üçin autososiomatrisalary hödürleýär. S.g.a. özi üçin 3 sany saýlaw etmegi soralýar (olary ýokarky hataryñ öýjüklerinde bellemeli), soñra her topar agzasyna derek 3 sany saýlaw (olary aşaky setiriñ öýjüklerinde bellemeli).

Bu usullara şeýle-de bitewi toparyñ gönümel bahalandyrylyşy degişlidir. Bular ýaly bahalandyryş şeýle soraglaryñ esasynda gurnalýar: "Siz nä derejede şu topary halaýarsyñyz?, Topar agzalarynyñ hersine Siz nä derejede ýakyn? " ýa-da s.g.a. özüne degişlilikde: "Siz şu toparyñ agzasy bolup galasyñyz gelýärmi? ". Ýöne bu usulyýetde şeýle gönümel sorag arkaly s.g.a. hakyky, çynlakaý jogap bermegi çylşyrymly bolýar.

Şahsyýetara gatnaşyklary anyklamakdaky kemçilikler esasan usulyýetleri dürli meselelerde dürli çemeleşmesindedir, şeýle-de umumy psihologiýada introspeksiýa usuly ýaly ýene-de adamyñ beýnisinde emosional gatnaşyklaryñ şöhlelenýänligi dogrusynda mesele ýüze çykýar.

**Är-aýal terapiýasyna çemeleşmeleriñ milli özboluşlylygy.**

Sosial paýhasnama maşgala turuw başdan uly üns bermek bilen kiçi sosial toparyñ tebigy görnüşiniñ mysaly hasaplaýar. Şeýle toparyñ ähli aýratynlyklary maşgalada belli bir özboluşlylyga eýe bolsa-da, kiçi toparlaryñ hereket ediş we

ösüş kanunlaryny bilmek, jemgyýetiñ bu kiçi öýjügindäki özara gatnaşyklaryñ maksadalaýyk görnüşleriniñ ösüşine belli bir goşant goşup biler. Bu ugurda sosial paýhasnamanyñ çözüp biljek we kähalatlarda eýýäm meseleleriniñ birnäçesini ýüze çykarmak mümkin.

Şeýle meseleleriñ birinji bölegi ýaşlary maşgala gurmaklyga taýýarlamak bilen baglanyşyklydyr. Soñky ýyllarda bu ugurda mekdebiñ ýerine ýetirmeli wezipeleri dogrusyndaky meseleler ýygy-ýygydan goýulsa-da, ýöne köplenç gürrüñ diñe jyns terbiýesine syrykdyrylýar. Bu meseläniñ möhümligi şübhesizdir. Ýöne nika we maşgala gurmaklyga bolan taýýarlyk psihologik taýýarlygyñ meselerini-de öz içine alýar. Bu ýaşlaryñ maşgala gatnaşyklary şol sanda olaryñ paýhasy mazmuny dogrusyndaky maglumatlary tötänleýin, adaty durmuşyñ pikir ýöretmelerinden almaly däl-de, olary ylmy esasda guralan çeşmelerden almalydygyny añladýar. Meselem, maşgala orunlary, bu orunlaryñ mazmunyndaky täze jemgyýetde bolup geçýän üýtgeşmeler, olaryñ bu täze mazmuna "uýgunlaşmagy" ýaly sowallar şol bir wagtyñ özünde sosial paýhasnamanyñ dersine degişli soraglardyr. Maşgalanyñ çaganyñ sosiallaşma institutу hökmündäki aýratynlyklary dogrusyndaky ýönekeýje maglumatlar diñe bir ýaş çatynjalara däl-de, nika taýýarlanýan adamlara hem peýdalydyr. Başgaça aýdanyñda sosial paýhasnamanyñ bu ugurda ornaşdyrylyşynyñ birinji görnüşi magaryfçylyk, bilim beriş, ýaşlary maşgala durmuşyna taýýarlanýan düşündiriji hyzmaty bolup durýar. Şeýle ornaşdyrylyşyñ ikinji bir görnüşi "tanyşmaklyk gullugyny" üpjün etmekdir. Köp sanly ylmy çykyşlarda, döwlet, jemgyýetçilik guramalary tarapyndan guralýan ara alyp maslahatlaşmalarda häzirki zaman durmuşynyñ belli bir şertlerde adamlaryñ belli bir bölegi üçin ýan ýoldaşy tapmaklyga kynçylyk döreýär. Bu kynçylyklar ýaşlaryñ esasy köpçüliginiñ okuw, zähmet işi bilen gümra bolýanlygy esasynda

döräp, olaryñ aragatnaşyk ulgamynyñ örän çäkli bolýanlygynda ýüze çykýar: diñe erkegiñ ýa-da diñe aýalyñ zähmeti agdyklyk edýän önümçilikde tebigy aragatnaşyk gurşaw garşylykly jyns bilen özara gatnaşygy kynlaşdyrýar. Iş we boş wagtyñ önümçilik düzgüni boýunça guralmagy ýekebara, maşgalasyz /öýlenmedik/ we ş.m. adamlaryñ belli bir ýaşdaky adamlar bilen aragatnaşykda bolmagyny kynlaşdyrýar. Bu ýagdaýda "kömek" sosial paýhasnama tarapyndan däl-de, dürli döwlet we jemgyýetçilik çäreleriniñ /meselem, klublary/ kärhanalaryñ dostlugynyñ dürli görnüşlerini döretmek, kollektiwiñ agzalarynyñ agşamlara özara çakylyklaryny, bilelikdäki sport ýaryşlaryny guramak we ş.m./ ulgamynyñ üsti bilen berilýär.

Ýöne meseläniñ ýene-de bir tarapy bardyr: ýaş adamlarda dürli sebäplere görä beýleki jynsyñ wekili bilen özara gatnaşygy guramaklyga päsgel berýän belli bir paýhasy päsgelçilikleriñ ýüze çykarmagy. Bu ýerde paýhasçynyñ kömegi her bir jähtden zerurdyr. Sosial paýhasnama degişlilikde aýdylanda bolsa ol bu kynçylyklaryñ haýsy biri dörän ýagdaýynda hem "tanyşmaklyk gullugyny" guramaklygy öz üstüne alyp biler. Bu ugurda döreýän biynjalyklyk adamyñ durmuşynyñ şeýle inçe tarapynyñ guralyşy göçgün kelle, geldi-geçdi, hususy gazanç başlangyjynda "işleýän" howatyrlygy bilen baglanyşyklydyr. Şonuñ üçin her bir "duşuşyklar kluby" her bir maslahat hökmany ýagdaýda aragatnaşyk alyp barmaklyga ýörite öwredilişe, okadylyşa daýanmalydyr. "Elektron sawçynyñ" hyzmatyndan peýdalanylýan ýagdaýynda hem ol meseläni doly çözüp bilmeýär: gelejekki çatynjalaryñ öz durmuş ýoldaşyny saýlamaklygy olaryñ özara gatnaşyklarynyñ paýhasy guralyşyndan aýrybaşga bolup bilmez. Häzirki döwre çenli geçirilen birnäçe tejribeler "tanyşmaklykdaky" üstünligiñ şeýle gullugy guraýanlaryñ sosial paýhasy sowatlylygynyñ derejesine baglydygyny görkezdi. Maşgala gullugy ulgamyndaky ikinji bölegi eýýäm gurlan, ýaşap ýören

maşgalalara degişlidir. Bu ýerde esasy mesele maşgalanyñ durnuklylygyny ýokarlandyrmaga ýardam edýän maşgala gatnaşyklaryny kadalaşdyrmakdyr. Soñky ýyllarda jemgyýeti aladalandyrýan esasy meseleleriñ biri nika bozmaklygyñ artmagydyr. Munuñ ýörite demografiki edebiýatda seljerilen möhüm sebäpleriniñ biri är-aýalyñ öz gündelik özara gatnaşyklaryny gurap bilmezligidir. Bu amaly sosial paýhasy derñewleriñ möhüm görnüşleriniñ biriniñ maşgala dartgynlyklarynyñ görnüşini we gurluşyny, olary çözmekligiñ usullarynyñ bolmadygyny añladýar.

Şol bir wagtyñ özünde bularyñ ählisi diñe bir derñew “mowzugy” bolmaly däldir: amaly sosial paýhasçy maşgalada kadaly aragatnaşyk saklamagy okatmalydyr. Şeýle okadylyşyñ serişdesi sosial paýhasy türgenleşikdir. Ýöne islendik türgünleşik kursy wagtlaýyn diñe bir kynçylykly däl, eýsem uzak wagtlaýyn işdir. Maşgala agzalary üçin ol haýsy-da bolsa bir ýerde guralmalydyr. Meseläniñ ýeke-täk çözlüşi ýörite maşgala maslahatlaryny guramak bolup, ol ýerde iş eýýäm geçirilýär.

Oña sosial paýhasçynyñ ştat işgär hökmünde goşulmagy öz-özünden düşnüklidir.

## X. Maşgalada psihologiki maslahatyñ usullary we görnüşleri.

Daşky hormat diňe adamyň özüne bagly bolup, başga adamlary sylamak. Bu hormat haçan-da gerekli adamlar ýakynlaryňda ýok bolanda ony adalatsyz, hakykatçylsyz hereketlerinden goraýar.

Içki hormat haçan-da adam daşky töweregi üçin tapawutsyz ýa-da olarda simpatiýa döretmeýän ýagdaýda-da adamy taşlamaýar.

Hormat nämä gerek? Elbetde öz özüňi goramak üçin. Diňe daşky hormat adamy jemgyýetde mynasyp orny almaga kömek edýär we ýaşamagyň üçin gerekli maglumatlar bilen

ekleýär. Içki hormat şahsyýetiň „ýaşamagy“ onuň içki gözelligine niýetlenen. Munuň ýaly „miras“ genetika tarapyndan däl-de, dostlaryňdan, ýakynlaryňdan tötänden duşanlaryňda berilýär.

Hormatsyzlyk uly günä, öz maşgalasynda masgaraçylyk hasaplanypdyr.

Günäkärlenýänden ata-enesi geçmäge öz maşgalasyndan aýryp, ony jemgyýetde näletläp ýa-da kowmaga hakly bolupdyrlar. Munuň ýaly adamdan öz ýakynlary we ýakynlary bolmadyklar gara ýokmaz ýaly gaça durupdyrlar.

Bagyşlamanyň we bagyşlamany kabul etmegiň nusgasy, bagyşlama hadysasy. Bagyşlama hadysasy we degişli ýeke-täk ýazgyny P.Enraýt geçirýär. Onuň çaklamasyna görä bagyşlamanyň erbet bolmadyk döwürleri bolup, hemmeler haýsy-da bolsa biri hemmäniň ählisini geçmek hökman däl.

Bagyşlama hadysasynyň döwürleri. Açyk faza.

1. Aňlanylan psihiki goranyş öýkäniň orun eýeleýänligini boýun almak fakty;
2. Eger ol hökmanylyga jogap berse utanjy boýun almagydyr;
3. Alada edilen gaty görmä emosional güýjüň sarp edilendigini boýun almak;
4. Gaty görmäniň kognitiwliginiň taýýarlygynda öz ornuny boýun almak (mydama pikiri ol hakda).
5. Gaty gören adamyň özüni öýkeleden bilen deňeşdirmegine düşünmek.
6. Dünýäniň adalatlydygyna hakyky göz bilen garamaýanlygyna düşünmek.

Çözgüde gelmek fazasy.

1. Kabul edişi üýtgetmek we öňki strategiýany öýkeden aýryp, işlemeýänligine täze düşüniş.
2. Bagyşlamany bolýan saýlaw hökmünde goranmaga taýýynlanmak.

3. Öýkeledeni bagyşlamaga taýýarlyk.

Hereketlenmegiň fazasy.

1. Öýkeläne we ähli ýagdaýa öz gözüň bilen seretmek.
2. Öýkelän bilen gatnaşykda bolmak .
3. Öýkeläne öz hususy gynanmaňy boýun almak.

Çözgüdiň fazasy.

1. Bagyşlamada özüň we başgalar üçin şahsyýetara pikirleriň bolmagy.
2. Bagyşlamada başganyň tarapyndan öz talap etmeleriňe düşünmek.
3. Şol adamyň beýlekilerden aýra durmaýanlygyna düşünmek. Köpler şuňa meňzeş ýagdaýlary başdan geçirýärler.
4. Aladalanan öýkäni durmuş bilen çalşyryp boljakdygyna düşünmeli.

Bu hadysa seredilme şeýle hasaplanýar. Indiwid birinji fazada açyklamagyny hökman ýüze çykarmaly, öz öňünde adalatly bolmagy.

Esasy mesele – özüniň öýkeländigini we öýkäniň ahyrynyň bardygyny boýun almaly. Gaty gören adam özüni öýkäniň agyrysyndan goramak üçin psihiki goragy ulanandygyny boýun almaly.

Ýöne agyry köplenç çäkden çykýar, ol gahar gazabyň ýüze çykmasyna getirip biler. Edil şonuň ýaly-da boýun almada-da bolup geçýär, hemme emosional we kognitiw energiýa alada edilen trawma ýagdaýda sarp edilýär.

Aladalanma – bu käbir durmuşy „partlamalaryna“ niýetlemek pikirli aňlanylmadan durýar. Meselem: aýalynyň gidip, täze maşgala gurup, bagtly ýaşap ýörenini öňki adamsy gynanyp göz öňüne getirýär. Munuň ýaly erkekler işini dikeltmäge gidip, ol aladalanyp öýke saklaýarlar.

Bagyşlamany kabul etmek hadysasy. Bagyşlama fenomeni we öýkäň özi şahsyýetara gatnaşyklarynda ýüze

çykýar. Bu hadysada iki adamyň (iň pesi) öýkeläniň we ejir çekeniň gatnaşyklarynda bolýar. Bu konfliktli ýagdaý bolup, onda konfliktler biri-birine özara baglanşykly adamlar bolup durýar.

Bagyşlamany kabul etmegiň hadysasynyň döwürleri.
Ýagdaýy boýun almak fazasy.

1. Formalnyý hünär etmeklik, ýöne içki tarapdan öz hereketleriňi boýun almaly.
2. Günäkärlik duýgusynyň döremegi (güýç bilen bozulan adalatlylyk).
3. Utanç – başgalaryň maslahatlaşýandyklaryny we gyrakladylandygyny duýmak.
4. Kognitiw boýun almak.
5. Özüň bilen öýkeläni deňeşdirmeli we ýene-de öýkeden öňki we soňky aragatnaşyklary deňeşdirmeli.
6. Öýkeläniň alada edenine düşünmeli.
7. Öz kabul edişiň erbet tarapa çalşyrylandygyny boýun almaly.

**Dürli köpçülikleýin ýüz tutýanlar bilen işlemekligiň maslahaty we psihologik sazlaşygyň aýratynlyklary.**

Maşgala gatnaşyklaryny öwrenijiler: “Maşgala ösüşi, kynçylyksyz geçmeýär” diýen netijä geldiler. Ýöne, olaryň hemmesi maşgalanyň bozulmagyna getirýärler. Nikanyň bozulmagyna getirýän negatiw faktorlara şulary degişli edýärler:

1. Çendenaşa agram salmalar we fiziki ýadawlyk – bu esasy howply sebäpleriň biri hasaplanýar. Hemme zady birden ýerine ýetirmek agyr: Institutda okamak, hepdäniň baryny işlemek, çaga saklamak.
2. Pul serişdelerini bisarpa tutmak.
3. (Egoistik) Öz diýenlilik. Dünýäde iki hili adamlar ýaşaýar: diňe alýanlar we berýänler. Iki sany berýän adamyň guran nikasy bagtly. Berýän we alýanyň arasyndaky nikada köplenç

düşünişmezlikler bolýar. Emma iki sany alýan adamyň nikasy bir ýarym aýdan geçmeýär.
4. Är-aýalyň gatnaşygyna ata-enäniň goşulmagy.
5. Hakykata laýyk gelmeýän garaşmalar. Käbir adamlar nikadan has köp zada garaşýar.
6. Alkogolly içgiler we narkotiki jisimler diňe bir nikany däl-de, adamyň özüni hem öldürýär.
7. Humarly (azart) – oýunlar.

Käwagt är-aýal nikany köp sanly çagalaryň hasabyna saklamak isleýärler. Ýöne çagalar ýykylan gatnaşyklary täzeden dikeldip bilmeýärler.

Hiwen Dak emosional gatnaşyklaryň pese düşmeginiň 4 fazasyny görkezýär:

I. Intra – psihiki (içki). Är-aýalyň biriniň ýa-da ikisiniň hem içki duýgularynyň kanagatlanmazlygy.
-Şu ýagdaý bilen ylalaşyp, öz näsazlygyny ýüze çykarmazlyk.
- Öz ýoldaşyna öz näsazlygyny bildirmäge çalyşmak.

II. Inter psihiki (är-aýalyň arasynda) – ýoldaşlar öz gatnaşyklaryny çözýärler, iň soňky netijäniň iki usulda bolmagy mümkin:
- gatnaşyklaryň täzeden bozulmagy.
- gatnaşyklaryň bozulmagy.

III. Sosial faza (taraplaýyn faza) – maşgalanyň bozulmak prosesine başga adamlaryň goşulmagy (garyndaşlykly, dostlar).

IV. Timarlama fazasy (faza otdelki) – iki tarap hem öz duýgulary we başdan geçirmeleri bilen galýar. Bu fazanyň netijesi iki hili bolmagy mümkin:
- Ýagdaý bilen ylalaşmak;
- Bolup geçenleri şowsuzlyk hökmünde kabul etmek. Bu waka nerw bozulmalara getirip biler.

Dasary ýurt psihologiýasynda şeýle-de Dž.A.Ziniň emosional gatnaşyklaryň pese düşmegi konsepsiýasy giňden ýaýrandyr. Ol 5 faza:

1. Kanagatlanmazlyga düşünmek;
2. Kanagatlanmazlygyny bildirmek;
3.Gepleşikler;
4. Netijä gelmek;
5. Gatnaşyklaryň transformasiýasy.

Dž.A.Zin är-aýalyň şu 5 fazany bir wagtda geçip bilýänligini tassyklaýar.

Aýrylyşmak – bu gatnaşyklaryň ölmegi. Bu ýagdaý elmydama agyr duýgulary ýuze çykarýar.

P.Koçunos öz kitabynda aýrylyşmagy suratlandyrmak bilen Kýubler Bossyň usulyny ulanýar.

1. Inkär etmek döwri. Ilkibaşda bolup geçen wakanyň inkär edilmegi.
2. Gahar – gazaplyk döwri.
3. Gepleşikler döwri.
4. Depresiýa döwri. Bu ýagdaý inkär etme, gepleşikler döwri hiç hili netije bermän döreýär. Adam özüni şowsuz duýýar.
5. Adaptasiýa döwri. Durmuşyň üýtgän şertlerine uýgunlaşmak – bu döwrüň esasy maksadydyr. Şunuň ýaly ýagdaýlarda, doly däl maşgaladaky çagalara täze durmuşa uýgunlaşmaga goldaw gerek.

Nika bozulmadan soňky ýagdaý. Nika bozulmanyň sosial-psihologik netijesine şular degişli:

1. Çaga dogulmasynyň azalmagy.
2. Maşgaladaky terbiýe şertleriniň erbetleşmegi.
3. Zähmet öndürijiligiň pese gaçmagy.
4. Saglyk görkezijileriniň erbetleşmegi, kesellemegiň we ölümiň köpelmegi.
5. Arakhorlugyň kesellemä howpy.
6. (Nika bozmak) Psihiki keselleriň köpeltmek howpy.

Nika bozmak akyl ýetirip bilýän we bilmeýän köp sanly meseleleri döredýär. Nika bozmadan soň 1 ýylyň dowamynda nika bozanlaryň kesellemek howpy 30% artýar.

## E D E B I Ý A T:


1. Gurbanguly Berdimuhamedow. "Türkmenistanda saglygy goraýyşy ösdürmegiň ylmy esaslary". A., 2007.
2. Gurbanguly Berdimuhamedow. Gysgaça terjimehal". A., "Ylym" neşirýaty. 2007.
3. Gurbanguly Berdimuhamedow. "Garaşsyzlyga guwanmak, Watany, halky söýmek bagtdyr". A., 2007.
4. Gurbanguly Berdimuhamedow. Türkmenistan - sagdynlygyň we ruhybelentligiň ýurdy. A., 2007.
5. B. Basarow Paýhasnama we kemalyýet. Okuw gollanmasy, Aşgabat 2004.
6. J.B.Şneýder. Psihologiýa semeýnyh otnoşeniý. M., 2000 Kronik A.A. Kronik Ýe.A. W glawnyh rolýah: wy, my, on, ty, ýa psiholo-giýa znaçymyh otnoşeniý. M. 1989.
7. Kowalew S.W. Psihologiýa sowremennoý semýi. M. 1988.
8. Krizowski A.I. Mujşina i jenşina: o vzaimootnoşenii naçala. M., 1996.
9. Nowoýe i tradisionnoýe w bytu turkmenskoýe selskoýe semýi. M., 1986.
10. Problemy sosiologiçeskogo izuçeniýa semýi . M.,1976.
11. Metodiçeskiýe programmy i metodiki issledowani braka semi. M.1986.
12. Metodiçeskiýe rekomendasii po sostawlenii i psihologo-pedagogiçeskoý harakter semiý. Minsk.,1985.
13. Semenow I. Proishojdenie baraka i semiýy. M., 1974.
14. Semýa, tradisii i sowremenosti. M., 1990.
15. Semýa, kak obýekt filosowskogo i sosiologiçeskogo isledowaniý.L. 1974.
16. Grebenşikow I.W. Osnowy semeýnoý jizni. M.1998.
17. Drujinin W.N. Psihologiýa semýi M.1996.

## MAZMUNY

Giriş------------------------------------------------------------ 7
Maşgalanyň esasy filosofiki meseleleri------------------------8
Maşgalanyň we nikanyň sosial-durmuş mazmuny------------11
Garaşsyzlyk eỳỳamynda türkmen maşgalasynyň psihologik aỳratynlyklary------------------------------------------------15
Maşgala gurmakda şahsyỳỳetleriň ahlak-psihologik taỳỳarlygy-------------------------------------------------------28
Maşgalanyň psihologik gurluşy we görnüşleri --------------31
Maşgalada aragatnaşyk meselesi ----------------------------41
Maşgalada är-aỳal gatnaşyklary we çagalary terbiỳelemek -------------------------------------------------49
Maşgala gatnaşyklarynda psihologik anyklaỳyş ----------67
Är-aỳal psihologik sazlaşygynyň häzirki zaman taglymaty ------------------------------------------70
Maşgalada psihologiki maslahatyň usullary we görnüşleri-------------------------------------------------93
Edebiỳar------------------------------------------------------99